# DÜNÝÄ TARYHY

## 9

Gaýtadan işlenen we doldurylan
4-nji neşir

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan umumy orta bilim berýän mekdepleriň 9-njy synpy üçin derslik hökmünde hödürlenen*

„O‘QITUVCHI“ NEŞIRÝAT-ÇAPHANA DÖREDIJILIK ÖÝI
DAŞKENT – 2019

**UO‘K: 94(100)(075.3)**
**KBK 63.3(0)ya72**
**J 26**

Taryhy edebiýatlary neşire taýýarlamak we çap etmek boýunça ekspert topary netijesine görä Respublikan tälim merkeziniň taryh ylymlary okuw-metodik geňeşi tarapyndan neşire hödürlenen.

*Awtorlar:*

**M. Lafasow, U. Joraýew,**
**E. Halikow, D. Kadirowa**

*Jogapkär redaktor:* taryh ylymlarynyň doktory, professor **E. Z. Nuriddinow.**

*Syn ýazanlar:* filosofiýa ylymlarynyň kandidaty **R. R. Nazarow;**
ýokary derejeli mugallym **B. Abdullaýew.**

## ŞERTLI BELGILER

Temanyň üstünde özbaşdak işlemek.

Ýatda saklaň.

Adalgalar mazmuny.

Çekişme üçin tema.

Soraglar we ýumuşlar.

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-22-400-1

© M. Lafasow we b.
© „O‘qituvchi“ NÇDÖ, 2019

# GIRIŞ

Eziz okuwçylar!

Siz garaşsyz Özbegistanyň perzentlerisiňiz. Dünýä taryhyny öwrenende döwletimiziň ýolbaşçysy Şawkat Mirziýoýewiň „... dünýäde, daş töweregimizde jemgyýetimizdäki durnukly ýagdaýy hatardan çykarmak, adamlaryň arasyna agzalalyk döretmek, duşmanlyk tohumyny sepmek, dürli dawalary getirip çykarmak we hatda gan dökülmegini isleýän güýçler hem, gynansak-da, ýok däl“, diýen sözlerini ýatda saklamalysyňyz we onuň kökleri XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlaryna baryp direlýändigini bilmelisiňiz.

Siz umumy orta bilim berýän mekdebiň 9-njy synpyna ädim goýduňyz. Siz 8-nji synpda „Dünýä taryhy“ boýunça XVI asyryň başlaryndan XIX asyryň ikinji ýarymyna çenli bolan döwri öwrendeňiz. Bu döwürde jemgyýetiň ösüşinde depgin güýçlendi. Önümçilik irileşdi. Syýasy demokratiýa resmileşip, ýokary gatlaklaryň hökümdarlyk şekilleri kämilleşdi. Siz dünýä taryhynyň iň gyzykly, şunuň bilen birlikde, çylşyrymly döwrüni öwrenýärsiňiz. Çünki bu döwürde dünýäde uly özgerişler bolup geçdi. Bu döwrüň esasy alamaty – önümçilikde monopolistik kapitalizm emele geldi. Dürli sindikatlar, karteller, konsernler emele geldi. Önümçilik merkezleşdi, daşary ýurda kapital çykarmak başlanýar. Ençeme döwletler 100 ýylda gazanyp bilmedik ösüşi gazandylar.

Bazar ykdysadyýetine mahsus bolan beýle özgerişleri häzirki wagtda biziň ýurdumyz öz başyndan geçirýär. Jemgyýet ösüşiniň taryhy tejribelerinden bu günki günde peýdalanmak, goýberilen ýalňyşlary gaýtalamazlyk ýurdumyzda beýik jemgyýet gurmagy we dünýä bileleşiginde mynasyp orun eýelemegimizi çaltlandyrýar. Şu sebäpli ösen ýurtlaryň taryhyny çuňňur öwrenip, onuň gowy taraplaryndan respublikamyzyň gülläp ösmegi üçin peýdalanmak her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.

Şu derslik taryhy täzeçe döwürlere bölmek esasynda taýýarlanan bolup, XIX asyryň 70-nji ýyllaryndan 1918-nji ýyla çenli bolan döwri öz içine alýar.

# I BÖLÜM | DÜNÝÄ XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA

## I BAP — DÜNÝÄNIŇ SOSIAL-YKDYSADY WE SYÝASY KEŞBI

### 1-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda kapitalizmiň ösüşinde bolup geçen düýpli özgerişler

**Önümçiligiň konsentrirlenmegi**

XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda kapitalizmiň ösüşinde täze basgançak – monopolistik kapitalizm diýlip atlandyrylýan basgançak emele geldi. Monopolistik kapitalizm – bu kapitalizmiň ykdysady durmuşynda monopoliýalar ösen, maliýe oligarhiýasy şekillenen, önümçilik konsentrirlenen we milletara korporasiýalar emele gelen, syýasy durmuşda bolsa olaryň jemgyýetçilik durmuşy üstünden agalygy ornaşdyrylan basgançagydyr.

Kapitalizmiň bu basgançagy erkin kapitalizm basgançagyndan aşakdaky esasy alamatlary bilen tapawutlanýar:

**1. Önümçilik ugrunda monopoliýalaryň emele gelenligi.**

Monopoliýa önümçiligiň ýa-da söwdanyň bir ugrunda ýeke-täk hökümdarlygy eýeläp alan uly kärhanalaryň ýa-da şeýle kärhanalaryň birleşmesidir. Monopoliýalar industrial döwletleriň ählisinde emele gelipdi.

Olar kartel, sindikat, trest we konsern şeklinde ýurduň hojalygynyň ol ýa-da bu ugrunda hökümdardylar. Meselem, Germaniýada dörän Reýn-Westfaliýa kömür sindikaty ýurtda gazyp alynýan we satylýan kömrüň esasy bölegini öz elinde toplapdyr.

XIX asyryň ahyrynda Germaniýada 250, ABŞ-da bolsa 185 monopoliýa iş alyp barypdyr.

**2. Maliýe oligarhiýasynyň emele gelenligi.**

Bu hadysa senagat bilen bank kapitalynyň goşulyşmagy netijesinde bolup geçipdir. Önümçiligiň merkezleşmegi we senagatyň monopoliýalaşmagy prosesi bankyň işinde kapitalyň merkezleşmegine getirdi. Güýçli bäsdeşlik sebäpli kiçi banklar tozup, iri banklaryň düzümine goşulyp gitdi. Netijede, örän uly maliýe taýdan güýje we öz ýurdunda uly syýasy täsire-de eýe bolan maliýe merkezleri –

bank-gigantlar (iri banklar) emele geldi. XX asyryň başlarynda şeýle banklar Fransiýada üç sany, ABŞ-da bolsa iki sanydy.

Bank kapitaly bilen senagat kapitalynyň birleşip gitmegi kapitalyň täze şeklini – maliýe kapitalyny emele getirdi. Polat, nebit, gaz we başga ugur „korollarynyň“ örän uly bank-senagat imperiýalary peýda boldy.

ABŞ-da ýurduň ykdysady durmuşyny gözegçilik edip duran 60 maşgalanyň şeýle imperiýalary bardy. XIX asyryň ahyrynda bu maşgalalardan „uly üçlük“ – Rokfeller (nebit), Morgan (maliýe), Karnegi (polat) tapawutlanýardy. XX asyryň başlarynda Karnegi özüniň köp millionlyk emlägini satandan soň amerikanlaryň nazarynda telekeçilikdäki şowlulygyň we baýlygyň kuwwaty iki adamda – Morganda we Rokfellerde jemlendi. Mysal üçin, Rokfelleriň nebit tresti ýurtdaky nebit önümleriniň ählisini diýen ýaly öndürýärdi, Morganyň polat tresti bolsa poladyň 66 göterimini berýärdi. Fransiýada bolsa maliýe taýdan kuwwatyň tymsaly fransuz bankynyň iri amanatçylary bolan „200 maşgalady“.

**3. Daşary ýurda kapital çykarmak möhüm ähmiýete eýe boldy.**

Monopoliýalar, maliýe oligarhiýasy peýdany köpeltmäge çalşyp, daşary ýurda indi harytlary däl, eýsem kapital çykarmaga aýratyn üns berip başladylar. Çünki indi haryt çykarmakdan görä, daşary ýurtlara kapital çykarmak, ýagny olara göterim hasabyna kreditler bermek, tebigy baýlyklary arzan satyn almak, ol ýerlerde iň arzan işçi güýjüniň hasabyna baýlyk artdyrmaga mümkinçilik berýän kärhanalary gurmak peýdaly bolýan boldy.

Şeýdip monopoliýalar daşary ýurda kapital çykarmagy ony öz ýurtlarynyň ykdysadyýetine goýmakdan makul görýärdiler, bu ýagdaý metropoliýalaryň ösmegine böwet bolup başlaýar.

Şu sebäpli, 1900–1913-nji ýyllarda industrial döwletleriň daşary ýurda çykaran kapitalyň göwrümi iki esse artanlygy ýöne ýerden bolmandy.

**4. Halkara monopoliýalaryň dünýäni ykdysady taýdan bölüp almagy.**

Iň iri monopoliýalar, maliýe oligarhiýasynyň dürli toparlary bazarlaryň, çig mal çeşmeleriniň üstünden gözegçilik ornaşdyrmaga ymtylypdyrlar. Şeýdip, milletara korporasiýalar emele gelipdir. 1910-njy ýylda olaryň sany 100-e ýetipdir. Netijede, indi täze bir hadysa –

olaryň arasynda dünýä hojalygyny we baýlygyny gözegçilik etmek üçin göreş başlanypdyr. Mysal üçin, iki maliýe topary – Rokfeller (ABŞ) we Rotşildler (Beýik Britaniýa, Fransiýa) topary dünýäniň kerosin bazaryny bölüp alypdyr.

1907-nji ýylda bolsa iňňän uly monopoliýalar – „Umumy elektrik kompaniýasy“ (ABŞ) bilen „Umumy elektrik jemgyýetiniň“ (Germaniýa) arasynda hem dünýä elektrik bazaryny bölüp almak we özara hyzmatdaşlyk etmek barada şertnama düzülipdir.

Şeýlelikde, ähli diýen ýaly başga güýçsüz, yzagalak döwletler iň iri industrial döwletleriň maliýe oligarhiýasyna barha köpräk bakna öwrülipdirler.

**5. Dünýäni industrial döwletler tarapyndan çäk taýdan paýlap almak üçin göreş güýçlendi.**

Maliýe oligarhiýasynyň güýjüniň pugtalanmagy bilen industrial döwletleriň öz koloniýalaryny giňeltmäge dyrjaşmalary has-da güýçlendi. Bu ýagdaý industrial döwletleriň arasynda dünýäni çäk taýdan bölüp almagy çaltlandyrdy.

XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlaryna çenli olaryň arasynda bütin ýer ýüzüniň ýarysyndan köpi bölünip alnypdy.

Beýik Britaniýa, Fransiýa we Russiýa örän uly koloniýalara eýe boldular.

Germaniýa, Italiýa we Ýaponiýa bolsa onçakly uly bolmadyk çäkler bilen kanagatlanmaga mejbur boldy.

Ykdysady ösüşde dünýäde ikinji orna, Ýewropada bolsa birinji orna çykan Germaniýany dünýäniň beýle paýlanma ýagdaýy umuman kanagatlandyrmandyr.

ABŞ örän uly çäk, baý çig mal gorlary, giň içki bazara eýe bolanlygy üçin koloniýalary zabt etäge isleg bildirmedi. Munuň üstesine, ykdysady taýdan dünýäniň öňdebaryjy döwletine öwrülen ABŞ, açyk ýaragly hüjüm etmekden görä başga döwletlere, birinji nobatda, Latyn Amerikasy ýurtlarynyň ykdysadyýetine girip barmagy makul gördi. Ýöne bu ABŞ-nyň täze çäkleri basyp almakdan bütinleý el çekenligini aňlatmaýardy. XIX asyryň ahyryna gelip, ABŞ Gawaý adalaryny anneksiýa etdi. Filippini basyp aldy, Puerto-Riko we Guam adalaryny özüniň ýarym koloniýasyna öwürdi.

Kolonializm syýasaty netijesinde, XIX asyryň ahyryna gelip „eýelenmedik ýerleri“ basyp almak tamamlandy (8–9-njy sahypadaky karta garaň. Karta kiçeldilen surat halatynda berlen). Ykdysady taýdan

güýçli döwletleriň Aziýa, Afrika we Latyn Amerikasyndaky kem ösen ýurtlara täsiri barha güýçlendi. Gün tertibinde koloniýalary we täsir sferalaryny gaýtadan bölmek meselesi peýda boldy. Ençeme döwletler meseläni çözmegiň serişdesi hökmünde güýje daýanmagy makul bildiler. Netijede, ýaraglanyşygy haýdatmak başlanyp, durmuşy harbylaşdyrma gitdigiçe güýjedi.

Ýaraglanyşygy haýdatmaga uly täsir edýän faktorlardan biri Ýewropa döwletleriniň arasyndaky çäk taýdan dawalar hemdi. Ýewropa döwletleriniň arasynda gatnaşyklary ýitileşdiren ýene başga bir sebäp, olaryň bir-birinden ykdysady we harby-strategik üstünlik gazanmak üçin göreşi boldy. Şol bir wagtda, XIX asyryň ahyryna gelip, ykdysady görkezijiler boýunça Ýewropada birinji, dünýäde ABŞ-dan soňky ikinji orny hemişelik eýeläp alan Germaniýa Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň gaharyny getirýärdi. Russiýa bolsa, öz gezeginde, Germaniýanyň arkaýynçylygyna putur ýetirýärdi. Şeýlelikde, dünýäniň ösen beýik döwletleriniň arasynda bölüp alynmagy, ykdysady we syýasy bäsdeşlik, harby-strategik gapma-garşylyk we ýaraglanyşygy haýdatmak başlanýar.

### Monopolistik kapitalizmiň orny

Monopoliýalaryň emele gelşi aşakdaky netijelere getirdi, birinjiden, önümçilige täze tehnikany we tehnologiýalary ýene-de giňräk ornaşdyrmaga mümkinçilik döretdi. Bu bolsa zähmet öndürijiliginiň ýiti artmagyny üpjün etdi.

Ikinjiden bolsa, jemgyýetiň örän azçylyk toparynyň elinde uly häkimiýetiň toplanmagyna getirdi. Şonuň üçin hem ABŞ monopolistlerini ýöne ýere „Amerikanyň täçsiz korollary“ diýip atlandyrmandylar. Olar ABŞ hökümetiniň içeri we daşary syýasatyna uly täsir etmegi başarypdyrlar. Ýa-da Germaniýada „Kruppe näme ýagşy bolsa, ol Germaniýa üçin hem ýagşy“, diýýärdiler. Çünki olar uly mukdardaky baýlyga eýelik edýärdi.

Üçünjiden, monopolistik kapitalizm gyrgynçylykly kolonializm uruşlaryny güýçlendirenligi bilen hem tapawutlanýar. Beýle uruşlaryň, aýratynam, XIX asyryň ahyrynda güýçlenmegi „imperializm“ adalgasynyň giň ulanylmagyna getirdi. Bu adalga ilki industrial döwletleriň kolonializmden ybarat daşary syýasatlaryna görä ulanyldy. Soňluk bilen „imperializm“ adalgasy „monopolistik kapitalizm“ adalgasynyň sinonimi ýerinde ulanylýan boldy. Şeýlelikde, bu iki adalga şol birmeňzeş manyny aňladyp başlaýar.




AZIÝANYŇ WE AFRIKANYŇ ÖSEN




DÖWLETLER TARAPYNDAN BÖLÜP ALNYŞY

***Monopoliýa*** (grekçe, mono – ýeke özüm, poleo – satýaryn) – ykdysadyýýedeň bir ugrundaky ýeke hökümdarlyk.
***Maliýe*** – maksatly pul gaznalaryny döretmek, jemlemek, paýlamak we ulanmak bilen bagly gatnaşyklar.
***Oligarhiýa*** (grekçe – azçylyk häkimiýeti) – ykdysady we syýasy hökümdarlygyň bir topar uly kapital eýeleriniň elinde toplanmagy.
***Kartel*** (italýança – kagyz, resminama) – bir pudakdaky özbaşdak kompaniýalaryň, firmalaryň önümçilik we satuwyň umumy göwrümleri, nyrhlary, satuw bazarlary, her bir gatnaşyjynyň ülşi we başgalar baradaky ylalaşyk esasynda döredilen gurluş.
***Konsentrasiýa*** – önümçiligiň bir ýere (bir ele) jemlenmegi.
***Konsern*** (gatnaşyk, bähbit) – bähbitler umumylygy esasynda birleşen kärhanalaryň iri birleşmesi.
***Sindikat*** (grekçe – bilelikde işlemek) – bir görnüşdäki önümleri öndürýän kärhanalaryň birleşmesi.
***Trest*** – önümçiligi we söwdany özleriçe däl, eýsem merkezi dolandyryş karary esasynda alyp barýan kärhanalaryň birleşmesi.
***Anneksiýa*** (latynça – birleşdirmek) – bir döwletiň çägini bütinleý ýa-da bölekleýin eýeläp almak.
***Imperializm*** – kapitalizm jemgyýetiniň iň ýokary we ahyrky döwri.

1. Monopolistik kapitalizm näme?
2. Monopolistik kapitalizmiň esasy alamatlary nämelerden ybarat?
3. Maliýe oligarhiýasyna mysallar getiriň.
4. Daşary ýurda kapital çykarmak nähili bolup geçdi?
5. Dünýäni bölüp almak zerurlygy näme?

1. Kartadan peýdalanyp Beýik Britaniýanyň koloniýalaryna düşündiriş beriň.
2. Häzirki döwürdäki milletara korporasiýalar bilen XX asyryň başyndaky monopoliýalary deňeşdiriň.

## 2- §. Industrial siwilizasiýa

**Industrial siwilizasiýa barada**

Siz 8-nji synp „Dünýä taryhy“ dersliginden XIX asyryň 50–60-njy ýyllarynda Günbatar Ýewropada we ABŞ-da senagat öwrülişigininiň ahyryna ýetenligini bilipdiňiz. Şeýlelikde, industrial siwilizasiýa üzül-kesil emele geldi. Bu siwilizasiýa – esasy gymmatlygy tehnikanyň ösüşi bolan siwilizasiýady. Siz bu hakda 10-njy synpda ýene-de köpräk maglumat alarsyňyz.

„Industrial siwilizasiýa“ adalgasynyň ýerine „industrial jemgyýet“ adalgasy hem ulanylýar we olar birmeňzeş manyny aňladýar.

Industrial siwilizasiýanyň alamatlaryndan biri – şäherleriň örän çalt ösmegi boldy. Bu, birinjiden, oba hojalygynda tehnikany ulanmak netijesinde bir bölek oba ilatynyň artykmaç güýç bolup, işsiz galmagy, olaryň iş gözläp şäherlere gelmeginiň hasabyna bolup geçdi.

Ikinjiden, kiçi şäherlerde ownuk söwdagärler we hünärmentçilik önümçiliginiň barha peselmegi, şonuň ýaly-da, transportdaky özgerişleriň, demir ýollaryň gurulmagynyň, senagat merkezleriniň iri şäherlere göçmeginiň hasabyna bolup geçdi. Adamlar iş gözläp we gün görmek üçin ýaşaýan ýerlerini özgertmäge mejbur boldy. Ýüz ýyllaryň dowamynda öz ýerlerinde ýaşap gelen ilat herekete geldi. Indi olar öz ýerlerini taşlap şäherlere gidip başlaýar. Obadan gitmek immigrasiýany hem emele getirdi. Indi adamlar başga ýurtlara hem gidip başladylar. Ýöne göçüşiň uly bölegini öz ýurtlarynyň içindäki migrasiýa düzdi.

**Şäherleriň ösmegi**

Industrial ösüş prosesinde şäherler aýratyn ähmiýete eýe bolup başlaýar. Senagat önümçiligi bütinleý diýen ýaly şäherlerde ýerleşipdi. Jemgyýetiň esasy taglymlary, möhüm syýasy wakalar hem şäherlerde ýüze çykýardy. Şäherler örän uly tizlik bilen ösdi. XIX asyryň ortalaryna gelip, industrial döwletlerde ilatyň ýarysyna golaýy şäherlerde toplandy. Manufaktura önümçiligi döwründe şäherler onçakly uly däldi.

Şäherleriň çaltlyk bilen ösmegi industrirlemegiň esasyny döreden senagat öwrülişigi, fabrik-zawod önümçiligi netijesidi. Beýik

Britaniýada bu proses irräk başlanýar. Başga ýerlerde gijräk, meselem, Germaniýada XIX asyryň 70-nji ýyllarynda öwjüne çykdy. ABŞ-da çalt urbanizasiýa prosesi hem takmynan şu döwre gabat geldi. Umuman, XIX asyryň ahyry – XX asyryň başynda industrial ýurtlarda şäher ilaty örän tiz ösdi.

Köne şäherleriň ösmegi, täzeleriniň ösmegi senagatyň ýerleşişi bilen baglydy. Köpçülik ilat şäherlere iş tapmak umydynda gelerdi. Aýratynam, paýtagt, uly şäherler tiz ösdi. Meselem, Pariž ilaty 1850-nji ýylda bir million bolan bolsa, 1880-nji ýylda bolsa iki million adamdan ybarat boldy.

XIX asyryň ortalaryndan başlap, şäherleriň gurluşynda hem özgeriş bolup geçdi. Meselem, Pariž 1853-nji ýyldan başlap 20 ýylyň dawomida gurluşyk meýdanyna öwrülýär. Ol döwrebap edip gaýtadan guruldy: giň köçeler, uly meýdanlar, alleýalar we baglar döredildi. XIX asyryň ahyryna gelip, içilýän we akaba suw pudaklaryna, tramwaý we metro eýe boldy. Başga ýurtlarda hem şäherleriň ilaty tiz ösdi.

**Köne we täze aristokratiýa**

XIX asyrda aristokratlaryň esasy baýlygyny öňki ýaly ýer emläkleri düzýärdi. Aristokratlaryň ýaşaýşy entegem şäherlerden görä köpräk oba bilen baglydy. Giň we amatly binalardaky onlarça ýatakhanalar, kitaphanalar, şahsy çeper kolleksiýalar, kabul däp-dessurlary, awlar – bularyň ählisi entegem aristokratlaryň durmuşynyň aýrylmaz bölegidi. Nikalar kada görä „öz çäginde“ düzülenligi sebäpli, aristokrat maşgalalar özara garyndaşlyk gatnaşyklary bilen baglanandy. Beýik Britaniýadaky şeýle maşgalalarda ogul çagalary ýaşlygyndan başlap syýasy işlere taýýarlapdyrlar. Ilki bilen olar ýeňillikli hususy mekdeplerde, soň bolsa Oksford ýa-da Kembrij uniwersitetlerinde okardylar. Şundan soňky iş meýdany parlament bolardy.

XIX asyryň ortalarynda Beýik Britaniýa parlamenti obşinalar palatasynyň 652 agzasyndan 489 sanysy ýer eýeleridi. 1906–1916-njy ýyllarda Beýik Britaniýanyň ministrleriniň üçden iki bölegi iň gowy bilim edaralaryny tamamlanlardy. Ýöne industrial siwilizasiýanyň ösmegi bilen aristokratiýa özüniň hökümdarlyk ýagdaýyny gitdigiçe ýitirdi. Ýeriň bir bölegi şäherleriň gurluşygyna berildi, tokaý emläkleri-de gysgaldy.

Täze döwür abraýtalap adamlaryň öňüne täze talaplary goýup başlaýar. Öň ýer eýeleri bolan aristokratlar indi banklarda, senagat

kompaniýalarynda, koloniýalaryň administrasiýalarynda ýolbaşçylyk wezipelerini eýeläp başlaýar. Ençeme emläginden aýrylan köne aristokratlar täze baýlar bilen garyndaş bolmagy aristokratiýanyň buržuaziýa bilen goşulyp gitmegine getirdi.

XIX asyrda döwletiň ykdysady we syýasy durmuşynda buržuaziýa barha ulurak rol oýnap başlaýar. Iri senagat kärhanalarynyň we banklaryň başynda millionlarça baýlyk toplan buržuaziýa wekilleri durýardy. Buržuaziýanyň iň görnükli wekilleri uly syýasy ýagdaýy-da gazanyp başlaýar.

**Orta gatlak**

XIX asyrda jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm wakalaryndan biri „orta gatlagyň“ şekillenmegi boldy. „Erkin kär“ eýeleri bolan inženerler, oýlap tapyjylar, lukmanlar, mugallymlar, ofiserler, hukukşynaslar we şular ýalylar jemgyýetiň orta gatlagyny düzüpdir. Bu gatlaga degişliligiň esasy alamatlaryndan biri maddy ýagdaýyň nähili bolsa-da doklugy bolupdyr.

XIX asyryň ikinji ýarymynda orta gatlak wekilleriniň arasynda, aýratynam, hukukşynaslar taýpasy tapawutlanýardy. Hukuk döwletiniň şekillenmegi, raýatlyk jemgyýetiniň gurulmagy, ykdysady durmuşyň ösmegi sebäpli hukukşynaslara bolan zerurlyk barha artdy. Olar konstitusiýalary, kanunlary ýazmak, kodeksleri düzmek, wesýetleri resmileşdirmek, banklara, telekeçilere maslahatlar bermek we sud proseslerinde gatnaşmak ýaly işleri ýerine ýetiripdir. Ençeme syýasy işgärler hem maglumatyna görä hukukşynasdy. Orta gatlak jemgyýete durnuklylyk beripdir. Çünki, adatda, orta gatlak sosial töhmetleri makullamaýar, öwrülişikden özgertmeleri makul bilýär.

**Işçiler synpy**

XIX asyrda hünärli işçiler synpy şekillendi. Senagat öwrülişigi bolup geçen üç iri ýurt – Beýik Britaniýada, Fransiýada we ABŞ-da 70-nji ýyllara gelip senagat işçileri 12–13 mln. adamy, oba hojalygyndaky işçiler bilen bilelikde bolsa 20 mln. adamy düzýärdi. Işçileriň ýagdaýy birmeňzeş däldi. Olaryň ýarymyndan köprägi garyplyk bosagasynda ýaşasa, bilimli hünärmen işçiler bolsa köpräk hak alyp, „işçi aristokratiýasyny“ düzýärdi. XX asyryň başlarynda „işçi aristokratiýasy“ Beýik Britaniýada umumy işçiler sanynyň üçden birini düzüp, örän gowy ýaşardylar.

XX asyryň başynda ABŞ senagat işçileriniň sany taýdan birinji orny eýeledi. Bu ýerde 10,4 mln. senagat işçisi bardy. Germaniýada

bolsa senagat işçileriniň sany 1907-nji ýylda 8,6 mln. adama ýetdi. Ýewropadaky we Demirgazyk Amerikadaky işçiler sany 40 mln. adama ýetdi. Oba hojalygy, hyzmat etme ugry, transport we başga ugurlardaky işçiler bilelikde 80 mln. adama golaýdy.

Hakynatutma işçi güýjüniň hünärinde-de möhüm özgerişler bolup geçdi. Senagatyň täze ugurlary bilimli zähmeti talap edýärdi. Bilimli işçileriň saldamy Beýik Britaniýanyň maşyngurluşygynda, gämigurluşygynda esasy bölegi eýeleýärdi. ABŞ-da umumy senagat işçileriniň 2/3 bölegi, Germaniýada ýarymyndan köprägi bilimli işçilerdi.

XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli iş gününiň uzynlygy industrial döwletlerde 10–16 sagat bolupdy.

Aýallar we çagalar zähmetine iş haky kem tölenýärdi. „Fabrik aýallary“, esasan, 13–14 ýaşly gyzlardan ybarat bolupdyr.

10–12 ýaşly çagalar temmäki fabriklerinden çekip, daşkömür şahtalarynda hem zähmet çekýärdi. Olar zähmeti üçin aýallardan hem kem hak alýardy.

Bu döwürde aýal-gyzlar deň hukuklylyk üçin dyngysyz göreş alyp bardy. XX asyr başlaryna gelip, aýal-gyzlar azatlygy we garaşsyzlygy taglymlary, olaryň deň hukuklylyk üçin göreşleri täze siwilizasiýa jemgyýetiniň alamatlaryndan birine öwrülýär.

Bu döwürde 1889-njy ýylda dörän II Internasional kyn şertde iş alyp bardy. Işçiler synpy öz partiýalaryny bir hatara birleşdirip bilmedi. Netijede, rewolýusion we barlyşykly akym peýda boldy we özara göreşýär. Özara agzalalyk netijesinde II Internasional heläkçilige duçar boldy we täze tipde Internasional düzmek üçin hereket güýçlendi.

***Immigrant*** (latynça – göçüp gelýän) – bir döwletden başga bir döwlete hemişelik ýa-da uzak wagt ýaşamak üçin göçüp gelen şahs.

***Industriýa*** (latynça – iş) – senagat, hususan-da, iri senagaty aňladýan adalga.

***Migrasiýa*** (latynça – göçýärin) – ol ýa-da bu döwlet ilatynyň bir çäkdan başga çäge ýa-da bir ýurtdan ikinji ýurda göçmegi.

***Urbanizasiýa*** (fransuzça we latynça – şähere degişli) – jemgyýetçilik durmuşynda şäherleriň rolunyň we şäher ilatynyň ülşüniň barha artmagy.

***II Internasional*** – 1889-njy ýylda döredilen Halkara sosialistik işçiler partiýalarynyň birleşmesi.

1. Industrial siwilizasiýa nädip emele geldi?
2. Industrial siwilizasiýa netijesinde şäherleriň durmuşynda nähili özgerişler bolup geçdi?
3. Siz XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlaryndaky urbanizasiýa we migrasiýa hadysalaryny nähili düşündirýärsiňiz?
4. Ilatyň orta gatlagyny kimlar tashkil etadi? Orta gatlagyň köpelmegi jemgyýetçilik durmuşynda nähili ähmiýete eýe?
5. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlaryndaky Watanymyzyň taryhyny Günbatar Ýewropa we ABŞ taryhy bilen deňeşdiriň.
6. Bu günki günde halkara hukukda çagalar zähmetine näçe ýaşdan rugsat edilýändigini anyklaň.

1. Özbegistanda kiçi biznes we hususy telekeçileriň ýurduň ykdysady durmuşynda tutýan ornuna degişli faktlary toplaň.
2. Bu döwürde döwletleriň ösüşine sebäp bolan faktorlara häsiýetnama beriň.

# II BÖLÜM | ÝEWROPA WE AMERIKA DÖWLETLERI

## II BAP GÜNBATAR ÝEWROPA DÖWLETLERI XIX ASYRYŇ AHYRYNDA WE XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA

### 3-§. Fransiýa–Prussiýa urşy we onuň jemleri

**Fransiýa–Prussiýa urşunyň sebäpleri**

XIX asyryň 60-njy ýyllarynyň ikinji ýarymyndan başlap Fransiýanyň imperatory Napoleon III abraýyna putur ýetdi. Muňa sebäp – Fransiýanyň ykdysady ösüş boýunça öz goňşulary bolan Beýik Britaniýadan we Germaniýadan barha yzda galýanlygy boldy.

Şol bir wagtda, Fransiýa daşary syýasatda hem şowsuzlyga duçar bolup başlaýar. Mysal üçin, ol Prussiýanyň Germaniýany birleşdirmegine päsgel berip bilmän galdy. Germaniýa bitewi döwlete birleşýän bolsa, Fransiýanyň halkara meýdandaky abraýyna düýpli zyýan ýeter we Ýewropadaky ikinji döwlet ýaly abraýy puja çykjakdy.

Fransiýanyň hökümdarlary 1860-njy ýyldaky Beýik Britaniýa–Fransiýa söwda şertnamasyndan hem närazydy. Çünki iňlis harytlarynyň Fransiýa ençeme girizilmegi fransuz harytlary bilen bäsdeşligi güýçlendirýärdi. Mundan daşary, ýurtda işsizlik, gymmatçylyk zähmetkeşleriň hemişelik ýoldaşyna öwrülipdi. Bu hadysa işçileriň ýiti närazylygyny emele getirdi.

Şeýle şertde, Napoleon III üçin Prussiýa garşy ýeňişli uruş zerurdy. Bu uruş Fransiýanyň, şonuň ýaly-da, Napoleon III-niň hem ýagdaýyny dikelden bolardy. Munuň üçin bolsa uruşda ýeňiş gazanmak, Germaniýanyň birleşmegine ýol bermezlik we Germaniýanyň käbir çäklerini basyp almak zerurdy.

Prussiýa hem birnäçe ýyllardan bäri Fransiýa garşy urşa taýýarlanýardy. Onuň maksady Germaniýada Prussiýanyň agalygyny berkitmäge böwet bolan Fransiýany ýeňmegi we Germaniýany birleşdirmegi ahyryna ýetirmekdi. Taraplara urşy başlamak üçin diňe bir bahana zerurdy. Tiz arada şeýle bahana hem tapyldy.

**Urşuň başlanyşy**

Ispaniýanyň tagtyna kimi oturtmak meselesi urşuň başlanmagy üçin bahana bol-

dy. Ýogsa-da, bu mesele nähili emele gelipdi? Özüniň bir wagtlardaky güýjüni ýitiren Ispaniýada 1868-nji ýylda öwrülişik bolup geçdi. Korol Izabella II Fransiýa gaçyp gitmäge mejbur boldy. Fransiýanyň imperatorynyň aýaly (milleti ispandy) Izabella tagty gaýtaryp almagynda kömek bermegi karar etdi.

Ýöne, tiz arada, Ýewropanyň beýik döwletleriniň arasynda Ispaniýanyň tagty üçin başlanyp giden göreş muňa mümkinçilik bermedi. Muňa Germaniýanyň hem Ispaniýanyň tagtyna öz dalaşgärini goýmaga çalşanlygy sebäp boldy. Fransiýanyň hökümeti Germaniýadan öz dalaşgärinden ýüz öwürmegini talap etdi. Prussiýanyň koroly Wilgelm I muňa razy bolýar. Ýöne bu razylyk Fransiýany kanagatlandyrmady. Indi, Fransiýa Germaniýadan geljekde-de Ispan tagty üçin dalaşgär görkezmeli däldigini, häzir görkezen dalaşgärinden tagt dawasyndan bütinleý ýüz öwürmegini gazanmagyny talap edýär.

Urşa howlugýan Prussiýanyň kansleri Bismark bolsa gazetde korol bilen Fransiýanyň ilçisiniň arasyndaky söhbetiň mazmunyny bilgeşleýin bozup beýan edýär. Gazetdäki habara görä, göýä korol Fransiýanyň ilçisi bilen gepleşmek islemändir we ilçä arkasyny öwrüp oturypdyr (bu hadysa taryha „Ems depeşasy“ ady bilen girdi).

Bu habary Fransiýa öz mertebesi üçin masgaraçylyk hasaplady.

1870-nji ýylyň 17-nji iýulynda Fransiýa Prussiýa garşy uruş yglan edýär. Şeýlelikde, Fransiýa – Prussiýa urşy başlanýar. Ýöne, tiz arada, Fransiýanyň harby güýçleriniň urşa taýýar dälligi, Fransiýanyň Prussiýanyň güýjüni ýeterli bahalamanlygy mälim bolýar.

### Imperiýanyň heläk bolmagy

1870-nji ýylyň 1-nji sentýabr güni Fransiýanyň goşunynyň düzüminde bolan Napoleon III hem Sedan galasynyň ýanynda gurşawa alynýar. Fransiýanyň goşuny nemesleriň 140 müňlük goşunynyň arasyndan gurşawy ýaryp geçip bilmeýär. Bialaç galan Napoleon III 2-nji sentýabr güni ak baýdak götermäge buýruk bermäge, özüniň gylyjyny bolsa Prussiýanyň korolyna ibermäge mejbur bolýar. Şeýlelikde, bu ýerdäki 80 müň adamlyk goşun Napoleonyň baştutanlygynda boýun egýär. Napoleon III Sedanda öz Waterloosyny tapýar. 100 müň adamlyk ikinji goşun hem Mets galasynda gurşawa alynýar. Indi Fransiýa Germaniýa wehim edip bilmeýärdi. Bu şowsuzlyk ikinji imperiýa häkimiýetiniň synmagydy.

***Depeşa*** – howlukmaç habar.
***Waterloo*** – häzirki Belgiýanyň çägindäki obanyň ady. Bu obada 1815-nji ýylyň 18-nji iýunynda Napoleon I goşuny derbi-dagyn edilen söweş bolup geçipdir.

1. Näme üçin Fransiýa – Prussiýa urşunyň bolmagy gutulgysyzdy?
2. 1868-nji ýylda nähili basybalyjylyklar bolýar? Aýdyp beriň.
3. Fransiýanyň armiýasy näme sebäpden ýeňildi?

1. Näme üçin adamzat orta asyrlarda hem, täze döwürde hem uruşlardan halas bolup bilmändir?
2. Näme üçin bu günki günde hem Ýer ýüzünde urşuň soňuna çykmak başardanok?
3. Aşakdaky jedweli dolduryň.

| T/n | Uruşdaky esasy söweşleriň ady | Uruşlaryň netijesi |
|---|---|---|
| 1. | | |
| 2. | | |
| 3. | | |

Fransiýanyň taryhynda 1-nji we 2-nji imperiýalar nädip döränligini ýada salyň.

## 4- §. Fransiýada Üçünji Respublika we 1871-nji ýylyň 18-nji mart döwlet agdarylyşygy

**4-nji sentýabr ynkylaby**

Şowsuzlyk baradaky habary eşiden Parižiň ilaty 3-nji sentýabr güni gozgalaň turuzýar. Olar Respublika yglan edilmegini we Watany goramagy talap edýärler. Halkyň talaby bilen 4-nji sentýabr güni Fransiýanyň kanun çykaryjy Korpusy imperator häkimiýetiniň agdarylandygyny yglan etmäge mejbur bolýar. Şol bir wagtda, Fransiýa Respublika diýlip yglan edilýär. Bu ýurduň taryhyndaky Üçünji Respublikady. (Fransiýada 1-nji we 2-nji Respublikalar haçan bolandygyny ýada salyň.)

Kanun çykaryjy Korpus general Troşýunyň baştutanlygynda Wagtlaýyn milli-goranma hökümetini düzýär.

Prussiýa Fransiýany mümkingadar köpräk haldan taýdyrmak isleýärdi. Ol Fransiýadan uly ýitgileriň öwezini dolmaga hem-de onuň gazylyp alynýan peýdaly zatlara baý welaýatlary bolan Elzasy we Lotaringiýany çekip almaga ymtyldy. Indi uruş Prussiýa üçin basybalyjylyk urşuna öwrülýär.

19-njy sentýabr güni Pariž Prussiýanyň goşuny tarapyndan gurşap alynýar. Wagtlaýyn hökümet bialaç boýun egýär.

1871-nji ýylyň fewral aýynda Fransiýada Milli Mejlise howlukmaç saýlaw geçirildi we Týer baştutanlygynda täze hökümet düzüldi. Bu hökümet Fransiýa – Germaniýa parahatçylyk şertnamasyna gol çekýär.

**1871-nji ýylyň 18-nji mart wakalary**

Prussiýa garşy uruşdaky şowsuzlyk we aýylganç şertler esasynda gol çekilen ýaraşyk şertnamasy parižlileriň hökümete garşy gahar-gazabyny güýçlendirip goýberýär. Munuň üstesine, Parižde mätäçlik, işsizlik, azyk önümleriniň nyrhy ýiti artmagy ýüze çykdy. Hatda orta gatlak wekilleri-de tozup başlaýar.

Parižlilerde hökümete görä ynamsyzlyk peýda boldy. Muňa gabawdan soň ilatyň bergileri boýunça tölegleri tölemäge mejbur bolup başlanlygy hem-de hökümetiň karargähi edip Wersal şäheriniň saýlanlanlygy sebäp bolýar.

Şol bir wagtda, Premýer ministr Týer Milli gwardiýany ýaragsyzlandyrmagy buýurýar. 18-nji mart güni agşam hökümet goşuny Milli gwardiýa hüjüm edýär. Bu hadysa Parižiň ilatyny aýaga galdyrýar. Olar hökümet goşunyny çekinmäge mejbur edýärler. Týer hökümeti Wersala göçürmek barada görkezme berýär. Muňa jogap edip Parižiň zähmetkeşleri gozgalaň turuzýarlar. Olar Milli gwardiýa bilen bilelikde hereket edip, şäheriň möhüm ähmiýete eýe bolan ýerlerini ele alýarlar.

Köp geçmän hökümet binasy, harby kazarmalar we ähli döwlet edaralaryny hem gozgalaňçylar eýeleýär.

Parižde häkimiýet Milli gwardiýanyň Merkezi komitetiniň eline geçýär. Bu komitet Wagtlaýyn hökümet wezipesini ýerine ýetirdi. Döwlet edaralaryna işçiler, hünärmenler we gozgalaňyň başga gatnaşyjylary baştutanlyk edip başlaýar. 26-njy mart güni Pariž Kommu-

nasyna saýlaw geçirilýär we Kommuna Geňeşi düzülýär. Bu geňeş öz agzalaryndan 10 komissiýa (ministrlik) düzýär. Şeýlelikde, Pariž şäheri özboluşly kiçi bir döwlete öwrülýär. Bu döwlet Pariž zähmetkeşleriniň döwletidi.

Pariž Kommunasy ençeme düýpli sosial-ykdysady çäreleri amala aşyrýar. Şol sanda, eýeleri taşlap giden kärhanalar şu kärhananyň işçilerine tabşyrylýar. Mejbury we mugt tälim girizilýär. Buthana döwletden, mekdep buthanadan bölünýär. Zähmetkeşleriň ýaşaýyş jaýy hakyny tölemegiň möhletleri gijikdirilýär. Işsizleri iş bilen üpjün etmek edarasy döredilýär. Hususy emläk bolup gelen demir ýol edaralaryny Kommuna öz ygtyýaryna alýar we önümçiligiň üstünden gözegçiligi ýola goýýar. Ýöne Kommuna öz işinde ençeme ýalňyşlyklara hem ýol berýär.

*Birinjiden,* Parižden gaçyp giden Týeriň hökümetini yzarlamaýar. Bu bolsa Týere Kommuna garşy göreşmek üçin zerur güýç toplap almaga mümkinçilik berdi. Netijede, hökümet goşuny Pariži gabawa almagy başarýar.

*Ikinjiden,* ýurduň galan bölegi Kommunany goldamaýar. Bu hökümetuň kommunaçylary ýurdy duşman eýeläp duran wagtda aýaga galan pitneçiler diýip ýöredilen ýigrençli wagzyň netijesidi. Daýhanlary, Kommuna doly ýeňiş gazansa, emläginden aýrylmagy mümkinligi bilen gorkuzmak başardýar.

*Üçünjiden,* Kommuna döwlet gaznasyny, banklary doly öz eline almady.

*Dördünjiden,* Kommuna geňeşiniň içinde Kommunanyň içeri syýasaty babatda agzybirlik ýokdy.

Kommunany derbi-dagyn etmekde Germaniýa Týer hökümetine kömek edýär. Mysal üçin, Bismark 40 müň fransuz esgerini we ofiserleri ýesirlikden boşadyp, olary Týeriň hökümetiniň ygtyýaryna berýär.

**Kommunanyň ýeňilmegi**

Hökümet goşuny 21-nji maý güni hüjüme geçýär we şol gün Parižе girip gelýär. Kommunaçylar mertlik bilen söweşýärler. Ýöne güýçler deň däldi.

28-nji maý güni Kommuna doly dargadylýar. Ýesir alnan 30 müňe golaý kommunaçy atyp taşlanýar. 50 müňe golaý kommunaçylar tussag edilýär. Bularyň arasynda müňlerçe aýal-gyzlar we çagalar hem bardy. Şeýlelikde, 72 gün ýaşan Kommuna ýykylýar.

Pariž Kommunasynyň agdarylmagy bilen Fransiýada ynkylaplar döwri tamamlanýar. Kommuna şowsuzlygy netijeleri häkimiýet bilen

raýatlaryň özara bähbitli ylalaşygy esasynda ýaşamalydygyny subut edýär.

**Frankfurt ýaraşyk şertnamasy**

1871-nji ýylyň 10-njy maý güni Germaniýanyň Frankfurt şäherinde Fransiýa – Germaniýa ýaraşyk şertnamasyna gol çekilýär. Oňa görä, Fransiýa Germaniýa 5 mlrd. frank kontribusiýa tölemeli bolýar. Bu töleg tölenýänçe, Germaniýa öz ýaragly güýçleriniň bir bölegini Fransiýanyň çäginde saklap durýan bolýar. Mundan daşary, Fransiýanyň Elzas we Lotaringiýa welaýatlary Germaniýa berilýär.

***Pariž Kommunasy*** – Pariž şäheriniň öz-özüni dolandyryş organy bolup, ol kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyran; zähmetkeşleriň 1871-nji ýylyň martynda döreden häkimiýetiň dolandyryş edarasy.

1. Fransiýada nädip Üçünji Respublika emele geldi?
2. Urşuň Fransiýa we Prussiýa üçin netijelerini deňeşdiriň.
3. Pariž Kommunasy nädip emele geldi?
4. Pariž Kommunasy näme üçin ýeňildi we onuň Fransiýanyň taryhynda tutýan orny barada näme diýip bilersiňiz?

1. Döwlet agdarylyşyklary we ynkylaplar näme üçin bolup geçdi?
2. Týeriň işi barada düzme ýazyň.

## 5-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Fransiýadaky ykdysady we syýasy durmuş

**Ykdysady ýagdaý**

XIX asyryň soňky çärýeginde Fransiýanyň ykdysady ösüşi haýallaşýar. Mysal üçin, dünýäde senagat önümçiliginiň göwrümi boýunça ikinji orundan dördünji orna düşýär. Ýogsam, Fransiýanyň ykdysady ösüşiniň haýallaşmagynyň esasy sebäpleri nämelerden ybaratdy?

Fransiýanyň entegem ownuk haryt öndüriji döwleti bolup galýanlygy eksportyň göwrüminiň importdan artyk bolmagyna getirmedi. Bu bolsa, öz gezeginde, içki bazaryň çäklendirilmegine sebäp bolupdyr. Fransiýa tebigy baýlyklary kem döwletdi. Prussiýa bilen bolan uruş Fransiýa örän uly maddy ýitgi getirdi. Uruşda Fransiýa 13 mlrd. frank zyýan çekýär. Şol bir wagtda, Germaniýa 5 mlrd. frank kontribusiýa tölemäge mejbur bolýar. Içerki syýasy ýagdaýyň durnuksyzlygy ýurduň ykdysady ýagdaýyna uly erbet täsir etdi. Daýhanlaryň satyn alyjy-

lyk güýjüniň pesligi senagat önümçiliginiň ösüşine erbet täsir edýärdi. Fransiýa daşary ýurda köp kapital çykaryp goýberipdi. Bu maýadarlara uly peýda getirýärdi. Şonuň üçin hem maýadarlar (kapitalistler) öz maýa goýumlaryny (kapitallaryny) ýurduň önümçiligine däl, eýsem daşary ýurda (uly göterim hasabyna, elbetde) çykarmagy makul bilipdir.

### Häkimiýet üçin göreş

Prussiýa bilen uruş tamamlanansoň, hökümdar topalaryň arasynda häkimiýet üçin göreş güýçlenýär. Olary şertli ýagdaýda iki topara bölmek mümkindi. Birinjisi – monarhiýanyň tarapdarlary, ikinjisi – respublikanyň tarapdarlarydy.

1873-nji ýylda Germaniýa kontribusiýa töläp gutarylýar. Ahyrynda, Germaniýa öz goşunlaryny Fransiýadan alyp çykýar.

Respublikaçylar ýurduň parlamentinde (Milli Mejlis) azçylygy düzüpdirler. Ýöne Fransiýanyň ilatynyň uly bölegi monarhiýa garşy bolanlygy olara medet bolýardy.

Milli Mejlisde köpçüligi düzýän monarhiýaçylar öz dalaşgärlerini iki gezek prezidentlige saýlan bolsalar-da, monarhiýany dikeltmäge bolan synanyşygy netijesiz gutarýar. Ýiti içerki syýasy göreşde ahyrky netijede respublikaçylar ýeňiş gazanýar.

### Üçünji Respublikanyň Konstitusiýasy

1875-nji ýylda Üçünji Respublikanyň Konstitusiýasy kabul edilýär. Oňa görä, prezidentlik wezipesi saklap galynýar. Şol bir wagtda, iki palataly (Deputatlar palatasy we Senat) parlament (Milli Mejlis) döredilýär. Onuň ygtyýarlylyk möhleti 4 ýyl edip bellenýär.

Parlamentiň iki palatasynyň bilelikdäki ýygnagy 7 ýyl möhlete ýurduň prezidentini saýlaýardy. Ýerine ýetiriji häkimiýet prezidente we hökümete degişlidi. Prezident ministrleri bellemek, respublikanyň adyndan daşary syýasat ýöretmek, şonuň ýaly-da, uruş yglan etmek we ýaraşyk baglaşmak, umumy günä geçme ýaly ygtyýarlyklara eýedi.

Hökümet agzalaryny prezident bellese-de, olar parlamentiň öňünde jogapkärdiler.

„Marselýeza“ aýdymy ýurduň senasy hökmünde kesgitlenýär. Beýik fransuz ynkylaby başlanan (1789-njy ýyl) 14-nji iýul fransuz halkynyň Milli baýram güni diýlip yglan edilýär.

Şol döwür üçin uly ähmiýete eýe bolan ençeme hukuklar we azatlyklar yglan edilýär. Hususan-da, metbugat we ýygnak geçirmek, syýasy wagyz işleri bilen meşgullanmak ýaly azatlyklar we hukuklar şolara degişlidir. Ýöne aýal-gyzlara saýlaw hukugy berilmeýär.

***Parlament*** (fr. geplemek) – saýlaw esasynda düzülýän kanun çykaryjy ýokary döwlet organy.
***Respublika*** (lat. jemgyýet işi) – raýatlaryň umumy saýlawy esasynda dolandyrylýan döwlet.
***Monarhiýa*** (grekçe) – ýeke-täk hökümdarlyk.

1. Nähili sebäplere görä XIX asyryň soňky çärýegine gelip Fransiýa ykdysady ösüşde dünýäde 4-nji orna düşdi?
2. Näme üçin häkimiýet üçin göreşde respublikaçylar ýeňiş gazandy?
3. Üçünji Respublikanyň Konstitusiýasynyň mazmuny barada nämeleri bildiňiz?

1. Fransiýadaky ykdysady ýagdaýyň aýratynlyklaryny açyp beriň.
2. Häkimiýet üçin göreş nähili geçdi?

## 6-§. Fransiýanyň içki syýasaty

### Üçünji Respublikanyň içki syýasaty

Respublikanyň hökümeti içki syýasatda ençeme möhüm çäreleri amala aşyrýar. Mysal üçin, 1881–1882-nji ýyllarda tälim barada kanun kabul edilýär. Oňa görä, mekdep buthanadan aýrylýar. Tälimiň dünýewiligi üpjün edilýär. 13 ýaşa çenli bolan çagalar üçin mejbury mugt tälim girizilýär. Mekdeplerde tälim mahsus döwlet maksatnamalary esasynda alnyp barylýan bolýar.

Ýokary pedagogik okuw mekdeplerinde mugallym kadrlary taýýarlamak ýola goýulýar. Mejbury tälim maksatnamasynda oglanlar üçin gimnastika predmeti mejbury diýlip bellenýär. Mundan ýetginjekleri geljekki harby gulluga beden taýdan ýetik edip taýýarlamak maksady nazarda tutulypdy. Gyzlar üçin liseýler açylýar. Mahsus ýokary okuw mekdeplerinde aýal mugallymlar taýýarlanyp başlanýar. 1884-nji ýylda kärdeşler bileleşikleriniň erkin işlemegine hem-de iş taşlamaga rugsat berýän kanun kabul edilýär. Işçiler öz kärdeşler bileleşiklerini we zähmet biržalaryny düzýär. Bu biržalar işsizler barada, olaryň durmuşy barada gamhorlyk edip başlaýar.

Ýerli geňeşlere öz ýolbaşçylaryny saýlamak hukugy berilýär. Şoňa çenli olar merkezi häkimiýet tarapyndan bellenýärdi.

„Baý ýurtlar üçin koloniýalar maýa goýumlary girizilýän iň amatly obýektdir... Men aýdýaryn... Fransiýa hemme wagt artykmaç maýa goýumlaryna eýe bolupdyr, uly-uly summalar eksport edilipdir. Jenaplar... Beýik jynslar aşaky jynslara görä aýratyn hukuklara eýe, diýip açyk aýdýan wagt geldi“. (Fransiýanyň hökümet baştutany J. Ferriniň 1885-nji ýylda deputatlar palatasynda sözlän sözünden.)

**Syýasy ýagdaý**

Ýurtda respublikany berkitmek barha çuňňurlaşýar. 1876-njy ýyldaky Senata bolan saýlawlarda respublikaçylar üstün çykýar. Muňa çenli döwleti dolandyran monarhiýanyň tarapdary bolan Prezident Mak-Magon otstawka çykmaga mejbur bolýar. Ýurtda içki syýasy durmuşyň özboluşly bir aýratynlygy – bu köppartiýalylygyň emele gelenligidi. Olaryň içinde radikallar, sosialistler we respublikaçylar partiýalary öňdebaryjydy.

Fransiýanyň syýasy durmuşynda, şol bir wagtda, demokratiýa garşy güýçleriň täsiri-de barha artýardy. Mysal üçin, ýurtda milletçilik, şowinizm taglymlary giň ýaýrap başlaýar. Bu taglymlaryň tarapdarlary diňe bir güýçli goşuna däl, eýsem Elzasy we Lotaringiýany gaýtaryp almagyň mümkinligine ynanýardylar. Fransiýanyň içki syýasy durmuşynda anarhistleriň we monarhistleriň işi-de güýçlenýär. Olaryň maksady – bar bolan düzümi agdarmakdy. Bu maksada ýetmek üçin anarhistler göreşiň terror usulyny ulanýar. Olar parlamentiň binasyna bomba taşlaýar.

1894-nji ýylda hatda ýurduň prezidenti Sadi Karno hem öldürilýär. Fransiýanyň kontrrazwedkasy ýurduň harby güýçleri barada içaly tarapyndan Germaniýa gizlin maglumatlar eltip berilýändigini anyklaýar. Mahsus gulluk bu meselede Fransiýa armiýasynyň Baş ştabynda gulluk edýän, musaýy milletine degişli kapitan A. Dreýfusdan şübhelenip başlaýar. Tiz arada ol içalylykda aýplanyp, jenaýat jogapkärligine çekilýär. Aslynda A. Dreýfus içaly däldi. Ýöne galp resminamalaryň we galp şaýatlaryň kömeginde onuň „içaly“dygy paş edilýär. Harby sud ony ömürlik sürgün jezasyny höküm edýär.

Syýasy güýçler „Dreýfusyň işin“den ýurtda demokratiýa garşy wagyz işlerini güýçlendirmek, milletçilik, şowinistik meýilliligi ýene-de artdyrmak üçin peýdalanýar.

Ýurtda A. Dreýfusyň içaly dälligine, entek hakyky içalynyň paş edilmänligine ynanýanlar bardy. Olar hakyky içalyny paş etmek üçin

barlaglary dowam etdirýärler. We ahyrynda, hakyky içaly anyklanýar. Ol Baş ştabyň maýory Estergazi bolup çykýar.

Ýöne Baş ştab we onuň bilen berk baglanan güýçler bu hakykaty äşgär etmegi özleri üçin uly şermendelik hasaplaýarlar. Ýöne bu hakykat syr bolmagynda galmaýar. 1897-nji ýylda ol metbugatda yglan edilýär.

Fransiýanyň ähli demokratik güýçleri A. Dreýfusyň işini gaýtadan seretmegi talap edip başlaýar. Şermende bolmagy islemedik güýçler galp şaýadyň öldürilmegini guraýarlar. Estergazi bolsa Fransiýadan gaçyp gitmegi başarýar.

„Dreýfusyň işi“ töwereginde göreş uzak dowam edýär. Ahyrkunetijede hökümet ony azatlyga çykarmaga mejbur bolýar. Ýöne ol aýpsyzlygy üçin däl, „saglygy erbetleşenligi“ üçin azat edilýär. A. Dreýfus diňe 1906-njy ýylda doly aklanýar.

### Ykdysady durmuşdaky özgerişler

XX asyryň başlaryna gelip, ýurtda aram syýasy durnuklylyk üpjün edilýär. Muňa XIX asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalaryndan başlanan ykdysady ösüş sebäpli gazanylýar. Bu döwürde Fransiýa, hususan-da, demir magdanyny gazyp çykarmak boýunça ABŞ-ny we Germaniýany yzda galdyrýar.

Senagatda täze pudaklar (elektrotehnika, awtomobil we himiýa) çalt ösüp başlaýar. Netijede, senagatda hyzmat edýän ilatyň sany 36 göterime ýetýär. 40 göterim ilat oba hojalygynda meşguldy.

Fransiýanyň eksportynda ýüň birinji, ýüp-mata ikinji, ýüpek mata üçünji, fransuz winolary dördünji orny eýeleýär. Fransiýanyň daşary ýurda kapital çykarmak güýji ýene-de artýar. Bu babatda ol dünýäde Beýik Britaniýadan soň ikinji orna çykýar. 1914-nji ýyla gelende Russiýa, Beýik Britaniýa, ABŞ we Günorta Amerika döwletlerine 24 mlrd. frank mukdarda kapital çykarýar.

Bu kapitallar göterim hasabynda Fransiýa örän uly mukdarda girdeji getirmek bilen çäklenmän, şol bir wagtda, syýasy soýuzdaşlary hem emele getirýär.

### Sosial hereket

Fransiýanyň zähmetkeşleriniň ýagdaýy bolsa agyrdy. Olar günde 10–12 sagat, käte 14–16 sagada çenli işlemäge mejburdy. Zähmetkeşler öz hak-hukuklary üçin göreşe başlaýar. Şeýle şertde işçiler hereketini birleşdirmek möhüm ähmiýete eýedi. 1880-nji ýylda işçi guramalary we-

killeri „Fransiýa işçi partiýasy“ny düzýär. Şol bir wagtda, işçileriň zähmet biržalary düzülýär. Olar işsizler we iş taşlaýşynda gatnaşýanlar barada gamhorlyk edip başlaýar.

Mysal üçin, zähmet kanunlary Kodeksine görä, iş wagtynda alnan ýara üçin töleg tölenýän bolýar. Hepdede bir gün – dynç alyş güni girizilýär.

1910-njy ýylda bolsa pensiýa barada kanun kabul edilýär. Onda pensiýa ýaşy 65 ýaş diýlip kesgitlenýär (bu görkeziji Germaniýada we Beýik Britaniýada 70 ýaşdy). Şol bir wagtda, sosial hereketde iki esasy akym bardy. Olaryň biri – jemgyýeti parlament ýoly bilen (özgertmeler arkaly) gaýtadan gurmak, ikinjisi bolsa bikanun ýol bilen (ýaragly gozgalaň) gaýtadan gurmak ýoludy. Ikinji ýol bara-bara öz täsirini bütinleý ýitirýär.

***Anarhizm*** (grekçe – häkimiýetsizlik, bibaşlyk) – diňe aýratyn bir şahsyň arzuw-islegini ykrar edip, islendik häkimiýet we döwlet düzümini ret edýän taglymat.
***Şowinizm*** – jynsy kemsitme we milli dawany öjükdirmäge dyrjaşýan baryp ýatan milletçilik.
***Syýasy reaksiýa*** – ösüşe garşy, könelişen sosial düzgünleri saklap galmagyň tarapdary bolan syýasy güýç.

1. Fransiýanyň hökümeti içki syýasatda nähili möhüm çäreleri amala aşyrýar?
2. „Dreýfusyň işin“den gözlenen esasy maksat nämedi?
3. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Fransiýanyň ykdysady ýagdaýynda nähili özgerişler bolup geçdi?
4. Fransiýanyň zähmetkeşleri öz hak-hukuklary üçin alyp baran göreşlerinde nämeleri gazandy?

1. Näme üçin ahyrky netijede Fransiýada jemgyýeti özgertmeler ýoly bilen gaýtadan gurmak ýoly üstün çykypdyr?
2. Estergazi barada maglumat toplaň we düşündiriň.
3. Fransiýanyň eksportynda haýsy ugurlar öňdebaryjy orny eýeledi? Näme üçin?
4. Fransiýa haýsy döwletlere köpräk kapital çykardy? Düşündiriň.

## 7-§. Fransiýanyň daşary syýasaty

**Ýurduň halkara ýagdaýy**

XIX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap Fransiýanyň halkara meýdandaky ýagdaýy gowşaýar. Prussiýa bilen bolan uruşdaky tozduryjy şowsuzlykdan soň Ýewropa kontinentindäki öňdebaryjy döwletlerden biri bolan Fransiýanyň abraýy puja çykdy. Indi Fransiýa Germaniýanyň hüjüminden gorkup ýaşaýan döwlete öwrülýär.

Aýratynam, 1879-njy ýylda Germaniýa bilen Awstro-Wengriýanyň arasynda düzülen soýuzdaşlyk şertnamasy Fransiýanyň halkara ýagdaýynyň has-da erbetleşdirip goýberýär. Şeýle bolsa-da, Fransiýa başga beýik döwletleriň arasyndaky dawalardan ussatlyk bilen peýdalanyp, öz kolonial imperiýasyny barha giňeltmäge mümkinçilik gazanýar.

**Kolonial imperiýanyň döremegi**

XIX asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyryndan başlap kolonializm syýasatynyň ýönelişi öň basyp alnan koloniýa çäklerini özleşdirmek we täze koloniýalary basyp almaga gönükdirilýär.

1881-nji ýylda Demirgazyk Afrikada ýerleşýän Tunisiň basyp alynmagy täze koloniýalary basyp almak ugrundaky ilkinji ädim bolýar. Germaniýa Fransiýanyň Tunisi basyp almagyna bilgeşleýin garşylyk görkezmedi. Onuň maksady Fransiýa we Italiýa gatnaşyklaryny ýitileşdirmekdi. Çünki Germaniýa Italiýanyň hem Tunise dawagärdigini gowy bilýärdi.

Fransiýa bilen gatnaşyklary ýitileşen Italiýa indi Germaniýa bilen ýakynlaşyp başlaýar. Ahyrky netijede, bu ýakynlaşma 1882-nji ýylda Italiýanyň 1879-njy ýylda Germaniýa bilen Awstro-Wengriýa imperiýalarynyň arasynda düzülen harby-syýasy soýuza goşulyşmagyna getirdi. Şeýdip, Ýewropada dünýä taryhyna „Üçler soýuzy“ ady bilen giren harby-syýasy soýuz emele geldi.

Fransiýanyň Afrikadaky basybalyjylykly syýasaty diňe Tunis bilen çäklenmeýär. Tersine, 1891–1896-njy ýyllaryň dowamynda Gwineýany, Senegaly, Madagaskary we Mawritaniýany hem basyp alýar. 1912-nji ýylda bolsa Marokkonyň üstünden öz protektoratyny ornaşdyrýar.

Fransiýa Aziýada hem öz koloniýalaryny barha köpeldýär. 1884-nji ýylda Wýetnamy eýeleýär. Aradan on ýyl geçensoň, Laosyň üstün-

den protektorat ornaşdyrýar. Şeýlelikde, 20 mln. ilat ýaşaýan kolonial imperiýa düzülýär. Bu kolonial imperiýa sebäpli Fransiýa uly girdeji çeşmelerine eýe bolýar.

**Beýik Britaniýa bilen ysnyşma**

Germaniýa barha Beýik Britaniýanyň Ýewropadaky birinji döwlet ýagdaýyna iň köp derejede howp salýan döwlete öwrülýänligi Beýik Britaniýanyň hökümdar toparlaryny aladalandyrman goýmady. Germaniýa bu döwürde halkara syýasy meýdanda „günüň hemme döwletleriň üstüne birmeňzeş şöhle saçmalydygyny“ dawa edýärdi. Bu uly üç kolonizator döwlet – Beýik Britaniýa, Fransiýa we Rus imperiýasynyň koloniýalaryny gaýtadan bölmäge dawagärlik, diýildigidi. Bu dawa Fransiýany hem aladalandyrýardy. Fransiýa üçin şu wagta çenli halkara möçberde esasy bäsdeşi bolup gelen Beýik Britaniýa bilen ýakynlaşma ýollaryny gözlemekden başga ýol ýokdy. Şol bir wagtda, Beýik Britaniýa üçin hem Fransiýa bilen ýakynlaşma onuň bähbitlerine gabat gelýärdi. Çünki bu döwürde halkara meýdanda Germaniýa onuň birinji bäsdeşine öwrülipdi.

Ahyrsoňy, Fransiýa – Beýik Britaniýa ysnyşmasy bolup geçýär. Bu ysnyşma 1904-nji ýylda olaryň arasynda ylalaşyga gol çekilmegi bilen tamamlanýar. Bu ylalaşyk olaryň koloniýalar meselesi boýunça ylalaşyklaryny özünde jemleýärdi. Hususan-da, Fransiýa Beýik Britaniýanyň Müsürdäki hereketlerine mundan beýläk päsgel bermeýändigini, Müsüriň Beýik Britaniýanyň täsir sferasyndadygyny ykrar edýär. Öz gezeginde, Beýik Britaniýa Fransiýanyň Marokkodaky bähbitlerini ykrar edýär.

Marokonyň soltany öz wezipesini ýerine ýetirip bilmezlik ähtimaly barlygy we şeýle bolaýsa, Marokonyň çäginiň Gibraltar bogazyna gönüden-göni utgaşýan bölegini Ispaniýa bermek bellenilýär. Marokonyň galan bölegini Fransiýa öz eline almagy nazarda tutulýar.

Beýik Britaniýa üçin Gibraltar bogazy Fransiýanyň däl, başga özi üçin howpsuzrak bolan Ispaniýanyň garamagynda bolany makuldy.

1904-nji ýyldaky iki döwletiň arasyndaky ylalaşyk aslynda Beýik Britaniýa bilen Fransiýanyň arasynda harby-syýasy soýuz barada şertnama düzülenligini hem aňladýardy.

**Russiýa bilen ysnyşma**

XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Russiýa we Awstro-Wengriýa gatnaşyklary barha erbet-

leşýärdi. Muňa iki imperiýanyň bähbitleriniň Balkan ýarymadasynda ýiti çaknyşanlygy sebäp bolýar.

1879-njy ýylda Germaniýa we Awstro-Wengriýa harby-syýasy soýuzynyň düzülmegi hem-de bu soýuza Italiýanyň goşulyşmagy ýagdaýy ýene-de çylşyrymlaşdyrýar. Şeýle bir şertde Fransiýanyň we Russiýanyň ysnyşmagy tebigy bir ýagdaýdy. Germaniýanyň ýene-de güýçlenmegini islemedik Russiýa Germaniýanyň Fransiýa garşy täze uruş açmak planlaryna päsgel berýärdi.

1882-nji ýylda „Üçler soýuzy"nyň döredilenligi Fransiýa bilen Russiýany ýakynlaşmaga mejbur etdi.

Ahyrynda, 1891-nji ýylda bu iki döwletiň arasynda soýuz ylalaşygy düzülýär. Ylalaşyga görä, bu iki döwletden birine daşky hüjüm edilende, iki tarap hem bir wagtyň özünde harby mobilizasiýa yglan etmegi göz öňünde tutulýar.

1907-nji ýylda bolsa Russiýa 1904-nji ýylda Beýik Britaniýa bilen Fransiýanyň arasynda düzülen harby-syýasy soýuza goşulýar. Şeýdip Antanta emele gelýär we Ýewropanyň kolonizator döwletleri iki harby-syýasy soýuza bölünýärler.

1. Ýewropa kontinentindäki öňdebaryjy döwletlerden biri bolan Fransiýanyň ýagdaýy nähili sebäplere görä puja çykdy?
2. Fransiýanyň kolonial imperiýasy nädip döredildi?
3. Fransiýany Beýik Britaniýa we Rus imperiýasy bilen ýakynlaşmaga mejbur eden faktorlaryň meňzeş we özboluşly taraplaryny anyklaň.

1. Näme üçin düýn özara gatnaşyklary ýaman bolup gelen döwletler wagtyň geçmegi bilen bir-birine soýuzdaş ýa-da, tersine, özara gatnaşyklary ýagşy bolup gelen döwletler bolsa bäsdeş döwletlere öwrülipdir?
2. Fransiýa – Germaniýa gatnaşyklary barada gysgaça düzme ýazyň.
3. Antanta nähili peýda boldy? Düşündiriň.

## 8-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Germaniýa. Imperiýanyň döremegi

**Germaniýany birleşdirmegiň tamamlanmagy**

Entek Fransiýa – Prussiýa urşy dowam edýärkä, ýagny 1871-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda ähli german döwletleriniň monarhlary Wersalda toplanyp, Prussiýanyň koroly Wilgelm I-ni Germaniýanyň imperatory diýip yglan edýärler. Bu Germaniýanyň ikinji gezek imperiýa diýlip yglan edilmegidi. (Ýada salyň: Germaniýa haçan birinji gezek imperiýa diýlip yglan edilipdi?) Şeýdip, bütin Germaniýanyň çäginiň 2/3 böleginde ýerleşýän, ilatynyň bolsa 60%-i ýaşaýan Prussiýa monarhiýasynyň öňdebaryjylygynda Germaniýanyň birleşdirilmegi tamamlanýar. Ýeke-täk we bitewi Germaniýa imperiýasy döredilýär.

**1871-nji ýyldaky imperiýanyň konstitusiýasy**

1871-nji ýylda imperiýanyň reýhstagy umumgerman konstitusiýasyny kabul etdi. Germaniýa imperiýasy soýuzçylar döwletine öwrülýär. Elzas-Lotaringiýa imperiýanyň düzümine häkim (ştatgalter) tarapyndan dolandyrylýan „mahsus imperiýa welaýaty“ bolup girdi. Häkimi imperatoryň özi belleýärdi. Imperiýa giren käbir döwletler öz konstitusiýalaryny we parlamentlerini (landtaglaryny) saklap galýar.

Konstitusiýa görä, Imperiýanyň ýokary ygtyýarly edaralary Soýuz Geňeşi (Bundesrat) bilen Reýhstagdy. Konstitusiýada birleşen Germaniýada Prussiýanyň gegemonlygy berkidildi. Imperator uruş yglan edýärdi, ýaraşyk düzýärdi, halkara gatnaşyklarda imperiýanyň adyndan iş görýärdi. Şol bir wagtda, ol imperiýanyň ýaragly güýçleriniň baş serkerdebaşysy hemdi. Impertor öz ygtyýary bilen Reýhstagyň we Soýuz Geňeşiniň sessiýalaryny çagyrmak, açmak, dargadyp goýbermek ýa-da möhletini uzaltmak, imperiýanyň kanslerini bellemek we boşatmak hukuklaryna eýedi.



**Otto fon Bismark**

1871-nji ýylyň konstitusiýasyna görä, imperator bir wagtyň özünde Prussiýanyň koroly hem hasaplanýardy.

Germaniýanyň birinji imperiýasynyň kansleri wezipesine Otto fon Bismark bellenýär. Ol

döwlet dolandyryşynda uly tejribä eýe bolup, 20 ýylyň diýen ýaly dowamynda (1871–1890) ýurduň hökümetini dolandyrýar. Bismark Germaniýanyň taryhynda „Demir kansler“ lakamy bilen at galdyrdy.

Reýhstag, konstitusiýada görkezilişi ýaly, umumy saýlaw hukugy esasynda bäş ýyl möhlete saýlanýardy. Ýöne amalda saýlaw hukugy diňe adyna umumydy. Harby gullukçylardan daşary, diňe 25 ýaşa dolan erkekler saýlaw hukugyndan peýdalanýardy.

**Germaniýanyň ykdysady ösüşi**

70–80-nji ýyllarda Germaniýanyň ykdysadyýeti pajarlap ösüp başlaýar. Onuň senagat önümleri ähli kontinentleriň döwletleriniň bazarlaryna girip barýar. Eýsem, nähili faktorlar Germaniýanyň ykdysadyýetiniň pajarlap ösmegine sebäp bolupdyr?

Baş faktor – Germaniýanyň birleşdirilenligidi. Bu birleşme sebäpli ýeke-täk içki bazar emele geldi. Ýagny gümrük böwetleri alyp taşlanýar. Ýeke-täk pul, ölçeg we agyrlyk birlikleri girizilýär.

Ikinji faktor – Fransiýanyň talanmagy bolýar. Fransiýa 3 ýylyň içinde 5 mlrd. frank kontribusiýa tölemäge mejbur edilýär. Ondan çekip alnan we demir magdanyna baý Lotaringiýa bilen Saar daşkömür käni bilelikde Germaniýanyň agyr senagatynyň ösüşinde möhüm ähmiýete eýe boldy.

Üçünji faktor – Germaniýanyň telekeçileri başga döwletleriň tejribelerinden üstünlikli peýdalandy. Önümçilige iň öňdebaryjy tehnologiýa hem-de ylmyň we tehnikanyň gazananlary ornaşdyrylýar. Aýratynam, Tomson tarapyndan fosfory almak prosesiniň ýönekeýleşdirilmegi Germaniýanyň senagatynyň pajarlap ösmegi üçin uly mümkinçilikleri döretdi. Çünki Germaniýa fosfor magdanlarynyň esasy mekanydy.

Dördünji faktor – senagatyň çalt depginler bilen harbylaşdyrylmagy önümçiligiň ösüşine täsir etmän durmady. Fransiýadan alnan kontribusiýanyň mälim bölegi harby buýurmalar üçin tölendi.

Bu faktorlar, şol bir wagtda, Germaniýany agrar döwletden industrial döwlete öwürdi.

Germaniýa himiýa senagatynda dünýäde birinji orna çykýar. Demir we polat öndürmekde bolsa ABŞ-dan soň ikinji orna çykýar. Çoýun öndürmek 1912-nji ýylda 17,6 mln. tonna ýetýär.

Senagatyň ösmegi bilen önümçilik barha iriräk kärhanalarda toplanýar. Senagatda önümçiligiň merkezleşmegi güýçlenýär. Meselem, kömür gazyp çykarmak, çoýun we polat eretmek, esasan, 4 monopoliýanyň elinde toplanýar.



**Şnaýder zawodynda toplaryň gurnalyş prosesi.**

1914-nji ýyla gelip, Germaniýada senagat önümçiligi 1871-nji ýyla garanda 7 esse köpeldi.

Senagat önümçiliginiň göwrümi taýdan Germaniýa dünýäde ABŞ-dan soň ikinji orny eýeledi. Oba hojalygy hem çalt depginler bilen ösüp başlaýar.

***Bundesrat*** (Soýuz Geňeşi) – Germaniýanyň parlamentiniň ýokary palatasy.
***Reýhstag*** – Germaniýanyň parlamentiniň aşaky palatasy.
***Kansler*** – Premýer ministr.

1. Germaniýa birinji gezek haçan imperiýa diýlip yglan edilipdi?
2. Germaniýany birleşdirmek prosesi barada nämeleri bildiňiz?
3. Imperiýanyň döwlet häkimiýetiniň ýokary organlarynyň atlaryny aýdyp beriň.
4. Nähili faktorlar Germaniýanyň ykdysady taýdan pajarlap ösüşini üpjün etdi?

1. Otto fon Bismark barada referat taýýarlaň.
2. Bu günki günde Germaniýa Federatiw Respublikasy bilen Özbegistan Respublikasynyň gatnaşygyna degişli maglumatlary toplaň.

## 9- §. Imperiýanyň içki syýasaty

**Içki syýasat**

Germaniýanyň hökümeti içki syýasatda ýurdy prusslaşdyrmak meselesine aýratyn üns berýär. Imperiýanyň konstitusiýasynda diňe Prussiýa korollary Germaniýanyň imperatory bolup bilýändikleriniň bellenendigi munuň aýdyň delilidi.

Polşa bilen Fransiýanyň Germaniýa geçen çäklerinde-de prusslaşdyryş syýasaty ýöredilýär. Polýak dilinde okadylýan mekdepler ýapylýar. Muňa jogap edip 1906-njy ýylda 100 müňden artyk polýak çagalary mekdebe barmakdan boýun towlaýarlar.

Bismarkyň hökümeti katolik buthanasynyň täsirini kemeltmäge gönükdirilen ençeme çäreleri amala aşyrýar. Mekdep buthanadan aýrylýar. Ruhanylaryň syýasy wagyz işleri gadagan edilýär. Ruhany kadrlary taýýarlamak, olary wezipelere bellemek işlerini döwlet öz eline alýar.

Raýatlyk ýagdaýynyň namalaryny ýazmak işleri-de (dogluş, nika, aradan çykanlygy) döwlet edaralarynyň ygtyýaryna geçirilýär. Bismarkyň katolik buthanasynyň täsirine garşy ulanan çäreleri „Kulturkampf“ (Medeniýet üçin göreş) diýen ady alýar.

Bismarkyň hökümeti, şol bir wagtda, işçiler we sosialistik hereketi aýawsyz basyp ýatyrmak syýasatyny ýöredýär. Bu döwürde 1875-nji ýylda döredilen Germaniýa sosial-demokratik partiýasynyň (GSDP) täsiri barha artýardy.

1878-nji ýylda sosialistlere garşy adatdan daşary kanun („Sosial-demokratlaryň howply ymtylmalara garşy kanun“ diýlip atlandyrylan) kabul edilýär. Onuň kabul edilmegine imperator Wilgelm I -e görä iki gezek guralan kast etme bahana bolýar. Bu kast etmäni sosialistler guramandy. Şeýle bolsa-da, Bismark olary jemgyýetçilik tertibini bozujylar diýip hasaplaýardy. Bu kanun partiýanyň işini amalda gadagan edýär. Kanun 2,5 ýyllyk möhlete kabul edilen bolsa-da, ol 12 ýylyň dowamynda amal edýär.

Bismarkyň hökümeti diňe yzarlamalar bilen ýurtda syýasy durnuklylygy üpjün edip bolmaýandygyna gowy düşünýärdi. Ol işçilere degişli kanunlary hem kabul etmeli diýip hasaplaýar we ony gazanýar.

Mysal üçin, bular işçiler kesel bolanda, şikeslenende, garrylyk çagynda we zähmet ukybyny ýitirende ätiýaçlandyryş almak baradaky kanunlardy.

1888-nji ýylda Wilgelm I aradan çykýar. Tagty 28 ýaşly Wilgelm II (1888–1918) eýeleýär. Ol häkimiýeti hiç kim bilen, hatda Bismark bilen hem bölüşmegi islemeýär we ýeke-täk hökümdarlyga ymtylýar.

1889-njy ýylda Bismark Reýhstagyň öňüne sosialistlere garşy kanuna hemişelik äheň bermek meselesini goýýar. Ýöne Reýhstag muny ret edýär. Imperator hem Bismarky goldamaýar. Bismark muny öz mertebesine äsgermezlik diýip kabul edýär we 1890-njy ýylda otstawka çykýar. Täze hökümet adatdan daşary kanuny ýatyrýar.

GSDP açyk ýagdaýda işlemek şertine geçýär. Partiýa zähmetkeşleriň bähbidini goramak syýasatyny dowam etdirýär. Ol iň güýçli we köpçülikleýin partiýalardan birine öwrülýär. Netijede, 1891-nji ýyldan başlap ýekşenbe dynç alyş güni diýlip bellenýär. 13 ýaşdan kiçi bolan çagalar zähmeti gadagan edilýär. Aýal-gyzlar üçin 11 sagatlyk iş güni girizilýär.

**Oba hojalygyndaky ýagdaý**

Oba hojalygynda ähli sürülýän ýerleriň 25%-e golaýy ýunkerleriň (uly ýer eýeleri) elinde jemlenipdi. Ýunkerler hojalyk ýöretmekde hakynatutma zähmetden peýdalanmaga geçýärler. Şol bir wagtda, oba hojalygynda ulanmak üçin döredilen tehnikalardan önümli peýdalanmaga aýratyn üns berilýär. Giň möçberde mineral dökünlerden peýdalanmaga geçilýär.

Bular, öz gezeginde, zähmet öndürijiliginiň artmagyny, hasyldarlygyň artmagyny üpjün edýär.

Oba hojalygynda tehnikanyň giňden ulanylmagy artykmaç işçi güýçleriniň iş gözläp şähere göçmegine getirýär. Bu bolsa pajarlap ösýän senagaty işçi güýji bilen üpjün etmäge giň ýol açýar.

Germaniýanyň gysga taryhy döwrüň içinde agrar döwletden güýçli industrial döwlete öwrülmeginde bu faktor hem möhüm rol oýnaýar. Germaniýa näçe pakarlap össe-de, bu ýurduň işçileri ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň işçilerine garanda kem iş hakyny alýardylar. 1900–1903-nji ýyllardaky dünýä ykdysady krizisi işsizligiň artmagyna, iş hakynyň ýene-de kemelmegine getirýär.

**Zähmetkeşleriň bähbiti üçin göreş**

Netijede, işçileriň maddy ýagdaýy agyrlaşýar. Şeýle şertde GSDP işçileriň bähbidini parlament ýoly bilen gorap başlaýar. 1912-nji ýyldaky parlament saýlawynda bu partiýa 34,8% ses almaga miýesser bolýar. Bu üstünlik hökümeti hem eglişik etmäge mejbur edýär. Netijede, iş haky bölekleýin bolsa-da artdyrylýar, iş gününiň

gysgaldylmagy gazanylýar. Ýöne işçiler munuň bilen göreşi togtatmaýarlar. Olar indi 8 sagatlyk iş gününiň bellenmegini talap edip çykyp başlaýarlar.

GSDP işçileriň bähbiti üçin göreşiň parahatçylykly, parlament ýoluny saýlapdy. Bu Pariž Kommunasynyň sapaklaryndan gelip çykyp saýlanan ýeke-täk dogry ýoldy. GSDP-niň parlament ýoly bilen göreş taktikasynyň esasynda jemgyýetdäki derwaýys, esasy meseleleri özgertme ýoly bilen çözmek maksady ýatýardy. Şol bir wagtda, bu ýol raýatlaryň asudalygyny hem nazarda tutýardy.

1. „Germaniýany prusslaşdyryş“ jümlesiniň mazmunyny düşündirip beriň.
2. „Kulturkampf“ näme?
3. Bismark näme üçin otstawka çykdy?
4. GSDP zähmetkeşleriniň bähbiti üçin göreş ugrunda nähili üstünlikleri gazandy?

1. Ýurduň oba hojalygy nähili ösdi? Başga döwletler bilen deňeşdiriň.
2. Işçileriň bähbidi kimler tarapyndan goraldy?
3. Bu günki Germaniýada haýsy partiýa häkimiýeti dolandyrýandygyny anyklaň.

## 10-§. Imperiýanyň daşary syýasaty

**Dünýäni gaýtadan bölmäge dawagärlik**

Beýik Britaniýa we Fransiýa örän uly koloniýalara eýe bolmak bilen Germaniýa beýle koloniýalara eýe däldi. Germaniýanyň hökümdarlary „günüň hemmäniň üstüne birmeňzeş şöhle saçýandygy“ talaby bilen çykýarlar.

Bismark Germaniýanyň halkara meýdandaky täsirini güýçlendirmegi öz öňüne wezipe edip goýýar. Täzeden döredilen fransuz goşunyny öç alyjy goşun, diýip hasaplap başlaýar. Şu sebäpli, Fransiýa entek doly pugtalanmazdan, onuň bilen uruş etmäge howlugýardy. Ýöne Russiýa bilen Beýik Britaniýa Germaniýanyň güýçlenmegini islemeýärdi.

Bismark bolsa iki frontda uruş etmekden gorkýardy. Şeýle şertde ol özüne soýuzdaş gözledi we tiz arada ony tapýar hem. Bu Awstro-Wengriýa imperiýasydy. 1879-njy ýylda Germaniýa Awstro-Wen-

griýa bilen soýuz düzýär. 1882-nji ýylda Awstro-Wengriýa – Germaniýa soýuzyna Italiýa goşulýar. Muňa Italiýanyň Fransiýa bilen gatnaşygynyň ýitileşmegi sebäp bolýar. Mysal üçin, Fransiýa Italiýa dawa edip ýören Tunisi basyp alypdy. Awstro-Wengriýa imperiýasy bolsa bu wagtda Balkan ýarymadasynda Russiýa bilen bäsleşýärdi. Şeýdip, üç pikirdeş güýçler birleşip, 1882-nji ýylda harby soýuz – „Üçler soýuzyny“ düzmek başardýar. Şeýlelikde Germaniýa Fransiýa we Russiýa garşy gönükdirilen koalisiýa baş bolýar. Bismark Russiýany öz syýasy planlaryny amala aşyrmak ugrundaky esasy böwet hasaplaýardy.

Ýöne Bismark bir wagtda hem Fransiýa, hem Russiýa garşy göreşmegiň ýeňil däldigini aňýardy.

1891-nji ýylda şowinistik gurama – „German soýuzy“ düzülýär. „Korol Prussiýanyň üstünde, Prussiýa Germaniýanyň üstünde, Germaniýa dünýäniň üstünde“ diýen şygar öňe sürülýär.

**Germaniýanyň kolonial ekspansiýasy**

Germaniýa Ýewropada urşa taýýarlanmak bilen bir wagtda koloniýalary basyp almaga-da girişýär. 1882-nji ýylda Bremeniň söwdagärleri Afrikanyň günorta-günbatar kenaryndaky Angra – Peken buhtasyna gelýärler. Olar 200 sany köne tüpeň we 2000 marka ýerli taýpa baştutanyndan ep-esli çägi satyn alýarlar. Tiz arada Germaniýa bu ýeri öz protektoraty diýip yglan etdi. Afrika emeldarlar we esgerler iberilýär. Olaryň täze ýerleri basyp almaga çalyşmagy ýerli halkyň berk garşylygyna duçar bolýar.

Germaniýa Afrikanyň orta bölegindäki Togo we Kamerun çäklerini, Gwineýanyň demirgazyk bölegini we oňa ýanaşyk adalary eýeleýär we Afrikanyň gündogar bölegindäki çäkleri we Zanzibary zabt edýär. Bu çäk „Germaniýa Gündogar Afrikasy“ diýen ady alýar.

Wilgelm II Germaniýa hökümdarlarynyň basybalyjylykly syýasatynyň „jarçysy“ we işeňňir amala aşyryjysy bolup çykýar. 90-njy ýyllaryň ahyrynda Şandun (Hytaý) prowinsiýasynyň bir bölegi basyp alynýar. Şol wagtyň özünde, Germaniýa Ýuwaş okeandaky Karolina, Mariana adalaryny we Samoa adasynyň bir bölegini eýeläpdi. Köp geçmän Marşall adalaryny eýeleýär.

Demirgazyk deňzi Boltiq deňzi bilen utgaşdyrýan Kil kanaly açylýar. Reýhstag harby flot gurmagyň uly maksatnamasyny kabul edýär. Bu zat Beýik Britaniýa bilen gatnaşygy ýene-de

ýitileşdirýär. Marokko dawasy bolsa Fransiýa bilen gatnaşyklary has-da erbetleşdirýär.

Afrikada „bizi boş galdyrdylar“ diýip hasaplaýan german hökümdarlary „elinden gidirenleriň“ ýerini Ýakyn Gündogarda doldurmakçy bolýar. Olar Kiçi Aziýada, Siriýada, Mesopotamiýada we Palestinada ýerleşmekçidiler. Çünki bu ýerlerde dünýädäki iň iri nebit känleri, galla we pagta çig mallary bardy. Nemes bankiri Simensiň başlangyjy bilen Berlini Pars aýlagy bilen baglaýan demir ýol gurmak plany düzülýär.

1889-njy ýylda Wilgelm II „hezret Isanyň gubury“ny zyýarat etmek bahanasy bilen Palestina barýar. Ol sapar wagtynda Türkiýäniň soltany bilen duşuşyp, plan boýunça Bosfordan Kiçi Aziýa arkaly Bagdada we ondan Pars aýlagyna çenli demir ýol gurmak barada ylalaşýar. Bu ýol „Bagdat demir ýoly“ ady bilen taryha girdi.

Nemesleriň Pars aýlagyna çykmagy Beýik Britaniýanyň bu çäkdäki bähbitlerine putur ýetirýärdi. Şu sebäpli, Beýik Britaniýa „Bagdat demir ýolu“nyň Pars aýlagyna çykmagyna ýol bermezlik üçin Kuweýtde öz protektoratyny ornaşdyrýar. Şuňa seretmezden, Osmanly döwleti bilen Germaniýanyň arasynda demir ýol meselesinde jemleýji ylalaşyga gol çekilýär.

Şol bir wagtda, Germaniýa zor berip ýaraglanmagy ýene-de güýçlendirip goýberýär.

Ýaragly güýçleriň sany ýiti köpeldilýär. Reýhstag uly harby gämileri gurmak we suwasty floty üçin uly-uly serişdeleri goýberýär.

Ýöne 1907-nji ýylda düzülen Beýik Britaniýa, Fransiýa we Russiýa soýuzy Germaniýanyň daşky ýagdaýyny çylşyrymlaşdyryp goýberýär.

### Germaniýanyň Osmanly döwleti bilen gatnaşyklary

XIX asyryň ahyryndan başlap, Germaniýa – Osmanly döwleti bilen gatnaşyklary barha ysnyşýardy. Osmanly döwleti Germaniýanyň keşbinde öz halasgärini gören ýalydy.

Eýsem, muňa nämeler sebäp bolupdyr? Ýewropanyň beýik döwletleri bolan Beýik Britaniýa hem, Fransiýa we Russiýa hem Osmanly döwleti üçin Imperiýanyň entek ol, entek bu çäklerine göz gyzdyrýan ýa-da olary yzly-yzyna basyp alýan umumy duşman döwletlere öwrülipdi.

Gara deňzi Ortaýer deňzi bilen baglamaga mümkinçilik berýän Osmanly döwletine garaşly Bosfor we Dardanell bogazlaryna, Stambul

şäherine Russiýa dawagärlik edip başlaýar. Şeýle şertde Germaniýa Osmanly döwletiniň gözüniň öňünde onuň imperiýasynyň çäklerine dawa etmeýän ýeke-täk döwletdi.

Beýik döwletleriň basyşyna döz gelmek üçin Osmanly döwletine Germaniýa ýaly soýuzdaş zerurdy. Germaniýa üçin Bagdat demir ýoluny guraýsa, gelejekde bütin Ýakyn Gündogara eýelik etmegi mümkin ýalydy. Şonuň üçin hem Germaniýa Osmanly döwletini hem maliýe taýdan, hem harby taýdan goldaýardy.

Bu iki döwletiň arasyndaky ýakynlyk, ahyrky netijede, Osmanly döwletini özi duýmadyk ýagdaýda Germaniýanyň wassalyna diýen ýaly öwürýär. Indi, Osmanly döwleti ieleýärmi, ýokmy ýakynlaşyp gelýän Birinji jahan urşunda Germaniýanyň tarapynda durup uruşda gatnaşmaga mejburdy.

### Urşuň gutulgysyzlygy

XIX asyryň 90-njy ýyllarynda Germaniýa eýelän koloniýalaryň çägi özüniň çäginden bäş esse diýen ýaly artykdy.

*Birinjiden*, Germaniýanyň Ýewropada hökümdar bolmagy baradaky dawalary güýçlendi.

*Ikinjiden*, dünýä bazarlarynda Germaniýa Beýik Britaniýanyň esasy bäsdeşine öwrülýär.

*Üçünjiden*, Afrikany gaýtadan paýlamagy talap edýänligi onuň hem Fransiýa, hem Beýik Britaniýa bilen gatnaşyklaryny has-da ýitileşdirip goýberýär.

*Dördünjiden*, Germaniýanyň Balkana, Ýakyn, Orta we Uzak Gündogara sokulyp girmegi şu derejede işeňňirleşip, bu işeňňirlik taryha „Gündogara hüjüm“ („Grang nach osten“) ady bilen girdi.

Indi, Germaniýanyň hökümdarlary bu ýagty dünýäden ýer talap edip başlaýar. Şol bir wagtda, ähli halkara dawalardan öz bähbidi ugrunda peýdalanmaga çalyşýar. Rus imperiýasynyň Balkan ýarymadasyndaky bähbitlerini äsgermän, Awstro-Wengriýanyň Balkan syýasatyny goldaýar.

Dünýäniň ähli nokatlarynda German ekspansiýasy Beýik Britaniýanyň bähbitlerine el urýar we onuň garşylygyna duçar bolýar.

Germaniýanyň imperatory Wilgelm II „Germaniýanyň gelejegi deňizde“ diýen şygary yglan edýär. Bu şygar deňiz hökümdary – Beýik Britaniýanyň harby flotuna deň gelýän flot döretmek zerurlygyny aňladýardy.

Germaniýa harby deňiz floty güýç taýdan ikinji orna çykypdy. Imperator maksadyny amala aşyrmak üçin täze harby gämileri gurmak işi çaltlandyrylýar.

1905-nji ýylda Germaniýanyň ýaragly güýçleriniň Baş ştaby iki frontda, ýagny hem Günbatarda, hem Gündogarda (Russiýa garşy) uruş alyp barmak planyny işläp taýýarlaýar.

Germaniýa hem harby, hem ykdysady we hem ideologiýa taýdan urşa taýýarlanmakda özüniň bädeşlerinden ozýar.

***Koalisiýa*** (latynça – birleşen) – bir ýa-da birnäçe döwletlere garşy birleşip hereket etmek üçin iki ýa-da ondan köp döwletleriň düzen wagtlaýyn harby-syýasy soýuzy.
***Ekspansiýa*** (latynça – giňeltmek) – kolonizator döwletleriň özgeleriň çägini we bazarlaryny, çig mal çeşmelerini basyp almaga, syýasy we ykdysady täsir sferalaryny giňeltmäge gönükdirilen syýasatlary.

1. Germaniýanyň daşary syýasatynyň esasy maksady nämedi?
2. Germaniýa, Awstro-Wengriýa we Italiýa harby-syýasy soýuzy nädip emele geldi?
3. Näme üçin Germaniýa Ýewropanyň iň beýik döwletleri hasaplanýan Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň we Russiýanyň hiç bolmanda biri bilen hem soýuz şertnamasyny düzüp bilmedi?
4. Germaniýanyň I jahan urşuna zor berip gören taýýarlygyny mysallar bilen esaslandyryň.
5. Bu günki Germaniýa Federativ Respublikasy we Fransiýa gatnaşyklaryna degişli maglumatlary toplaň.

1. „German soýuzy“nyň esasy maksady barada referat taýýarlaň.
2. Kartadan peýdalanyp Germaniýanyň koloniýalaryny anyklap, olara düşündiriş beriň.
3. „Bagdat demir ýoly“ düşünjesini düşündiriň.
4. Germaniýa näme üçin Osmanly döwleti bilen ýakynlaşdy?

## 11-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Beýik Britaniýanyň syýasy we ykdysady ýagdaýy

**Ýurduň syýasy düzümi**

Beýik Britaniýa bu döwürde hem çäklendirilmedik monarhiýady. Ýöne Germaniýadan tapawutlylykda, bu döwletde korol häkimiýeti esasy rol oýnamaýardy.

Beýik Britaniýanyň korollary diňe döwlet baştutanydy. Olar döwleti amalda dolandyrmandyrlar. Döwletiň içki we daşary syýasatyny dolandyrmak parlament düzýän hökümetiň elindedi.

Beýik Britaniýada haýsy partiýa parlament saýlawynda ýeňiji bolsa, şol partiýa hökümeti düzýärdi. Ýurtda güýçli iki partiýaly ulgam emele gelen bolup, olaryň biri Konserwatorlar, ikinjisi bolsa Liberallar partiýasy diýlip atlandyrylýardy. Konserwatorlar partiýasynyň esasy daýanjy iri ýer eýeleri we anglikan buthanasy, Liberallar partiýasynyň esasy daýanjy bolsa orta synp wekilleridi.

Konserwatorlar partiýasy däplere sadyklygy bilen tapawutlansa, Liberallar partiýasy zamanyň ruhuna laýyk özgertmeleri geçirmek başlangyçlary bilen tapawutlanýardy. Şol bir wagtda, olary birleşdirýän ýeke-täk bähbitler hem bardy. Bu bähbitleriň ýakynlygynyň esasyny Beýik Britaniýanyň dünýäde öňdebaryjy döwlet derejesini saklap galmaga ymtylmagy, kolonial imperiýany ýene-de giňeltmek, dünýä bazarlaryndan öz bäsdeşlerini mümkingadar köpräk gysyp çykarmaga ymtylmak ýaly maksatlar düzüpdir.

XIX asyryň ortalaryna gelip Beýik Britaniýada demokratik jemgyýetiň esaslary emele geldi. Bular – söz, çykyşlar geçirmek, metbugat azatlygy ýalylarda öz beýanyny tapdy. Şonuň ýaly-da, gatlaklaýyn ýeňillikler ýatyryldy. Birinji orna adamyň haýsy gatlaga degişliligi däl, şahsyň azatlygy, ukyby, garaşsyzlygy, indiwiduallygy goýulýar.

1867-nji ýylda geçirilen parlament özgertmesi sebäpli saýlawda gatnaşyjylar üçin emläk senzi kemeldilýär. Netijede, erkek ilatyň 50 göterimi saýlaw hukugyna eýe bolýar.

Liberallar partiýasyndan bolan U. Gladston Premýer ministrligi döwründe (1864–1874-nji ýyllar) hökümet ençeme özgertmeler geçirdi. Şol sanda, tred-ýunionlara öz bähbitlerini sudda goramak hukugy berildi we iş taşlaşyşlar geçirilmegine rugsat edildi. Parlamente saýlawlaryň gizlin ses bermek ýoly bilen geçirmek girizilýär. Mekdep özgertmesi geçirildi.

B. Dizraeli Premýer ministrligi döwründe hem ençeme möhüm çäreler amala aşyryldy. 1875-nji ýylda hepdede 54 sagatlyk iş wagty bellendi. 10 ýaşdan kiçi çagalary işe kabul etmek gadagan edildi. 1911-nji ýylda ýene bir gezek parlament özgertmesi geçirildi. Bu özgertme Beýik Britaniýada demokratik jemgyýet we hukuk döwletliligiň ösüşi ugrunda möhüm basganҫak boldy.

### Ykdysady ösüşden yza galmak

XIX asyryň soňky çärýeginde Beýik Britaniýa ykdysady taýdan yza galyp başlaýar. „Dünýä ussahanasy“ diýip at alan Beýik Britaniýanyň XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda senagat önümçiliginiň göwrümi 2 esse gysgaldy. Senagat önümçiligi göwrümi boýunça 3-nji orna düşdi. Ýurduň dünýä ussahanasy derejesi geçmişe öwrülýär. Munuň esasy sebäbi – birinjiden, kapitalyň esasan daşary ýurda çykarylmagydy. Iňlis maýadarlary koloniýalarda zawod, fabrik we başga kärhanalary gurmagy makul bilýärler. Çünki koloniýalar çig mal we arzan işçi güýji çeşmesidi. Olary metropoliýa getirmek gymmat düşýärdi.

Daşary ýurda kapital çykarmak örän uly girdeji getiripdir. Onuň getiren peýdasy daşary söwda getiren peýdadan 5 esse köp bolupdyr. Peýda kowalaşmak netijesinde Beýik Britaniýanyň özündäki kärhanalar öz wagtynda döwrebap tehnika we tehnologiýalar bilen gaýtadan enjamlaşdyrylman galdy. Munuň netijesinde Beýik Britaniýa senagat önümleriniň bäsdeşlik edip bilijiligi peseldi. Germaniýanyň we ABŞ-nyň harytlary dünýäniň ähli bazarlarynda Beýik Britaniýanyň harytlaryny gysyp çykaryp başlaýar. Çünki Germaniýa we ABŞ harytlary hem oňat hilli, hem arzandy. Şu sebäpli 20 ýylyň dowamynda, ýagny 80-nji ýyllardan çekip XX asyryň başlaryna çenli Germaniýanyň Beýik Britaniýa eksporty 41 göterim köpelipdir, ABŞ-dan eksport etmek bolsa iki esseden artyk artypdyr.

Mundan daşary, ýaş ösýän döwletler iňlis harytlaryna uly paç tölegini girizipdiler. Beýik Britaniýa bolsa entegem paçsyz söwda däbine sadyk bolup galýardy.

Ikinjiden, halkara meýdanda bölünen dünýäni gaýtadan bölmek üçin göreş güýjän bir şertde Beýik Britaniýa harby harajatlary köpeltmäge mejbur bolýar.

Şeýle bolsa-da, Beýik Britaniýa ykdysady taýdan entegem güýçlüdi. London dünýä maliýe merkezi hasaplanýar. Dünýä söwdasynda hasap-hesip entegem Beýik Britaniýanyň pul birligi (funt sterling) esasynda amala aşyrylýardy.

Iňlis kapitalizmi senagat ugrundaky öňki birinjiliginden mahrum bolan bolsa-da, örän uly peýda almak mümkinçiligini saklap galýar. Muny köpden köp koloniýalaryndaky örän uly bazarlary öz elinde saklap galmak arkaly gazandy. Mundan daşary, Beýik Britaniýanyň senagat taýdan üstünligi ýuwaş-ýuwaşdan elden gideni bilen, dünýä

araçylyk söwdasyndan, ätiýaçlandyryş, bank, gämigurluşyk ugrundaky monopol agalygyndan mahrum bolmandy. Beýik Britaniýanyň buržuaziýasy bu monopol hökümdarlygy ilki bilen özüniň kolonial imperiýasy sebäpli uzak wagt saklap galmagy başardy.

***Kapital*** (latynça – baş, esasy) – maýa goýumlary; öz eýesine girdeji getirýän jemi serişdeler we pullar. Ýagny baha getiriji, özüni özi köpeldiji baha; pul tapýan pul.

1. „Syýasy düzüm“ we demokratik jemgyýet jümlesine hukukşynaslyga degişli ylymlardan alan bilimleriňize esaslanyp düşündiriş beriň.
2. „Güýçli iki partiýaly ulgam“ deýlende nämäni düşünýäsiňiz?
3. Konstitusion monarhiýa näme?
4. XIX asyryň soňky çärýegine gelende Beýik Britaniýanyň ykdysady ösüşde öňdebaryjy ýagdaýyny ýitirenliginiň sebäplerini düşündirip beriň.

1. „Dünýä ussahanasy“ jümlesini düşündiriň.
2. Beýik Britaniýada geçirilen özgertmeler boýunça referat ýazyň.

## 12-§. Beýik Britaniýanyň içki syýasaty

### Irlandiýa meselesi

Beýik Britaniýanyň içki syýasatyndaky ýiti meselelerden biri – Irlandiýa meselesidi.Irlandiýanyň kärendesine ýer alyp güzeran geçirýän daýhanlary gaty mätäçlikde ýaşaýardylar. Çünki ýerleri Britaniýa lendlordlary özleriniňki edip alypdylar. Köpçülik irlandiýalylar güzeran geçirmek üçin Amerika göçýärler. Açlyk, ölüm we göçüp gitmek netijesinde ilat sany has kemeldi.

1875-nji ýylda Beýik Britaniýanyň parlamentiniň deputaty, olsterli protestant, ýer eýesi Parnell Irlandiýa awtonomiýa hukugy berilmegi barada kanun kabul etmegi (gomrul) talap edýär. Şonuň ýaly-da, ol kärendäniň berk bolmagyny, kärende hakynyň ynsap bilen alynmagyny we kärendä alnan ýeriň elden-ele erkin geçmegini nazarda tutýan agrar özgertmäni amala aşyrmagy talap eden bileleşik – Irland oppozision toparyny öz töweregine birleşdirýär.

Parnell ýolbaşçylyk eden oppozisiýa abraýly güýje öwrülýär. Irland daýhanlarynyň „Ýer-suw ligasy“ atly köpçülikleýin guramasy şu

oppozisiýanyň daýanjy bolýar. Kärendeçileriň ýerden kowulmagyna jogap edip „Ýer-suw ligasy“ Irlandiýadaky uly ýer eýelerine garşy köpçülikleýin terror başlap goýberýär. Şol bir wagtda, Britaniýanyň harytlaryna baýkot güýçlenýär.

Beýik Britaniýanyň hökümeti 1881-nji ýylda irlandlara gomrulyň ýerine „Ýer-suw akty“ny teklip edýär. Onda 15 ýyllyk möhlete kärende mukdaryny adalat bilen kesgitleýän we kärendeçä öz ýer meýdanyny başga bir şahsa geçirmek hukugyny berýän komissiýa düzülmegi nazarda tutulypdy.

Irland „Ýer-suw ligasy“ bu tertibe garşy çykýar we baýkot güýçlendirip, britan pomeşiklerini gorkuzmak kompaniýasyny başlap goýberýär we gomruly talap edýär. Muňa jogap edip hökümet yzarlamany güýçlendirýär. Parnell tussag edilýär. „Ýer-suw ligasy“ gadagan edilýär.

Beýik Britaniýanyň hökümetiniň bu hereketleri diňe ýanyp duran oda ýag guýdugy bolýar. Irland daýhanlary Parnelliň çagyryşy bilen britan lendlordlaryna kärende haky tölemekden boýun towlaýarlar. Gadagan edilen „Ýer-suw ligasy“nyň ýerine „Aýal-gyzlar ýer ligasy“ düzülýär. Onuň bilen birlikde, „Aý şöhlesiniň batyrlary“, „Ak oglanlar“, „Ýeňilmez batyrlar“ ýaly milletçi söweşjeň irland guramalary peýda bolýar.

Irlandiýada aç-açan raýatlar urşunyň howpy güýçlenýär. Şundan soň Beýik Britaniýanyň hökümeti Parnelle we onuň tarapdarlaryna ylalaşmagy teklip edýär. 1881-nji ýylda Parnell bilen düzülen ylalaşyga görä, irland kärendeçi daýhanlary kärende hakyny tölemegi dowam etdirmeli we baýkoty togtatmaly, uly ýer eýeleri bolsa kärendeçileriň bergisini geçmelidi.

Ýöne Parnelliň tutan ylalaşyk ýoly Irlandiýadaky ownuk terrorçy toparlary janlandyryp goýberýär. 1882-nji ýylda Dublinde Irlandiýa işleri boýunça stats-sekretar we Irlandiýa lord-häkimi öldürilýär. Britaniýa tarapyndan yzarlama we polisiýa terrory başlanýar. Muňa jogap edip irland obasynda täze terrorçylyk tolkuny göterilýär.

Ahyrky netijede, 1886-njy ýylda hökümet gomrul bermegi karar edýär. Ýöne parlament ony ret edýär.

Şeýle şertde Irlandiýa buržuaziýasynyň bir bölegi Irlandiýa awtonomiýa berilmegi talaby bilen çykýar. Irlandiýa buržuaziýasynyň söwda-senagat toparlarynyň bähbidini goraýan bölegi bolsa

Irlandiýanyň ykdysady garaşsyzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen birneme ýiti talaby orta atýar.

Şu toparyň ýolbaşçysy A. Griffit 1905-nji ýylda „Şinfeýn“ („Biz özümiz“) partiýasyny düzýär. Ol Irlandiýa garaşsyz parlamenti düzmegi wagyz edip başlaýar. Britaniýanyň harytlaryny baýkot etmek ýenede güýçlenýär.

Hökümet 1912-nji ýylda parlamente ýene gomrul baradaky kanunyň taslamasyny gowşurmaga mejbur bolýar. Ýöne parlament ýene ony tassyklamaýar. Netijede, Irlandiýada syýasy ýagdaý gaty ýitileşýär.

Ýöne başlanyp giden jahan urşy parlamenti gomrul baradaky kanuny tassyklamaga mejbur edýär. Çünki uruş döwründe içki syýasy durnuklylyk howa ýaly zerurdy.

**1911-nji ýyldaky parlament özgertmesi**

1911-nji ýylda Beýik Britaniýada parlament özgertmesi barada kanun kabul edilýär. Bu kanun parlamentiň ýokary palatasy – Lordlar palatasynyň weto hukuklaryny çäklendirýär. Indi parlamentiň aşaky – Obşina palatasy bir kanun taslamasyny 3 gezek makullasa, ol Lordlar palatasy tarapyndan tassyklanmasa hem kanun güýjüne eýe bolýan bolýar. Lordlar palatasy maliýe meselelerini hem çözmekden daşlaşdyrylýar. Parlamentiň ygtyýarlylyk möhleti 5 ýyl edip bellenýär. Deputatlara aýlyk girizilýär.

Beýik Britaniýanyň zähmetkeşleri öz hak-hukuklary üçin hemişe göreş alyp barypdyrlar. Beýik Britaniýanyň işçiler hereketinde tred-ýunionlar (kärdeşler bileleşikleri) uly rol oýnapdyr. Tred-ýunionlara agza bolanlaryň sany hem ýyldan-ýyla barha artypdyr.

**Sosial hereket**

Beýik Britaniýanyň tred-ýunionlary göreşiň parlament ýoluny saýlapdyrlar. Kanun işçilery iş taşlamak hukugyny beripdir. Ýöne iş taşlaýyş dowam eden günlerde kärhanalar çeken zyýan tred-ýunionlaryň hasabyndan öwezi doldurylýar.

Bu kada amalda iş taşlaýşy göreş usuly hökmünde ýoga çykarýardy. Tred-ýunionlar öz partiýalaryny düzmegi karar edýärler. Bu partiýa 1900-nji ýylda düzülen we ol 1906-njy ýyldan başlap Leýboristler partiýasy diýlip atlandyrylyp başlanýar.

Leýboristler partiýasy parlament ýoly bilen işçileriň bähbidini goramagy öz maksady, diýip yglan edýär. Liberallar hökümetiniň ýolbaşçysy D. Lloýd-Jorj „Leýboristler partiýasynyň düzülmegi Libe-

rallar hökümetiniň ýalňyşy“, diýip gynanç bilen belläpdi. Leýboristler partiýasy birinji parlament saýlawynyň özünde 29 deputatlyk ornuny eýeledi.

Ykdysady ösüş depgininiň peselmegi zerur sarp ediş önümleriniň nyrhynyň ýokarlanmagyna getirýär. Bu bolsa işçileri iş taşlamaga mejbur edýär. Iň iri iş taşlaýyş 1911-nji ýylda bolup geçýär. Kömür gazyjylaryň 6 hepde dowam eden iş taşlaýşy hökümeti zerur çäreleri görmäge mejbur edýär. Mysal üçin, „Iş haky minimumy barada“ky kanun kabul edilýär. Oňa görä, iş taşlaýyşlar wagtynda kärhanalaryň çeken zyýanynyň tred-ýunionlardan alynmagy gadagan edilýär.

Önümçilik prosesinde bagtsyz hadysa sebäpli jebir çekenlere kärhananyň eýeleriniň hasabyndan töleg tölemegi bellendi. 70 ýaşa dolan adamlara pensiýa bellenýär. Känçiler üçin 8 sagatlyk iş güni bellenýär. Kesellik we işsizlik sebäpli ätiýaçlandyryş tölegi girizilýär.

Bir söz bilen aýdanda, Beýik Britaniýanyň hökümdarlary Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda içki syýasy meseleleri ýumşatmaga we halky jebisleşdirmegi başardylar.

***Gomrul*** – öz-özüni edara etmek (Irlandiýada).
***Baýkot*** – inkär etmek.

1. Irlandiýa meselesi nädip emele gelipdi?
2. Irland halkynyň garaşsyzlyk üçin alyp baran göreşi barada nämeleri bildiňiz?
3. Gomrul baradaky kanun kabul edilmezligi mümkinmidi?
4. 1911-nji ýylda Beýik Britaniýada geçirilen parlament özgertmesi barada aýdyp beriň.
5. Leýboristler partiýasynyň düzülmegi barada nämeleri bildiňiz?
6. Beýik Britaniýa haçan Irlandiýany basyp alypdy?

1. Gomrulyň manysyna düşünjek boluň.
2. „Ýer-suw ligasy“ guramasynyň işini öwreniň.
3. „Şinfeýn“ guramasy nähili işleri amala aşyrýar?
4. 1911-nji ýylda nähili özgertmeler geçirildi?

## 13-§. Beýik Britaniýanyň daşary syýasaty

**Iň köp koloniýa eýe döwlet**

Beýik Britaniýanyň ykdysady ösüşi ABŞ we Germaniýa garanda peselýän bolsa-da, harby taýdan entegem dünýäniň iň güýçli

döwleti bolmagynda galýardy. Güýçli harby deňiz floty Beýik Britaniýany deňizde ýeke-täk hökümdar döwlete öwrüpdi. Şu güýç sebäpli, Beýik Britaniýa XIX asyrdan başlap dünýäniň ähli kontinentlerinde örän uly çäkleri basyp aldy we olary öz koloniýasyna öwürdi.

XIX asyryň ahyryna gelende, koloniýalara öwrülen çäkler 33 mln. kw. km.-i düzýärdi. Olarda 370 mln.-a golaý ilat ýaşaýardy.

Koloniýalardan gelýän girdeji alynýan peýdanyň uly bölegini düzýärdi.

Şol döwrüň taryhçylary Beýik Britaniýa üçin koloniýalaryň ähmiýeti barada kinaýaly manyda şeýle ýazypdyrlar: „Hindistan Beýik Britaniýany bakyjy eneke. Müsür bolsa Britaniýa imperiýasynyň başyna geýdirilen täçdir“.

**Kolonial imperiýanyň emele gelmegi**

Britaniýanyň deňizdäki ýeke-täk agalygy hatda ýurduň senasynda-da öz beýanyny tapypdy. Beýik Britaniýanyň oglanlary we gyzlary senadan orun alan „Britaniýa, deňizleri dolandyr, hökümdarlyk et!“ diýen setirleri buýsanç bilen ýerine ýetirýärdiler.

Ykdysady taýdan Beýik Britaniýanyň iň öňdebaryjy ýurt hökmündäki ýagdaýynyň barha peselmegi ony täze-täze koloniýalary basyp almagy güýçlendirmäge ündeýär. Şol bir wagtda bolsa, öňki koloniýalarda öz ýagdaýyny ýene-de berkitmäge ymtylýar.

1875-nji ýylda ilki Müsür hökümetinden Ortaýer deňzinden Hindi okeanyna çykmaga mümkinçilik berýän Sues kanalynyň 45% aksiýasyny satyn alýar. Tiz arada, kanalyň başga, hususy adamlaryň elinde toplanan aksiýalaryny hem ele alýar. Şu arkaly Hindistana çykýan deňiz ýollarynyň gözegçiligi doly Britaniýanyň eline geçýär.

1876-njy ýylda bolsa Britaniýa öz koroly Wiktoriýany Hindistanyň imperatory diýip yglan edýär. Şeýlelikde, Beýik Britaniýa imperiýasy döredilýär. Indi Beýik Britaniýa imperiýa diýlip, parlamenti bolsa imperiýa parlamenti diýlip atlandyrylýan bolýar.

**Beýik Britaniýa we Rus imperiýasy**

Beýik Britaniýa öz öňüne Orta Aziýany hem eýelemek maksadyny goýupdy. Şol bir wagtda, Ýer şarynyň bu sebitine Rus imperiýasy hem dawagärlik edýärdi. Imperator hökümetiniň maksady Orta Aziýany eýelemek arkaly Owganystana çykmak we şu arkaly Hindistana gö-

nüden-göni howp salyp durmak mümkinçiligine eýe bolmak ýoly bilen halkara meselelerde Beýik Britaniýany eglişik etmäge mejbur etmekdi.

Rus imperiýasy Orta Aziýa döwletlerini basyp almak üçin hereket başlandygy Beýik Britaniýany aladalandyrman goýmaýar. Ahyrynda, iki döwletiň bähbitleriniň özara ýakynlygy gazanyldy. Ýagny Russiýa Hindistana howp salmak, Beýik Britaniýa bolsa Orta Aziýany eýelemek niýetinden el çekýärler. Owganystan bu iki kolonizator döwletiň bähbitleriniň tygyny gaýtaryp durýan çäk wezipesini ýerine ýetirmelidi.

Beýik Britaniýa bilen Russiýanyň bähbitleriniň çaknyşýan ýene bir çäk Balkan ýarymadasy, şonuň ýaly-da, Gara deňzi Ortaýer deňzi bilen baglaýan Osmanly döwletine garaşly Bosfor we Dardanell bogazlary hem-de Stambul şäheridi. XIX asyryň ahyrlarynda Balkan ýarymadasy halklarynyň mälim bölegi Osmanly zulmy astyndady.

Rus imperiýasynyň Balkanda berk ornaşmaga ymtylmagy, Osmanly döwletiniň bolsa Balkandaky slawýan halklaryny öz zulmy astynda saklap durmaga çalyşmagy 1877-nji ýylda Russiýa–Osmanly döwleti urşuny getirip çykarýar. Bu uruşda eli belent gelen Russiýa Osmanly döwletini özi üçin amatly San-Stefano ýaraşyk şertnamasyna gol çekmäge mejbur edýär. Ýöne Russiýanyň güýçlenmegini islemeýän Beýik Britaniýa Russiýany San-Stefano şertnamasyny beýik döwletleriň Berlin kongressinde gaýtadan seretmäge mejbur etdi. Osmanly döwletiniň bähbitleri berk goralýar. Bu hyzmatyň hasabyna Osmanly döwleti Beýik Britaniýanyň peýdasyna Kipr adalaryndan geçýär.

Ýöne bara-bara Beýik Britaniýa patyşa Russiýasyna görä duşmanlyk gatnaşygyny üýtgetmäge mejbur bolýar. Muňa Germaniýanyň harby kuwwatynyň barha artýandygy, onuň hatda Beýik Britaniýa koloniýalaryna hem dawa edýändigi sebäp bolýar. Iň köp koloniýaly döwletler bolan Beýik Britaniýa we Russiýa öz koloniýalaryny Germaniýa bilen bölüşmegi asla halamaýardy. Indi bu iki döwlet umumy duşman howpuna garşy durmak üçin özara ýakynlaşma ýollaryny gözläp başlaýar.

**Afrikadaky koloniýalar**

Beýik Britaniýa tebigy baýlyklara baý Afrika kontinentinde-de uly koloniýalary basyp almaga girişýär. 1882-nji ýylda Müsüri eýeleýär. Soňky ýyllarda Nigeriýany, Somalini, Keniýany, Ugandany zabt edýär.

1899-njy ýylda Afrika Gollandiýadan, Fransiýadan we Germaniýadan göçüp baran adamlaryň nesilleri dolandyrýan Bur Respublikalaryna garşy uruş hereketlerini başlaýar. 1902-nji ýylda Bur Respublikalary boýun egýär (Transwaal we Oranj Respublikalary).

Beýik Britaniýa Günorta Afrikada basyp alan ähli çäkleri bitewi birlige – Günorta Afrika Soýuzyna birleşdirýär.

### Beýik Britaniýanyň halkara ýagdaýy

Bazarlar we koloniýalar üçin kolonizator döwletleriň arasynda bäsdeşligiň güýjänligi Beýik Britaniýanyň halkara ýagdaýyny ep-esli erbetleşdirýärdi. Aýratynam, Germaniýa bilen Beýik Britaniýa gapma-garşylyklary güýçlendi. Şeýle şertde Beýik Britaniýa Germaniýa garşy başga döwletler bilen dil tapmak ýoluny gözlemäge mejbur bolýar. 1901-nji ýylda Panama kanalynyň gurluşygy hukugyny ABŞ-a berýär. Ýaponiýa, Fransiýa we Russiýa bilen ýakynlaşýar.

Beýik Britaniýanyň hökümeti, şol bir wagtda, özge döwletleriň içerki işlerine-de gatyşmagy dowam etdirýär. Mysal üçin, Eýrandaky (1905–1911-nji ýyllardaky) ynkylaby basyp ýatyrýar. Hytaýda 1911-nji ýyldaky ynkylaba garşy çykan güýçleri goldaýar.

Şol bir wagtda, Beýik Britaniýadan göçüp baran iňlisler ýerleşýän koloniýalarda berk ornaşan milli buržuaziýanyň täsiri astynda hökümet bu koloniýalara resmi taýdan garaşsyzlyk hukugyny (dominion) bermäge mejbur bolýar. Awstraliýa, Täze Zelandiýa we Günorta Afrika Soýuzy dominionlyk hukugyny alýarlar (1867-nji ýylda Kanada şeýle hukugy alypdy).

1. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Beýik Britaniýanyň iň uly kolonizator döwletdigini deliller bilen esaslandyryň.
2. Beýik Britaniýa kolonial imperiýasy nädip döredi?
3. Beýik Britaniýa–Russiýa gatnaşyklary barada nämeleri bildiňiz?
4. Beýik Britaniýa dominionlary nähili hukuklara eýe bolýarlar?

1. „Hindistan Beýik Britaniýany bakyjy eneke, Müsür bolsa Britaniýa imperiýasynyň başyna geçdirilen täç“ jümlesine düşündiriş beriň.
2. Beýik Britaniýa imperiýasynyň haçan döränligini aýdyp beriň.
3. Russiýa bilen Beýik Britaniýanyň Orta Aziýa üçin göreşi barada goşmaça materiallar tapyp referat taýýarlaň.

III BAP

# XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA AMERIKA DÖWLETLERI

## 14- §. Amerikanyň Birleşen Ştatlary

### Ykdysady ösüş

Raýatlar urşundan soň bitewi içki bazaryň emele gelenligi, gulçulygyň ýatyrylmagy, gul eýeçilik latifundiýalarynyň ýatyrylmagy, hasyldar ýerleriň, gazylyp alynýan peýdaly baýlyklarynyň köplügi, bol suwly derýalar we uçgyraksyz tokaýlar, Amerika halkynyň işewürligi ýurduň ykdysady ösüşiniň iňňän çaltlanmagyna sebäp bolýar. Şol bir wagtda, ABŞ-a goňşy döwletler (Kanada we Meksika) güýçsüzdi. Bu ýagdaý ABŞ-ny artykmaç harby harajatlardan halas etdi. Mundan daşary, ABŞ-a ýaşamak üçin gelenleriň uly bölegi amalda ýokary bilimli hünärmenlerdi.

1870–1914-nji ýyllarda ABŞ-a 25 mln. adam göçüp gelipdir. Bu hem ABŞ-nyň ösüşinde möhüm rol oýnady. Şonuň ýaly-da, işçi güýjüne hemişelik mätäçlik täze tehnikanyň we tehnologiýalaryň önümçilige giň ornaşdyrylmagyna ýol açdy. Bu faktorlar hem ABŞ-nyň pajarlap ösmegine getirdi.

XIX asyryň ahyrky otuz ýyly ABŞ-nyň taryhynda ösüşiň ýokarylygy, örän möhüm ykdysady we syýasy wakalar bolanlygy bilen häsiýetlenýär. Eger 1860-njy ýylda ABŞ senagat önüminiň göwrümi taýdan dünýäde 4-nji orunda duran bolsa, 1894-nji ýyla gelende birinji orna çykdy. Bu döwürde ABŞ-nyň senagat önümi Günbatar Ýewropadaky hemme ýurtlaryň önüminiň ýarysyna deňdi.

ABŞ-da giň içki bazaryň emele getirilmegi kapitalizmiň ösmegi üçin örän uly ähmiýete eýe bolýar. Muňa oba hojalygyndaky kapitalizmiň ösüşiniň „amerikan ýoly“ (ekin meýdanlaryny giňeltmegiň hasabyna önümi köpeltmek) ýeňiş gazananlygy, günbatar çäkleriň çaltlyk bilen özleşdirilenligi, uly çaltlyk bilen demir ýollaryň gurlanlygy we immigrasiýa netijesinde ilatyň tiz köpelmegi-de kömek etdi.

ABŞ senagatynyň ösüşinde Ýewropanyň kapitaly hem möhüm rol oýnady. Ýewropa döwletleriniň ABŞ-a goýan kapitaly 1890-njy ýylda 3 mlrd. dollara ýetdi. Ýöne ABŞ daşary ýurda kapital çykarmak boýunça Beýik Britaniýadan, Fransiýadan we Germaniýadan yzdady.

**Önümçiligiň merkezleşmegi**

XX asyryň başlarynda ýurtda önümçiligiň merkezleşmegi hem-de bank kapitaly bilen senagat kapitalynyň goşulmagy dowam etdi. Senagat önüminiň bahasy 1909-njy ýylda 20 mlrd. dollardan geçdi. I jahan urşy döwründe ABŞ-da gazyp çykarylýan daşkömrüň, öndürilýän çoýnuň we poladyň mukdary Beýik Britaniýa, Fransiýa we Germaniýa gazanan jemi mukdaryna deňdi. Senagatyň ähli pudaklary boýunça ABŞ dünýäde birinji orna çykdy. Önümçiligiň ähli diýen ýaly pudaklarynda trestler döredildi. Polat, nebit, mis, elektrik togy we şular ýaly senagat pudaklary „korollary“nyň güýçli dinastiýalary emele geldi. Ford awtomobil korolyna öwrülýär.

1901-nji ýylda Morgan 1 milliard dollarlyk kapitala eýe bolan „Polat korporasiýasy“ diýlip atlandyrylan uly tresti döretdi.

Rokfelleriň „Standart oyl“ tresti jemi nebit önüminiň 90 göterimini, okeanlarda gatnaýan ýüzlerçe parohodlary öz eline aldy.

1914-nji ýyla gelip, ilatyň 2 göterimini düzýän maýadarlar milli baýlygyň 60 göterimine eýelik edip başlaýar.

**Oba hojalygyndaky düýpli özgeriş**

Oba hojalygyndaky düýpli özgerişiň mazmunyny el zähmetiniň ornuny maşynyň barha köpräk eýelemegi düzdi. 1860–1910-njy ýyllar aralygynda ABŞ-da fermerleriň sany 3 esse köpeldi.

ABŞ-da Günbatar Ýewropaga meňzeş korol maşgalasy hem, Gündogar ýurtlaryndaky ýaly iri ýer eýeleri hem, uly-uly emläklere eýe bolan buthana ýer eýeçiligi hem ýokdy.

Tiz arada öňdebaryjy oba hojalygy tehnikalary oýlap tapyldy. Bular otlary presleýän maşyn, galla orýan we ýençýän maşyn (kombaýn), ekiji, gyrkyjy, gabygyny arçaýan, ýeri ýumşadýan, dökün saçýan, kartoşka ekýän, saman guradyjy, öý guşlarynyň inkubatory ýalylardan ybarat bolýar. Oba hojalygynda ylmyň gazananlary hem giň ulanylyp başlanýar.

Demirgazyk Afrikadan hasyldar mekgejöwen, Russiýadan bugdaý, Türküstandan ýorunja we başga ösimlikler ABŞ-a getirlip ýerleşdirildi we ýokary hasyl alyndy. Täze ýerleri açmagyň hasabyna önümleri köpeltmek oba hojalygyny ösdürmegiň „amerikan ýoly“ diýlip atlandyrylýar.

**Günortadaky ýagdaý**

Günortada raýatlar urşundan soň uly özgerişler bolup geçdi. Gulçulyk ýatyryldy. Ilat işeňňirleşýär. 1870-nji ýylda ABŞ konstitusiýasyna düzediş

girizilýär. Oňa görä, „jynsyny, derisiniň reňkini ýa-da öňki gulluk ýagdaýyny bahana edip“ saýlawlarda gatnaşmagy dürlüçe çäklendirmek ýatyryldy. Günortadaky ştatlaryň täze hökümetleriniň düzüminde gara bedenli ilat hem gatnaşyp başlaýar. Döwlet mekdepleri ulgamy emele getirildi. Adalatly salgyt ulgamy girizilýär. Jynsy kemsitme kanunlary ýatyryldy. Ýerli häkimiýet edaralary demokratlaşdyryldy. Garrylar, maýyplar we ýetim-ýesirler üçin şepagat jemgyýetleri döredildi.

Kongress 1872-nji ýylda Günortadaky öňki pitneçilere umumy günä geçme baradaky kanun kabul edýär. Şol bir wagtda, pitne baştutanlaryndan 500-e golaý adamyň döwlet wezipelerinde işlemegi gadagan edilýär. Bu ýagdaý plantatorlaryň köne düzgünleri dikeltmek üçin göreş alyp barmagyna bahana bolýar. Günortada „Ku-kluks-klan“ ýaly jynsy-terrorçy gurama ýene baş göterýär. Progressiw meýilli intelligent işgärlerden öç almak we „Linç sudlary“ ýene adaty hadysa öwrülýär. Günorta gara bedenli ilat üçin „türmä“ öwrülýär. Prezident saýlawlarynyň öňünden diňe iki günorta ştat (Günorta Karolina we Luiziana ştatlary) respublikaçylar tarapynda galdy.

**Iki partiýaly ulgam**

ABŞ-da güýçli prezidentlik respublikasy emele geldi. Şol bir wagtda, güýçli iki partiýaly ulgam hem çuňňur kök atýar.

Demokratik partiýa raýatlar urşy wagtyndaky şowsuzlygyndan özüni tiz „dürsäp“, iri ýer eýeleriniň, baý fermerleriň, Günorta buržuaziýasynyň we Demirgazyk senagatçylaryň, maliýeçileriň bähbidini goraýan partiýa öwrülýär. Respublikaçylar partiýasy iri senagatçylar we maliýeçiler partiýasyna öwrülýär.

Amerika buržuaziýasy iki partiýaly ulgamdan ussatlyk bilen peýdalanyp geldi. Eger häkimiýet başynda respublikaçylar duran bolsa, demokratlar hökümeti tankyt edilýär, özlerini bolsa halk bähbitlerini goraýjylar edip görkezip, närazylaryň uly bölegini öz taraplaryna agdyryp alardylar. Demokratlar ýeňiş gazanan tagdyrda oppozisiýaçy partiýa roluny respublikaçylar oýnaýardy. Bu faktor amalda başga üçünji partiýanyň düzülmegine uly böwet bolup geldi.

***Korporasiýa*** (latynça – birleşme) – monopolistik paýdarlar birleşmesi.
***Latifundiýa*** (latynça) – uly ýer-emläk.
***Ku-kluks-klan*** – jynsparazlyk, terrorçy gurama.
***Linç sudy*** – ABŞ-da gara bedenli adamlar we demokratik herekete gatnaşyjylary sudsuz we soragsyz jezalandyrmak.

1. Nähili faktorlar ABŞ-nyň pajarlap ösmegine sebäp bolupdyr?
2. ABŞ-nyň dünýäde öňdebaryjy döwlete öwrülendigini subut edýän delilleri getiriň.
3. ABŞ-nyň oba hojalygynda bolup geçen düýpli özgerişleriň mazmuny nämeden ybaratdy?
4. Jynsparazlyk nädip emele gelipdir? Ol getiren aýylganç netijelere mysallar getiriň.
5. „Güýçli iki partiýaly ulgam“ jümlesiniň mazmunyny düşündirip beriň. Bu zat ýene haýsy döwletde bar?
6. Häzir amaldaky ABŞ prezidenti haýsy partiýanyň wekili? Ol barada bilýän maglumatlaryňyzy kagyza geçiriň.

1. ABŞ daşary ýurda kapital çykarmak boýunça näme üçin başga ösen döwletlerden yzdady? Pikir ýörediň.
2. „Polat korporasiýasy“ we „Standart oyl“ trestleri näme üçin örän baýap gidýär?
3. „Ku-kluks-klan“ we „Linç sudlary“ näme? Olaryň işi barada mysallar getiriň.

## 15- §. ABŞ-nyň içki syýasaty

**Sosial hereket**

ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň ösüşi we dünýäde birinji döwlete öwrülmegi jemgyýetçilik durmuşyndaky ähli sosial meseleleri öz-özünden aradan aýyrmaga getirmedi. ABŞ-da hem işçiler synpy öz hak-hukuklary üçin berk göreş alyp barmaga mejbur bolupdyr. Bu döwürdäki işçiler hereketiniň esasy maksady iş gününi gysgaldylmagyny gazanmakdy.

1886-njy ýylyň 1-nji maý güni umumy iş taşlaýyşlarda 350 müňden artyk işçi gatnaşýar. Şonuň netijesinde 200 müňe ýakyn işçi 8 sagatlyk iş gününiň girizilmegini gazanýar. Ýöne soň bu üstünlik ýoga çykdy diýen ýaly bolýar.

8 sagatlyk iş güni üçin başlanan hereket Çikagoda örän ýiti boldy. Şäheriň Senno meýdanynda bolan köpçülikleýin miting wagtynda polisiýa iş taşlanlara garap ok atýar. Netijede, 6 adam öldürilýär we ençeme işçiler ýaradar bolýar. Gazaba münen Çikagonyň işçileri bugyrlyşyga garşy närazylyk bildirip, köpçülikleýin miting guradylar. Ýaragly polisiýaçylar topary işçilere garşy iberilýär. Suduň kararyna görä, köpçülikleýin hereketiň ýolbaşçylaryndan 4 adam dara çekilýär. Olar ölüme dik bakypdyrlar. Asyp öldürmäge höküm edilenlerden

biri – Şpis ahyrky sözünde „şeýle zaman gelerki, biziň dymyşlygymyz nutklarymyzdan hem ýitiräk bolar“, diýipdi.

XIX asyryň ahyryna gelip, sosial herekete ýolbaşçylyk „Birleşen ştatlar we Kanadanyň birleşen tred-ýunionlary we işçi soýuzy federasiýasyn“na geçýär. 1886-njy ýylda ol Amerikanyň Zähmet Federasiýasy diýen ady alýar. AZF, esasan, ýokary bilimli işçileriň bähbidini goraýardy. Ýyldan ýyla onuň agzalary sany artýardy.

Gurama işçileriň bähbidi ugrundaky göreşde Kongress agzalaryna hem-de kärhana eýelerine täsir etmäge aýratyn üns berýär. Hökümet 1894-nji ýylda sentýabryň birinji duşenbesini „Zähmet güni“ baýramy diýip yglan etmäge mejbur bolýar. Bu baýram häzire çenli bellenilip gelýär.

1913-nji ýylyň sentýabrynda käniň işçileri agyr zähmet şertine garşy iş taşlaýarlar. Olar 8 sagatlyk iş gününiň girizilmegini we iş hakyny artdyrmagy talap edýärler. Hökümet işçilere garşy güýç ulanýar. Bütin Kolorado ştatynda harby ýagdaý yglan edilýär. Işçi lagerleri oka tutulýar. Ençeme işçiler heläk bolýar we ýaradar edilýär. Iş taşlaýjylaryň ýolbaşçylary bolsa atyp taşlanýar. Işçiler mejbur edilip känlere gaýtarylýar.

**Gara bedenliler ýagdaýy**

Raýatlar urşundan soň gara bedenli gullar azatlyga çykýarlar. Ýöne olar deňlik gazanyp bilmeýärler. Ýurtda segregasiýa tertibi emele gelýär. Gara bedenliler ak bedenliler okaýan mekdebe, ak bedenliler gatnaýan buthana baryp bilmeýärdiler. Ak bedenli münen transporta münüp bilmeýärdiler. Hatda gabrystanlar hem aýratyndy. Şeýlelikde, ýurtda jynsparazlyk möwç urýardy. Aýratynam, Günortada ýaşaýan gara bedenlileriň ýagdaýy agyrdy. Olar Demirgazyga gaçyp geçýärdiler. Ýöne bu ýerde-de olar aýratyn kwartallarda ýaşamaga mejburdylar. Bergidar gara bedenli tussag edilmegi we karzyndan gurulmak üçin islendik adama şertnama esasynda işçi edip berilmegi mümkindi. Günorta ştatlarda olar saýlaw hukugyndan mahrum edilipdi. Olaryň öňdebaryjy bilimli toparlary gara bedenlileriň deň hukukly raýat bolmagy ugrundaky göreşe ýolbaşçylyk edipdirler. Olar göreşiň parahatçylykly ýoluny saýlaýarlar.

**Indeýesleriň ýagdaýy**

ABŞ-nyň düýpli ýerli ilaty – indeýesler gaty jebir-sütemlere duçar edilýär. Indeýesler öz hak-hukuklary üçin güýçleri ýetdiginden göreşýärdiler. Ýöne güýçler örän deň bolmadyk göreşde olar ýeňilýärdiler.

1880-nji ýyldaky ahyrky söweşde ýeňilen indeýesler aýratyn rezerwasiýalara sürüp çykarylýardy. Bu rezerwasiýalar önümsiz taşlandy ýerlerdi. Bu ýerde olar hökümet „hossarlygyna“ alynýarlar. Indeýesler meselesi ynha şeýle ýol bilen çözülýärdi.

Şol bir wagtda, ABŞ-nyň Kongressi indeýeslere fermerlik işi bilen meşgullanmaga mümkinçilik berýän kanun kabul edýär.

Ýöne kanun amala aşman galyberdi. Muňa, birinjiden, indeýeslere bölünip berlen ýer meýdanlarynyň hasylsyzlygy, ikinjiden bolsa fermerlik işi bilen meşgullanmak indeýesleriň köpçülikleýin durmuş ýörelgesine ters gelmegi sebäp bolýar.

**T. Ruzwelt we W. Wilsonlar döwründe içki syýasat**

1900–1914-nji ýyllar ABŞ-nyň taryhyna „progressiw döwür“ ady bilen giripdir. Muňa ABŞ prezidentleriniň monopoliýalara garşy göreş alyp barandyklary sebäp bolupdyr.

Monopoliýalara garşy göreşden maksat – orta gatlaklaryň bähbidini goramakdy. Monopoliýalara garşy göreşiň tarapdarlaryna *progressiw meýilliler* diýipdirler. Olaryň hatarynda 1901-nji ýylda ABŞ-nyň prezidenti wezipesini eýelän Teodor Ruzwelt hem bardy.

Ol Amerika – Ispaniýa urşunda hut özi gatnaşyp, şöhrat gazanypdy. T. Ruzweltiň monopoliýalara garşy göreş syýasaty „Adalatly ýol“ diýip at alýar. Onuň hökümeti, şol bir wagtda, işçiler bilen iş berýänleriň arasyndaky dawalarda eminlik wezipesini hem ýerine ýetirip başlaýar. Hökümet trestlere garşy ençeme sud prosesini guraýar. Bular mälim netijeler hem berýär. Hususan-da, suduň karary bilen Morgan gözegçilik edýän demir ýol kompaniýasy ikä bölünýär. Demir ýollaryň işini tertibe salýan kanun kabul edilýär.

1912-nji ýyldaky prezident saýlawlarynda demokrat Wudro Wilson ýeňiş gazanýar. Ol Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda gümrükhana tarifleri barada täze kanun kabul edilmegini gazanýar. Kanuna görä, tarif stawkasy 10 göterime kemeldilýär. Girdejiniň artyşyna garap, goşmaça salgyt salynýan bolýar. Saýlaw ulgamynda hem özgertme geçirilýär.

Oňa görä, öň käbir ştatlaryň kanun çykaryjy organlary tarapyndan saýlanýan senatorlar indi halkyň ses bermegi bilen saýlanýan bolýar.

1914-nji ýylda ABŞ Kongressi trestlere garşy kanun kabul edýär. Kanun iş taşlaýyş döwründe trestlere ýetirilen zyýany kärdeşler arkalaşyklaryndan almagyň tertibini ýatyrýar.

***Rezerwasiýa*** (latynça – saklaýaryn) – käbir döwletde düýpli ýerli ilatynyň aman galan bölegini zorlap ýerleşdirmek üçin bölünen çäk. ***Segregasiýa*** (latynça – bölmek) – käbir döwletlerde ilaty mejburlap jynsy toparlara bölmek.

1. ABŞ-da işçiler synpy öz hak-hukuklary üçin göreşde öňlerine nähili maksady goýupdylar?
2. ABŞ-nyň Zähmet Federasiýasynyň işçiler hereketinda tutýan orny barada nämeleri bildiňiz?
3. ABŞ-da gara bedenli ilatyň ýagdaýy nähili geçipdir?
4. Düýpli ilat – indeýeslere görä nähili syýasat ýöredilipdir?
5. Prezidentler T. Ruzwelt we W. Wilsonlaryň içki syýasatlaryny bir-biri bilen deňeşdiriň.

1. Kartadan Çikago şäherini we Kolorado ştatyny tapyp, bolan wakalary düşündiriň.
2. Gara bedenlileriň ýagdaýy barada düzme ýazyň. Häzirki gün bilen deňeşdiriň.
3. Näme üçin Fransiýada üç gezek Respublika yglan edilen bir şertde ABŞ-da beýle hadysa bolmandyr?

## 16- §. ABŞ-nyň daşary syýasaty

**ABŞ-nyň harby kuwwatyny görkezişi**

Ýurduň giň çäkleri we Russiýadan satyn alnan Alýaskany özleşdirmek bilen meşgul bolan ABŞ koloniýalary we öz täsir sferalaryny ele almaga Ýewropa ýurtlaryndan gijräk girişýär. Onuň ünsi ilki Latyn Amerikasyna, Karib basseýniniň we Ýuwaş okeanyň boýunda ýerleşýän ýurtlara gönükdirilýär.

ABŞ Latyn Amerikasynda hökümdar bolmak üçin göreşip, ikiýüzlülik bilen „Hemme Amerika ýurtlarynyň bähbitleri bir“, diýen taglymy wagyz edip geldi. 1889-njy ýylda ABŞ Döwlet departamentiniň başlangyjy bilen Waşingtonda birinji Panamerika konferensiýasy çagyrylýar. Birinji Panamerika konferensiýasynyň ýeke-täk anyk netijesi halkara „Amerika respublikalarynyň gurultaýy“ assosiasiýasyny düzmekden ybarat bolýar. ABŞ-nyň Günbatar ýarymşardaky ýurtlaryň üstünden ýeke-täk hökümdarlyk etmäge gönükdirilen Panamerikanizm syýasaty şeýdip emele geldi. „Monro doktrinasy“na daýanyp, köp geçmän Samoa adalary eýelenýär.

1898-nji ýylda Ýuwaş okeanyň iň merkezinde, Aziýa alyp barýan strategik taýdan möhüm bolan deňiz ýollary kesişýän ýerdäki Gawaý adalary basyp alynýar.

XIX asyryň ahyrynda ABŞ örän güýçli döwlete öwrülýär. Ispaniýa garaşly Kuba adasy Amerika hökümdarlarynyň höwesini getirýärdi. ABŞ Ispaniýa garşy urşa taýýarlanyp başlaýar. ABŞ öz raýatlarynyň bähbidini goramak bahanasy astynda 1898-nji ýylda Kubanyň kenarlaryna öz harby gämisini goýberýär. Bu harby gämi Gawana reýdinde duran ýerde nämälim sebäbe görä partlap gidýär. ABŞ bu ýykgynçylykda Ispaniýany aýplaýar. Kongress bolsa Ispaniýa garşy uruş hereketlerini başlamak barada karar kabul edýär.

Bu – dünýäni gaýtadan bölüp almak ugrundaky birinji uruşdy. 3 aý dowam eden uruşda Ispaniýa ýeňilýär we ýaraşyk soramaga mejbur bolýar. 1898-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Pariž şäherinde ABŞ–Ispaniýa parahatçylyk şertnamasyna gol çekilýär. Oňa görä, ABŞ Puerto-Riko we Guam adalaryna, Ispaniýa 20 mln. dollar töläp Filippine hem eýe bolýar. Kuba kagyzda garaşsyz bolýar. Amalda bolsa ABŞ-a tabyn bolmagynda galýar.

**Panama kanaly**

ABŞ Karib deňziniň basseýninde hem agressiw syýasat alyp barýar. 1903-nji ýylda Kuba mejburlap şertnama kabul etdirýär. Oňa görä, ABŞ-nyň rugsadyny almazdan ýeke döwlet bilen soýuz düzmek ýa-da özüniň içki syýasatyna käbir özgeriş girizmek hukugyndan mahrum edilýär.

ABŞ-nyň Meksika girizen kapitaly 1911-nji ýylyň ahyrynda 1,5 mlrd. dollara ýetýär. Esasy önümçiligiň köp bölegi diýen ýaly ABŞ monopolistleriniň eline geçýär. ABŞ Gwatemala, Kosta-Rika we Nikaragua kyn şertler esasynda karz berýär. Bu karzlary beren wagtynda goýlan şertler ABŞ-nyň bu ýurtlaryň içki işlerine gatyşmagyna mümkinçilik berýärdi.

Gawaý we Filippin adalary basyp alnanlygy hem-de Ýuwaş okeanyň boýunda ýerleşýän ýurtlar bilen söwda-satygyň güýçlenenligi sebäpli, ABŞ Ýuwaş we Atlantik okeanlaryny birleşdirýän kanal gurmak meselesine aýratyn üns berip başlaýar.

Fransiýadan Panama kanalyny gurýan we durgunlyga duçar bolan paýdarlyk jemgyýetiniň hemme aksiýalaryny arzan-girewe satyn alýar. Kanal Kolumbiýanyň çägindedi. Indi kanal gurmak we ondan peýdalanmak hukugyna Amerikanyň doly eýe bolmagyna Kolumbiýanyň Senaty garşy çykýar. Şundan soň, 1903-nji ýylda ABŞ




**XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda ABŞ-nyň täsiriniň esasy ýönelişleri**

Panamada Kolumbiýa garşy pitne guraýar we ol ýerde „gurjak“ hökümet düzýär. Panama garaşsyz respublika diýlip yglan edilýär. ABŞ Panama Respublikasynyň garaşsyzlygyny ykrar edýär. Panama hökümeti ABŞ bilen kanal gazmak, demir ýollar we Panama kanalynyň boýunda berkitmeleri gurmak üçin Amerika örän giň hukuklar berýän şertnama gol çekýär. Şonuň hasabyna Panama 10 mln. dollar alýar we her ýylda renta alyp durýan bolýar. ABŞ Panama kanalynyň gurluşygyna ünsüni güýçlendirýär. Gurluşyk 1914-nji ýylda tamamlanýar.

Kanal ABŞ-nyň Atlantik okeanyň kenarlaryndan Ýuwaş okeanyň kenarlaryna barýan deňiz ýoluny ep-esli gysgaldyp, ABŞ üçin strategik we ykdysady taýdan örän uly ähmiýete eýe bolýar.

**Panamerika soýuzy**

1910-njy ýylda Buenos-Aýresde geçirilen IV Panamerika konferensiýasynda Amerika Respublikalarynyň soýuzy guramasy „Panamerika soýuzy“ diýip atlandyrylýar we ABŞ-nyň bähbidi üçin nykap bolýar. Prezident Taft „dollar diplomatiýasy“ syýasatyny yglan edýär. Bu syýasat, esasan, ykdysadyýeti naçar bolan Latyn Amerikasy döwletlerine görä ulanylýar. „Kömek bermek“ nykaby astynda satyn almak, döwlet agdarylyşyklaryny guramak adaty ýagdaýa öwrülýär.

Latyn Amerikasyny boýun egdirmek üçin başga döwletlere garşy göreşde ABŞ 1823-nji ýylda kabul edilen „Monro doktrinasy“ („Amerika amerikanlar üçin“ şygary)na daýanyp iş alyp barýar. Bu doktri-

nany Teodor Ruzwelt ABŞ-a laýyklap düşündirýär. Oňa görä, Amerika ýurtlaryndan haýsy-da birinde tertipsizlikler hemişelik bolýan bolsa halkara polisiýa roluny ýerine ýetirmek ABŞ-nyň borjy bolmalydy. Şeýdip „ýogyn taýak“ adalgasy emele geldi. „Ýogyn taýak“ syýasaty ABŞ-ny „Günbatar ýarymşaryň polisiýasyna“ öwürýär.

### „Açyk gapylar we deň mümkinçilikler“ doktrinasy

ABŞ XX asyryň başlarynda Hytaýa ekspansiýa etmegi güýçlendirip goýberýär. Ýöne başga döwletler Hytaýy öz täsir sferalaryna paýlap alandyklary sebäpli, ABŞ üçin öz harytlaryny şu „täsir sferalary“na alyp girmäge, soňra özüniň ýeke-täk agalygyny ornaşdyrmaga mümkinçilik berýän doktrina tapmak zerur bolýar.

1899-njy ýylda ABŞ-nyň döwlet kätibi Heý Beýik Britaniýa, Germaniýa, Russiýa, Ýaponiýa, Fransiýa we Italiýa şol bir mazmunda nota goýberýär. Onda taryha „Açyk gapylar we deň mümkinçilikler“ ady bilen giren doktrina öz beýanyny tapypdy.

Bu doktrina görä, ABŞ Hytaýdaky bar „täsir sferalary“ny ykrar edýärdi. Şol bir wagtda bolsa Amerikanyň harytlary üçin şu „täsir sferalary“ny açyp goýmagy, ýagny söwda-satyk erkinligini talap edýärdi. Şonuň ýaly-da, käbir döwlet Hytaýda söwda etmek üçin hiç hili ýeňillik almaly däldi. ABŞ Hytaýyň başga döwletlere beren ýeňilliklerini Amerikanyň kapitalynyň Hytaýa girip gelmegine we Aziýada özüniň çäklendirilmedik agalygyny ornaşdyrmak planynyň amala aşyrylmagy ugrundaky böwet diýip hasaplaýardy.

Prezident W. Wilson daşary syýasatda özüniň ýakyn geçmişdeşleri hatarynda ABŞ-nyň dünýäde iň güýçli täsire eýe bolmagy üçin göreşýär. Mysal üçin, ol şeýle ýazypdy: „Täze döwrüň öňüsyrasynda durus. Bu döwürde biz amerikanlar dünýäni dolandyrmalydyrys“.

Hawa, tiz arada şeýle bolýar hem. Birinji jahan urşy ABŞ-nyň maksatlarynyň amala aşmagyna mümkinçilik döretdi.

***Döwlet departamenti*** – ABŞ-nyň daşary işler ministrligi.
***Doktrina*** (latynça – taglymat) – syýasy ýolbaşçylyk prinsipi.
***Nota*** (latynça) – bir döwletiň başga döwlete ýazan resmi ýüzlenmesi.

1. ABŞ-nyň daşary syýasatynyň mazmunyny düşündirip beriň.
2. „Ýogyn taýak“, „Dollar diplomatiýasy“, „Monro doktrinasy“ jümleleriniň mazmunyny düşündirip beriň.
3. Panama kanalynyň gurluşygy nädip amala aşyryldy?

4. „Açyk gapylar we deň mümkinçilikler“iň mazmuny barada nämeleri bildiňiz?

1. „Hemme Amerika ýurtlarynyň bähbitleri bir“ şygarynyň mazmuny nämeden ybaratdy?
2. Kartadan peýdalanyp ABŞ-nyň täsirini geçirmegiň esasy ýönelişlerini düşündirip beriň.
3. Panama kanalynyň gurluşygy we häzirki ýagdaýy barada referat ýazyň.

## 17-§. XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda Latyn Amerikasy döwletleri

**Umumy häsiýetnama**

Amerika kontinenti şertli ýagdaýda Demirgazyk we Günorta Amerika bölünýär. Käte Latyn Amerikasy jümlesi hem ulanylýar. Mälim bolşy ýaly, Günorta Amerikany ispanlar we portugallar basyp alypdy. Olaryň dili latyn dilinden gelip çykanlygyna garap, bu materik Latyn Amerikasy diýlip atlandyrylypdyr. Ýöne Latyn Amerikasy Günorta Amerika garanda giň düşünje. Oňa Günorta Amerikadan daşary Meksika (Demirgazyk Amerikanyň bir bölegi) we Merkezi Amerikanyň çäkleri hem girýär (goşmaça garaň).

Demirgazyk we Latyn Amerikasynyň ösüşi birmeňzeş derejede geçenok. Demirgazyk Amerikada ýerleşýän ABŞ dünýäniň birinji döwletine öwrülen bolsa, Latyn Amerikasy ösüşde yzda galdy.

Munuň esasy sebäbi Latyn Amerikasy döwletlerini düzýän hökümdarlar topary we olaryň wekili bolan syýasy işgärler gelip çykyşyna görä ispaniýaly we portugaliýalylar bolanlygy bilen düşündirilýär.

Ispaniýa we Portugaliýa bu döwürde Günbatar Ýewropanyň ykdysady taýdan ösüşde yzagalak döwletleridi. Bu iki döwletiň jemgyýetçilik durmuşynda orta asyr feodal düzgünleriniň entegem saklanyp gelýänligi munuň esasy sebäbidi.

Latyn Amerikasy döwletleriniň hökümdar toparlary hut şu iki döwletde höküm sürýän orta asyr feodal gatnaşyklaryna esaslandyrylan ülňüdäki düzgünleri özlerinde-de saklap durupdyrlar. Çünki edil şu düzgünler olara häkimiýeti öz ellerinde berk saklap durmagyň kepili bolan orta asyr feodal düzgünleriniň saklanyp galanlygy Latyn Amerikasynda hem jemgyýetiň ösüşiniň yza galmagyna sebäp bolupdyr.

Latyn Amerikasynda syýasy taýdan garaşsyz bolan döwletleriň emele geliş prosesi 1870-nji ýyla gelip, tamamlandy diýen ýalydy. Argentina, Meksika, Çili, Urugwaý, Wenesuela we Kolumbiýa ýurtlary Ispaniýanyň zulmuna garşy uzak wagt öz garaşsyzlyklaryny saklamak we feodal monarhiýany agdaryp taşlamak üçin göreşdiler.

Latyn Amerikasy ýurtlarynyň aglabasynda XIX asyryň ahyrky çärýeginde senagatyň ösüşi indi başlanypdy. Olaryň ykdysadyýetinde kapitalistik gatnaşyklar bilen hatarda, feodal gatnaşyklar, gul eýeçilik galyndylary we indeýesleriň sada urug-taýpa obşinalary hem bardy. Bu ýurtlaryň asyrlar boýy yzagalaklygyndan Beýik Britaniýa, Fransiýa, ABŞ we Germaniýa ýaly ösen döwletleriň monopolistleri peýdalandylar. XIX asyryň ahyrlaryna gelip, Latyn Amerikasy ýurtlary amalda Beýik Britaniýanyň we ABŞ-nyň ýarymkoloniýalaryna öwrülýärler.

Latyn Amerikasy döwletlerinde kapitalizmiň emele gelmegi uzak we gaty maşakgatly ýoldan bardy. Bu sebite iň köp kapital girizen döwlet Beýik Britaniýady. Esasy serişdeler portlara, demir ýollar gurluşygyna, banklara hem-de tropik ösimlikleri ösdürmäge we et senagatyna sarplanýardy.

XIX asyryň ahyrynda Latyn Amerikasyna ABŞ kapitaly hem girip-gelip başlaýar.

### Kubanyň garaşsyzlyk üçin göreşi

1868–1878-nji ýyllarda Kuba halky ispan kolonizatorlaryna garşy azatlyk göreşini alyp bardy (Ispaniýa Kubany 1510-njy ýylda basyp alypdy). Ýöne Ispaniýa tabynlykdan azat bolup bilmedi. Şeýle bolsa-da, gul eýeçiliginiň ýatyrylmagyny gazandy.

Tiz arada Kuba ABŞ dawa edip başlaýar. Ol Kubany satyn almak niýetinde Ispaniýa ýüzlenýär. Ýöne Ispaniýa razy bolmaýar. 1895-nji ýylda Kuba halky öz milli gahrymany Hose Marti hem-de Maksimo Gomesleriň baştutanlygynda gozgalaň turuzýar.

Parižde gol çekilen Ispaniýa – ABŞ ýaraşyk şertnamasyna görä, Kuba garaşsyz diýlip yglan edilen bolsa-da, amalda ABŞ-a tabyn bolup galýar.

### Meksikada Dias diktaturasy

XIX asyryň 70-nji ýyllarynda ABŞ – Meksika (Meksika 1821-nji ýylda garasyzlygyny gazanypdy) gatnaşyklary barha ýitileşýär. Muňa

ABŞ-nyň Meksikany özüne syýasy we ykdysady bakna etmäge ymtylmagy sebäp bolýar. ABŞ özüne serhetdeş Meksikanyň demirgazyk raýonlarynda Amerikanyň kärhanalaryny we demir ýollary gurmak üçin Meksikanyň hökümetinden rugsat soraýar. Ýöne hökümet bu ýüzlenmäni ret edýär. Netijede, döwlet agdarylyşygy guralýar. ABŞ we ýerli pomeşikler reaksiýasyna daýanýan Porfirio Dias 1876-njy ýylda prezident diýlip yglan edilýär we bu wezipede azajyk arakesme bilen 1911-nji ýyla çenli durýar.

Dias diktaturasy döwri Meksikany daşary ýurt monopoliýalarynyň ýarym koloniýasyna öwüriş döwri bolýar.

Dias edara eden döwrüň ahyryna baryp, ABŞ-nyň Meksika goýan kapitaly 1 mlrd. dollardan geçdi. ABŞ Meksikanyň nebit känlerini, daşary söwdasyny öz gözegçiligine boýun egdirýär.

1909-njy ýylda bolsa Meksikada hasyl bolmaýar. Netijede, daýhanlar gozgalaňy başlanýar. Daýhanlar hereketine Emiliano Sapata ýolbaşçylyk edýär. Sapata „Daýhanlary goramak huntasy“ny düzýär. Onuň şygary „Ýer we azatlyk“ diýen çagyryşdan ybaratdy.

### 1910-njy ýyldaky prezidentlik saýlawy

1910-njy ýylyň iýulynda Meksikada prezidentlik saýlawy geçirilýär. Diktator Diasy prezidentlige gaýtadan saýlamaga garşy duran köpçülik oppozisiýa öňdebaryjysy Maderonyň töweregine birleşýär.

Prezidentlige saýlawda Madero öz kandidaturasyny goýýar. Saýlaw netijelerinden gorkan Dias Maderony türmä taşladýar.

Saýlawlar parahat geçip, adatdakysy ýaly, Dias ýene ýeňiş gazanýar. Aradan esli wagt geçensoň, türmeden boşadylan Madero saýlawlaryň galplygyny äşgär edip, özüni bolsa bikanun prezident diýip atlandyrýar. Diktatura döwründe indeýeslerden çekip alnan bikanun ýerlerini gaýtaryp bermäge, pomeşiklere garaşly ýerleriň bir bölegini hak tölemegiň hasabyna daýhanlara bermäge wada berýär. Halky gozgalaňa çagyrýar. Halk gozgalaňyndan gorkan Dias Meksikadan gaçmaga mejbur bolýar.

Madero bolsa paýtagta girip gelýär we prezidentlik wezipesini eýeleýär. Ýöne Meksikadaky agyr içki syýasy ýagdaý sebäpli ol käbir möhüm özgerişler edip bilmeýär. Şeýle bolsa-da, iş gününi 10 sagada çenli çäklendirýär we önümçilikde jerime ulgamyny ýatyrýar. Daşary ýurt kapitalyny çäklendirmäge we milli ykdysadyýetini goramaga ymtylýar.

**Uerta diktaturasy**

ABŞ Maderonyň syýasatyna duşmanlyk bilen garaýar we diktator Diasyň pikirdeşi, general Uertany Madero garşy küşgürip başlaýar. ABŞ-nyň goldawyndan ruhlanan Uerta 1913-nji ýylda döwlet agdarylyşygy geçirýär. Madero atyp taşlanýar.

Uerta diktaturasy Meksikadaky ýagdaýy ýene-de agyrlaşdyrýar. Diňe bir ýönekeý halk däl, eýsem milli buržuaziýa we buržualaşan pomeşikleriň bir bölegi-de Uerta garşy çykýarlar. Ýurtda raýatlar urşy başlanýar. Milli Watanperwer güýçler general Uertanyň diktaturasyny agdaryp taşlaýarlar.

**Meksika ynkylaby**

XX asyryň başlarynda Meksikada güýçli daýhanlar hereketi başlanýar. Munuň sebäbi daýhanlaryň ýersizligidi. Daýhanlar hereketi ynkylaba öwrülýär. Bu ynkylap (1910–1917) Meksikanyň taryhyna „Buržuaz ynkylaby“ ady bilen giripdir. Ýurduň günortasyndaky daýhanlar hereketiniň ýolbaşçysy Emiliano Sapata 1911-nji ýylda öz agrar maksatnamasyny yglan edýär.




**Emiliano Sapata**

Bu maksatnama indeýeslerden çekip alnan ýerleri olara gaýtaryp bermek, galan ähli ýerleri konfiskasiýa etmek we olary ýersiz daýhanlara bölüp bermek ýaly talaplardan ybaratdy.

Ýurduň demirgazygyndaky daýhanlar hereketiniň ýolbaşçysy Fransisko Wilýanyň baýdagyna „Ýer we azatlyk“ şygary ýazylypdy. E. Sapata we F. Wilýa ýaragly güýçleri 1914-nji ýylda ýurduň paýtagty Mehiko şäherini eýeleýär. Ýöne, köp geçmän, hökümet goşuny olary çekinmäge mejbur edýär. Diňe 1917-nji ýyla gelip daýhanlar gozgalaňy basyp ýatyrylýar. E. Sapata we P. Wilýalar dürli ýyllarda hakynatutma ganhorlar tarapyndan öldürilýär.

Daýhanlar gozgalaňy ýeňlen bolsa-da, yzsiz galmaýar. Hökümet agrar meseläni bölekleýin bolsa-da, çözýär. Mysal üçin, latifundistler tarapyndan bikanun basyp alnan ýerler daýhanlara gaýtarylýar. Mundan daşary, 1917-nji ýylda demokratik ruhdaky konstitusiýa kabul edilýär.

***Diktatura*** (latynça – çäklendirilmedik häkimiýet) – hiç hili kanun bilen çäklendirilmedik, zorlyga daýanýan häkimiýet.
***Oppozisiýa*** – amaldaky hökümetiň syýasatyna garşy güýçler.

1. Latyn Amerikasynyň ösüşden yzda galmagynyň sebäplerini aýdyp beriň.
2. Kuba nähili ýagdaýda amalda ABŞ-a tabyn boldy?
3. ABŞ Latyn Amerikasy ýurtlaryny syýasy we ykdysady tabynlykda saklamak ugrunda nähili usullary ulanypdyr?
4. Meksikada diktatorlyk režimleriniň beýlekilerden uzak höküm sürenligini nähili düşündirýärsiňiz?
5. 1910–1917-nji ýyllardaky Meksika ynkylabynyň ähmiýetini aýdyp beriň.

1. Syýasy garaşsyzlyk üçin göreş haýsy döwürlerde güýçlenipdir? Olara düşündiriş beriň.
2. Meksikada R. Dias agalygy ýyllarynda nämeler bolup geçýär?
3. Bu günki Meksikanyň ýagdaýy barada maglumat toplaň we geçmiş bilen deňeşdiriň.

## 18- §. Latyn Amerikasynyň başga döwletleri

**Braziliýada gul eýeçiliginiň ýatyrylmagy**

Braziliýa Günorta Amerikadaky iri döwletlerden biri bolup, onda 15 mln. ilat ýaşapdyr. Braziliýa, şol bir wagtda, iň yzagalak döwlet hemdi. Braziliýada gul eýeçiligi, garyplyk, sowatsyzlyk we hukuksyzlyk giň möwç alypdy. Gullary satýan bazarlar, öz maşgalasyna, öz öýüne eýe bolmak hukugyndan mahrum bolan adamlary satmak, zähmetkeş guly gözegçilikçiler tarapyndan gamçylap ulanmak bu döwürde adaty ýagdaýdy.

Şeýle bir şertde gullar hem öz adam hukuklaryny goramaga mejbur bolupdyrlar. Gul Bonifasionyň baştutanlygynda şekerçiňrik plantasiýalarynda işleýän gullaryň gozgalaňy munuň delilidir. Gullar özleriniň gara bedenliler respublikasyny yglan edýärler we Bonifasiony prezident edip saýlaýarlar. Bonifasio ýaragly göreş arkaly ähli gullary azat etmek zerur diýip hasaplapdyr. Ýöne hökümet goşunlary Bonifasionyň goşunyny çym-pytrak edipdir.

Gulçulyga garşy güýçler gullary azat etmäge çagyrýan „Azatlyk manifesti“ni yglan edýärler.

Gul eýeçiligine garşy bolan käbir plantatorlar abolisionistik hereketi goldaýarlar. Meselem, olardan biri plantator Antonio Predo öz gullaryny azat edip goýberýär. Ol döwlet ministri bolansoň, gullary azat etmek barada teklip girizýär. Keselligi üçin wezipesini ýerine ýetirip bilmedik imperator Pedru II ornunda wagtlaýyn döwleti dolandyryp duran melike Izabel 1888-nji ýylda Braziliýada gullary azat etmek baradaky „Altyn kanun“ ady bilen meşhur kanuna gol çekýär. Ýurtda bu wagtda 750 müň gul bardy.

### Respublikanyň yglan edilmegi

Gul eýeçiligi ýatyrlansoň, respublika üçin göreş güýçlenýär. Rio-de-Žaneýroda respublikanyň tarapdarlarynyň uly çykyşy bolup geçýär. Çykyşda talyplar, hünärmentler, söwdagärler gatnaşýar. Bu çykyş respublika düzüminiň tarapdary bolan harbylar tarapyndan goldaw tapýar.

Netijede, 1889-njy ýylyň 19-njy noýabrynda Pedru II tagtdan ýüz dönderip, Britaniýanyň gämisinde Portugaliýa ugraýar. Häkimiýet harbylaryň eline geçýär. Täze hökümet ýurdy Respublika diýip yglan edýär. 1891-nji ýylda kabul edilen täze konstitusiýa görä, ýurt Braziliýanyň Birleşen ştatlary diýlip atlandyrylýan bolýar. Ähli raýatlaryň kanun öňünde deňligi yglan edilýär. Ýazmagy we okamagy bilýän raýatlara umumy saýlaw hukugy berilýär.

Ýurduň ykdysady ýagdaýy agyrdy. Mundan iňlis, fransuz, german we Demirgazyk Amerika monopoliýalary peýdalanýarlar. Olar aýgytlaýjy pudaklary eýeleýärler.

### Argentinadaky ýagdaý

Uzak dowam eden içki göreş, Paragwaý bilen alnyp barylan uruş netijesinde Argentinada ykdysady durmuş durup galdy diýen ýalydy.

Ýurduň hökümeti içki ýagdaýy durnuklylaşdyrmak babatda örän uly işleri amala aşyrýar. Buenos-Aýresde milli bank açylýar. Immigrasiýa höweslendirilip başlanýar. Netijede, gysga döwrüň içinde Argentina 300 müň adam göçüp gelýär. Ýewropadan gelenler ýeňillikli şertler bilen döwletden ýer alýarlar. Ençeme şäherler, ýollar gurup, giňeldilýär. Magaryf we ylym-bilim çalt ösüp başlaýar. Buenos-Aýresde pyýada esgerler we harby deňiz mekdebi açylyp, harby tälimiň düýbi tutulýar.

1876-njy ýylda immigrasiýa we kolonizasiýa barada kanun kabul edilýär. Kanuna görä, entek ilat eýelemedik döwlet ýerleri 80 gek-

tardan geçmeýän meýdanlara bölünip satylýar. Indeýesleriň hasyldar ýerleri çekip alnyp, ofiserlere we esgerlere mugt bölüp berilýär.

Hökümet, şol bir wagtda, daşary ýurt kapitalynyň girizilişini hem barha höweslendirýär. Ýeke Beýik Britaniýanyň girizen kapitaly 1,5 mln. dollary düzýänligi ýöne ýerden däldi.

Ýöne zähmetkeşleriň ýagdaýy entegem erbetliginde galýardy. Netijede, işçiler synpy öz hak-hukuklary üçin göreşe başlaýar. Olar 8 sagatlyk iş gününi talap edýärler. 1895-nji ýylda Sosialistik partiýa düzülýär. Partiýa dini tälimi ýatyrmak, ýeke-täk salgyt girizmek, kärdeşler arkalaşyklaryny birleşdirmek we çykyşlara rugsat üçin göreş alyp barýar. 18 ýaşa dolan erkek raýatlara (ruhanylardan we harbylardan daşary) umumy saýlaw hukugyny bermek barada kanun çykarylmagy gazanylýar.

### Merkezi Amerikadaky ýagdaý

Merkezi Amerikada ABŞ-nyň täsiri çalt depginler bilen güýçlenýärdi. Şonuň netijesinde, içki göreşler netijesinde haldan taýan Gwatemala ABŞ-a tabyn bolýar.

Gonduras, Salwador we Nikaragua 1895–1896-njy ýyllarda bitewi döwlet – Beýik Merkezi Amerika Respublikasyna birleşýärler. Hut şu birlik ABŞ-ny aladalandyrýar. Çünki ABŞ-a Merkezi Amerikada onuň syýasatyna böwet bolmagy mümkin bolan döwletleriň soýuzy gerek däldi. ABŞ monopoliýalary bu ýurtlardaky hökümete, oppozisiýadaky toparlara daýanyp Beýik Merkezi Amerika Respublikasyny dargadyp goýbermegi başardy.

Panama kanaly açylansoň, kanalyň çäginde ABŞ gubernatory özüne boýun egýän iri harby güýçler bilen Merkezi Amerika ýurtlaryna howp salyp durýar.

***Abolisionizm*** (latynça – ýok etmek, ýatyrmak) – gara bedenlileri gullukdan azat etmek hereketi.
***Milýa*** – 1609,3 metre deň uzynlyk ölçegi.

1. Braziliýada gul eýeçiligi nädip ýatyryldy?
2. Braziliýada Respublika düzüminiň ornaşdyrylyşy barada aýdyp beriň.
3. Argentinanyň hökümeti ýurdy agyr ykdysady ýagdaýdan alyp çykmak üçin nähili çäreleri gördi?

4. Merkezi Amerika döwletleriniň ösüşine mahsus esasy içki aýratynlyklary aýdyp beriň.

1. „Altyn kanun“yň manysyny düşündiriň.
2. Argentinada kolonizasiýa baradaky kanun nähili amala aşyryldy?
3. Sosialistik partiýa nähili maksatlary öňe sürdi?
4. Pikir ýörediň: ýurdy we halklary bir-birine garşy küşgürmek nähili netijelere getiripdir? Biziň döwrümizde nähili?

ABŞ bilen Panama Respublikasynyň arasynda Panama kanaly barada düzülen şertnamadan. 1903-nji ýyl.

„...**2-nji madda.** Panama Respublikasy ady dile alnan kanaly gurmak, saklap durmak, ondan peýdalanmak, ony sanitariýa halatyna getirmek hem-de goramak üçin 10 milýalyk zona möçberindäki ýerler we suw astyndaky desgalardan peýdalanmak, olary eýelemek we gözegçilik etmek hukugyny Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna ebedi tabşyrýar.

**3-nji madda.** Panama Respublikasy Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna zonadaky ähli hukuklary, ygtyýarlyklary we bütin häkimiýeti tabşyrýar...“

IV BAP

# XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA RUS İMPERİÝASY, MERKEZİ WE GÜNORTA-GÜNDOGAR ÝEWROPA DÖWLETLERİ

19-§.

## XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Rus imperiýasynyň sosial-syýasy we ykdysady ýagdaýy

**Russiýanyň syýasy düzümi**

Russiýa bu döwürde çäklendirilmedik monarhiýa bolup, bütin häkimiýet imperatoryň elinde toplanypdy. (Taryh kitaplarynda Russiýa häkimiýetine görä „sarizm“, „samoderžawiýe“ jümleleri hem ulanylýar.)

Imperator häkimiýetiniň esasy daýanjy pomeşikler hem-de Prawoslaw buthanasydy. Imperator maşgalasynyň özi iň uly pomeşik bolup, 7 mln. desýatina (1 desýatina = 1,1 gektar) ýere eýelik edýärdi. Pomeşik hojalygy Russiýanyň kapitalistik ösüşi ugrundaky esasy bö-

wetdi. Pomeşikler jan edip köne düzgünleriň saklanyp galynmagyna çalyşýardylar.

Russiýada buržuaziýa synpy hem bardy. Olaryň maýa goýumlarynyň göwrümi barha artýardy. Ýöne buržuaziýanyň syýasy abraýy pes, döwleti dolandyrmakdaky gatnaşygy duýulmaýar diýen ýalydy.

### Ykdysady ýagdaý

Russiýa agrar-industrial döwletdi. Ýurduň ilatynyň esasy bölegi obalarda ýaşaýardy. Şeýle bolsa-da, Russiýada kapitalizm çaltlyk bilen ösýärdi. Daşary ýurt kapitalynyň girip gelmegi sebäpli agyr senagat çaltlyk bilen öňe gitdi. Onuň metallurgiýa, maşyngurluşyk, nebit we kömür gazyp almak ýaly pudaklary ösüp başlaýar. Russiýa gysga wagtyň içinde nebit gazyp çykarmak boýunça ABŞ-ny hem yzda galdyrýar we dünýäde birinji orna çykýar. Daşary ýurda ençeme kerosin eksport edilýär.

Russiýanyň ykdysady ösüşine mahsus ýene bir aýratynlyk – monopoliýalaryň emele gelenligi boldy. Russiýa gara metallurgiýasynda „Prodmet“, kömür senagatynda „Produgol“ atly iri monopoliýalar emele gelýär. Reňkli metallurgiýa ugrunda „Med“ jemgyýeti (1907) aýgytlaýjy ýagdaýy eýeleýär.

Russiýanyň ykdysady ösüşine mahsus ýene bir aýratynlyk – daşary ýurda kapital çykarmakdan görä, daşardan Russiýa kapital girizmegiň üstünligidi. Bu, bir tarapdan, Russiýa kapitalizminiň gowşaklygy netijesi bolsa, ikinjiden, Russiýada daşary ýurt kapitalyna uly peýda getirýän ugurlaryň, sebitleriň köplügi hem-de arzan işçi güýjüniň barlygy bilen hem düşündirilýärdi.

Ýurduň senagatyna goýlan daşary ýurt kapitalynyň esasy bölegi Fransiýa kapitalydy.

Russiýanyň oba hojalygy hem haýallyk bilen bolsa-da, ösýärdi. Oba hojalyk önümlerini eksport etmek hem ösýär. Esasy eksport önümi – gallady.

Russiýada kapitalizmiň ösmegi bilen maliýe kapitaly hem emele geldi. „Peterburg halkara banky“, „Azow-Don“ we „Rus-Aziýa“ banklary ýurduň durmuşynda öňdebaryjy rol oýnap başlaýar.

Şeýle bolsa-da, XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Russiýa ykdysady ösüşde başga beýik döwletlere garanda yzdady.

### Içki syýasat

Rus imperiýasynyň düzüminde 100-den artyk millet we halk ýaşaýardy. Olaryň çäkleri dürli asyrlarda, dürli taryhy şertlerde Russiýa tarapyndan basylyp alnan bolup, basylyp

alnan ülkelerde ruslaşdyryş syýasaty alnyp barylýar. Basybalyjylaryň zulmuna garşy göterilen milli azatlyk hereketleri bolsa aýawsyz basyp ýatyrylýar.

Şeýlelikde, Rus imperiýasynda raýatlaryň uly bölegi, şonuň ýalyda, koloniýa halklary agyr durmuş geçirýärdi. Bu bolsa haçandyr uly ynkylap ýüze çykmagyna getirjekdigi şübhesizdi. Munuň üstesine, 1904-nji ýyldaky Rus–Ýapon urşy halk köpçüliginiň durmuş derejesini ýene-de agyrlaşdyryp goýberýär. Ahyrynda, bu – 1905-nji ýylda birinji rus ynkylabynyň bolup geçmegine getirýär. Dogry, ynkylap ýeňildi. Hökümdar gatlaklar bu ynkylapdan zerur sapak hem çykardy. Onuň esasysy daýhanlary ynkylap hereketinden daşlaşdyrmak babatdaky sapakdy. Ikinjisi, obalarda sarizmiň güýçli sosial daýanjyny emele getirmek meselesidi.

Bu maksatlary amala aşyrmak üçin agrar özgertme geçirmek karar edilär. Imperator Nikolaý II 1906-njy ýylda agrar özgertme geçirmek we daýhanlary göçürmek barada perman çykarýar. Bu özgertme Premýer ministr P.A. Stolypiniň başlangyjy bilen bagly bolanlygy üçin ol taryha „Stolypiniň agrar özgertmesi“ ady bilen giripdir. Oňa görä, daýhanlaryň öz hususy ýerine eýe bolşy meselesiniň aşakdaky 3 usul arkaly amala aşyrylmagy göz öňünde tutuldy:

– obşina ýer eýeçiligini ýatyrmak we daýhanlara satyn alan obşina ýerini hususy eýeçilige öwürmek hem-de daýhana öz ýerini satmak hukugyny hem bermek;

– daýhanlaryň döwlete we pomeşiklere garaşly ýerleri satyn almaklary üçin olara „Daýhanlar banky“ arkaly kömek bermek;

– ýer ýetmezçiligi güýçli bolan merkezi regionlardaky daýhanlaryň bir bölegini Sibire, Türküstana, Uzak Gündogara we Imperiýanyň milli çet ülkelerine göçürmek.

Stolypiniň agrar özgertmesi oba ilatynyň gatlaklanyşyny we içki bazaryň ösüşini güýçlendirýär. Gurply daýhanlaryň (kulaklar) ýagdaýyny pugtalandyrýar. Ýöne agrar özgertme pomeşik ýer eýeçiligini ýatyryp bilmeýär.

Mundan daşary, göçüp gidenler ýene öňki ýerlerine gaýtadan göçüp geläge mejbur bolup başlaýarlar. Çünki göçürmek maddy taýdan ýeterli üpjün edilmegi. Şonuň ýaly-da, göçürme syýasaty milli çet ülkelerdäki syýasy ýagdaýy ýitileşdirýär. Muňa çet ülkelerdäki, hususan-da, Türküstandaky ýerli ilata degişli iň ýagşy ýerleriň göçüp

gelenlere berlenligi, ýerli ilatyň bolsa şerti agyr ýerlere sürüp çykarylanlygy sebäp bolýar.

Şeýlelikde, Stolypiniň özgertmeleri ýurdy „rahatlandyryp“ bilmedi. Hökümdar gatlaklar onuň otstawka çykmagyny talap edip başladylar. Stolypin otstawka çykandan soň, 1911-nji ýylda atyp öldürilýär. Ýöne ähli nogsanlaryna seretmezden, Stolypiniň agrar syýasaty obada kapitalizmiň ösmegine ýol açdy.

***Samoderžawiye*** – Russiýada monarhiýanyň çäklendirilmedik döwlet ulgamy, zulumkär häkimiýet.
***Özgertme*** – käbir ugurdaky bar düzgünleri düýpli özgertmek.
***Agrar özgertme*** – ýer-suw, ýere eýelik we ýer-suwdan peýdalanmaga degişli düzgünleri gaýtadan özgertmek.
***Sarizm*** – Rus imperatorynyň, monarhiýanyň çäklendirilmedik häkimiýetini esaslandyrýan döwlet düzümi.

1. Russiýanyň syýasy düzümini Beýik Britaniýanyň, Germaniýanyň we Fransiýanyň syýasy düzümi bilen deňeşdiriň.
2. Russiýanyň ykdysady ösüşine mahsus aýratynlyklary aýdyp beriň.
3. Stolypiniň agrar özgertmesiniň mazmuny we netijeleri barada nämeleri bildiňiz?

Russiýanyň oba hojalygynda eksport edilýän esasy haryt galladygyny düşündirip beriň.

## 20- §. Rus imperiýasynyň daşary syýasaty

**Rus imperiýasy – kolonizator döwlet**

Russiýa hem iri kolonizator döwletlerden biri bolupdyr. Basybalyjylykly uruşlar ýoly bilen uly imperiýa emele getirildi. Şol bir wagtda, Rus kolonial imperiýasy Beýik Britaniýa ýa-da Fransiýa kolonial imperiýasyndan tapawutlanýardy.

Bu tapawut – Russiýa basyp alan çäkleriň imperiýanyň düzümine gönüden-göni goşup alynmagyndady. Özüne goňşy döwletleri basyp alanlygy sebäpli Russiýanyň okean ýa-da deňizaňyrsy koloniýalary ýokdy.

Mysal üçin, Orta Aziýanyň basyp alnan bölegi imperiýanyň düzümine goşulyp, bu çäkde Türküstan general-gubernatorlygy döredilenligi size „Özbegistanyň taryhy“ dersliginden mälim.

Russiýanyň basybalyjylyk syýasatynyň esasy ýönelişleri Balkan, Uzak Gündogar, Gara deňiz bilen Ortaýer deňzini baglaýan Osmanly döwletine garaşly Dardanell we Bosfor bogazlary hem-de Orta Aziýada öz agalygyny ornaşdyrypdy.

Russiýa XIX asyryň 70-nji ýyllaryndan soň hem Orta Aziýada basybalyjylyk syýasatyny dowam etdirýär. 1873-nji ýylda Hywa hanlygy wassal döwlete öwrülýär. Orta Aziýa bolsa 1885-nji ýylda doly boýun egdirilýär.

**Russiýa – Osmanly döwleti urşy**

1875-nji ýylda Bosniýada we Gersegowinada Osmanly döwleti kolonizatorçylyga garşy gozgalaň turýar. Olar milli garaşsyzlygy talap edýärler. Bolgariýada hem şeýle gozgalaň turuzylýar. Ýöne gozgalaň rehimsizlik bilen basyp ýatyrylýar.

Balkan krizisi beýik döwletleriň bähbidini ýene bir gezek çaknyşdyrýar.

1876-njy ýyl Serbiýa – Osmanly döwleti urşunda Osmanly döwletiniň işi şowuna düşýär. Şeýle şertde Russiýa Osmanly döwletinden Serbiýa bilen ýaraşyk ylalaşygyna gol çekmegi we armiýasyny demobilizasiýa etmegi talap edýär.

Osmanly döwleti Serbiýa bilen parahatçylyk şertnamasyny düzen bolsa-da, öz armiýasyny demobilizasiýa etmeýär. Bu Russiýa üçin geregi-de şoldy. Russiýa 1877-nji ýylyň 24-nji aprel güni Osmanly döwletine uruş yglan edýär. Serbiýa we Çernogoriýa hem uruş hereketlerinde gatnaşýar. Russiýa Osmanly döwletine uly ýitgi ýetirýär.

Russiýanyň üstünlikleri Beýik Britaniýany alada goýýar we ol öz harby gämilerini Mermer deňzine girizýär. Rus armiýasy Konstantinopol şäherine çozup girse, Russiýa bilen diplomatik aragatnaşygyny kesýändigini mälim edýär.

**San-Stefano şertnamasy**

1878-nji ýylda San-Stefanoda Russiýa – Osmanly döwleti şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama Balkan ýarymadasynyň syýasy kartasyny düýpgöter üýtgedip goýberýär. Bolgariýa Osmanly döwletine diňe sözde tabyn bolýar, amalda bolsa garaşsyz döwlete öwrülýär. Çernogoriýa, Serbiýa we Rumyniýa doly garaşsyz döwletler diýlip ykrar edilýär. Osmanly döwletiniň Russiýa uly mukdarda kontribusiýa tölemelidigi bellenýär. Ýöne San-Stefano şertnamasyny Beýik Britaniýa ykrar etmeýär. Ol bu şertnamany gaýtadan seredilmegini talap edýär. Germaniýa we Awstro-

Wengriýa hem bu talaba goşulýarlar. Ýeke galan Russiýa täze halkara kongress – Berlin kongressiniň çagyrylmagyna bialaç razy bolýar.

**Berlin kongressi**

Kongress 1878-nji ýylyň 13-nji iýunynda açylýar. Kongressde „Berlin traktaty“ diýlip atlandyrylan resminama gol çekilýär. Bu resminama Russiýanyň San-Stefano şertnamasy netijesinde gazanan uly üstünlikleriniň ähmiýetini kemeldip goýberýär. Mysal üçin, Beýik Britaniýa harby gämileri Gara deňze girmek hukugyna eýe bolýar, Kipr adasy Beýik Britaniýa, Bosniýa we Gersegowina Awstro-Wengriýa peşgeş berilýär. Bolgariýa ikä bölüp iberilýär. Şol bir wagtda, Osmanly döwleti tölemeli bolan kontribusiýanyň uly böleginiň hasabyna Russiýa Kawkazyň Batumi, Kars we Ardagan çäkleri berilýär. Çernogoriýa, Serbiýa we Rumyniýanyň döwlet garaşsyzlygy ykrar edilýär.

**Uzak Gündogar syýasaty**

Russiýanyň söwda-senagat toparlary Uzak Gündogaryň eýelenmeginden bähbitlidiler. Şonuň üçin hem Amurboýy we Primorýe ülkesini basyp alýar.

Şu sebäpli Russiýa Ýaponiýa bilen ýagşy gatnaşykda bolmaga ymtylýar. ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň Ýaponiýa garşy gönükdirilen harby ekspedisiýalarynda gatnaşmaýar. 1875-nji ýylda Ýapon hökümeti Günorta Sahaline bolan dawasyndan ýüz döndermek şerti bilen Kuril adalarynyň demirgazyk bölegini Ýaponiýa berilmegi barada şertnama düzülýär.

**Orta Aziýa meselesindäki gapma-garşylyklar**

70-nji ýyllarda Russiýanyň hökümeti bilen Britaniýanyň hökümetiniň arasynda Orta Aziýadaky täsir sferalaryny anyklamak üçin gepleşikler başlanýar we ol 1873-nji ýylda ylalaşyk düzmek bilen tamamlanýar. Oňa görä, Russiýa Owganystany öz täsirinden daşary, diýip ykrar edýär. Beýik Britaniýa bolsa Hywa dawa etmeýän bolýar. Ýöne Beýik Britaniýa Owganystana garşy täze basybalyjylyk hereketlerini başlaýar. Owgan halky basybalyjylara garşy gozgalaň turuzýar. Gozgalaňa Owganystanyň Russiýanyň täsirinde bolan syýasy işgäri Abdurahman baştutanlyk edýär. Gozgalaňçylar tiz arada iňlisleriň üstünden ýeňiş gazanýarlar.

Özüniň strategik maksadyna ýeten Russiýa häzirki Türkmenistanyň çäklerini basyp almaga girişýär. Şol bir wagtda, türkmen taýpalarynyň arasyndaky özara agzalalyklar, olaryň bitewi güýç hökmünde birleşip bilmändikleri hem Russiýa örän amatly bolýar.

Netijede, 1885-nji ýylda Guşgy şäheri eýelenýär. Şundan soň Beýik Britaniýa bilen Russiýanyň arasynda Owganystanyň takdyry we onuň araçägini belgilemek meselesi çözülýär. 1891-nji ýylda Russiýa basyp alan Orta Aziýa çägi bilen Owganystanyň arasyndaky araçägiň Pamirden geçýändigi barada şertnama gol çekilýär.

### Rus – Ýapon urşy

Rus – Ýapon gatnaşyklary Hytaý we onuň Manjuriýa prowinsiýasy sebäpli barha ýitileşýär. Iki döwletiň arasynda uruş gelip çykmagynyň gutulgysyzdygyny gowy aňan Ýaponiýa indi beýik döwletler bilen ýakynlaşmak ýollaryny gözläp başlaýar. We ahyrynda, 1902-nji ýylda Ýaponiýa – Beýik Britaniýa ylalaşygyna gol çekilýär. Olar islendik şertde-de bir-birini goldamagy ylalaşýarlar.

ABŞ Ýaponiýany Russiýa garşy urşa taýýarlanmaga höweslendirip başlaýar. Harby taýdan urşa taýýar bolan Ýapon floty 1904-nji ýylda uruş yglan etmezden, Port-Arturdaky Russiýanyň harby deňiz güýçlerine hüjüm edýär we oňa uly ýitgi ýetirýär (155-nji sahypadaky goşmaça garaň).

Russiýa harby-ykdysady taýdan urşa taýýar däldi. Şonuň netijesinde hem deňizde, hem gury ýerde şowsuzlyga duçar bolýar. Ahyrynda, Port-Artur boýun egýär. 1905-nji ýylda Susimanyň ýanynda rus floty derbi-dagyn edilýär. Şeýdip bütin diýen ýaly Ýuwaş okean floty heläkçilige duçar bolýar.

Şeýle şertde Russiýanyň Ýaponiýa bilen parahatçylyk şertnamasyna gol çekmekden başga alajy galmaýar.

ABŞ ara düşmeginde 1905-nji ýylyň 23-nji awgustynda şeýle şertnama gol çekilýär.

Şertnama görä, Russiýa Koreýany Ýaponiýanyň täsir sferasy diýip ykrar edýär.

Ýaponiýa Port-Artury kärendä almak hukugyna eýe bolýar. Sahalin adasynyň günorta bölegi Ýaponiýa berilýär.

***Demobilizasiýa*** – harby gullukdan boşatmak.
***Traktat*** – halkara şertnama, ylalaşyk.

1. Rus kolonial imperiýasy başga imperiýalardan haýsy tarapy bilen tapawutlanypdyr?
2. Russiýanyň bähbitleri iň köp derejede çaknyşan döwletlerden biri Osmanly döwleti bolanlygyny nähili faktorlar bilen düşündirýärsiňiz?
3. 1877–1878-nji ýyllardaky Russiýa–Osmanly döwleti urşy we onuň netijeleri barada nämeleri bildiňiz?
4. Rus – ýapon urşunyň netijeleri nämelerden ybarat bolýar?

1. Russiýa Orta Aziýany nähili ýol bilen edara etdi?
2. San-Stefano şertnamasynyň mazmunyny düşündirip beriň. Ol soň nähili özgerdi?
3. Germaniýa birleşenden soň bitewi içki bazaryň emele gelenligi onuň pajarlap ösmegine getirdi. Russiýa bolsa birnäçe asyrlaryň dowamynda bitewi döwlet bolsa-da, ykdysady taýdan yzagalak bolmagynda galýardy. Muny nähili düşündirip bilersiňiz?

## 21- §. Russiýada Döwlet dumasynyň döredilmegi

**Sosial hereket**

Russiýanyň ilatynyň durmuş derejesi Günbatar Ýewropa döwletlerine garanda örän pesdi. Bu ýagdaý ýurtda çuňňur ykdysady-syýasy özgertmeler geçirilmegini talap etmegi başarýan konstitusion oppozisiýanyň ýoklugynyň netijesidi. Bar hökümdar düzüm bolsa çuňňur sosial özgertmeleriň ganym duşmanydy.

Kärhanalarda iş wagty orta hasapda 12–14 sagat dowam edýärdi. Fabrige hakynatutma işçi hojaýynyň dükanyndan önümi nesýä we gymmat nyrhlarda almaga mejburdy. Dükan kärhana eýeleri üçin işçileri goşmaça ekspluatasiýa etmegiň serişdesi wezipesini ýerine ýetiripdir.

Milli çet ülkelerde işçiler, aýratynam, agyr we hukuksyz ýagdaýdadylar.

Jemgyýetde bar bolan düzümi özgertmek barada oýlaýan dürli toparlar, bileleşikler emele gelýär. Olaryň biri – G. W. Plehanow ýolbaşçylyk edipdir „Zähmeti azat etmek“ toparydy. Bu topar 1883-nji ýylda düzülýär. Ol işçiler synpyny rewolýusion güýç diýip hasaplapdyr. Ýöne häkimiýeti ýaragly gozgalaň ýoly bilen basyp almaga garşy we jemgyýeti özgertmeler ýoly bilen täzelemegiň tarapdarydy.

1895-nji ýylda Peterburgda „Işçiler synpyny azat etmek üçin göreş soýuzy“ düzülýär. 1898-nji ýylda Russiýadaky ähli sosial-demokratik toparlar „Russiýa sosial-demokratik işçiler partiýasy“ (RSDRP) diýlip atlandyrylan syýasy partiýa birleşýärler. 1903-nji ýyldan başlap bu partiýa ýolbaşçylyk W. I. Ulýanowyň (Lenin) eline geçýär. Ol RSDRP-däki bolşewikler diýip atlandyrylýan akyma öňdebaryjylyk edýär.

Bolşewikler Russiýada hususy eýeçilik bolmaýan, jemgyýetiň agzalary eziji we ezilijilere bölünmeýän, döwlet häkimiýeti, esasan, işçiler synpynyň elinde bolýan, ähli emläk döwletiňki hasaplanýan jemgyýeti gurmakçydylar.

Şeýle jemgyýeti gurmak üçin bar düzümi işçileriň ýaragly gozgalaňy (aslynda döwlet agdarylyşygy) arkaly agdaryp taşlamak taglymyny wagyz edipdirler.

**1905-nji ýyl ynkylabynyň başlanyşy**

1905-nji ýylyň 9-njy ýanwar güni Russiýanyň taryhynda birinji ynkylap (rewolýusiýa) başlanýar. Bu ynkylap Russiýanyň zähmetkeşleriniň agyr durmuşy rus–ýapon urşy netijesinde ýene-de erbetleşmegi netijesinde bolup geçýär.

Imperatoryň „adalatlylygyna“ ynanan Peterburgyň işçilerinden 250 müň adam 9-njy ýanwar, ýekşenbe güni öz haýyşlaryny patyşa bildirmek üçin parahatçylykly mitinge çykýarlar. Haýyşnamada Esaslandyryjy mejlisi çagyrmak, demokratik azatlyklary bermek, 8 sagatlyk iş gününi girizmek ýalylar öňe sürlüpdi.

Ýöne Nikolaý II parahatçylykly mitingi oka tutmagy buýurýar. Bu waka Russiýanyň taryhyna „Ganly ýekşenbe“ ady bilen girdi. Peterburgdaky „ganly“ wakalara jogap edip Moskwa, Riga, Warşawa, Baku we başga şäherleriň işçileri iş taşlaýarlar, çykyşlar başlanýar. Ýurtda daýhanlar hereketi hem başlanýar. Ynkylap (rewolýusion) hereketi, hatda käbir harby bölümlere-de täsir edýär. Mysal üçin, Gara deňiz flotuna garaşly „Potýomkin“ bronenosesiniň matroslary 1905-nji ýylyň tomsunda gozgalaň turuzýarlar.

**Russiýada parlamentiň döredilmegi**

Ynkylap hereketiniň şeýle bolmagy Nikolaý II-ni eglişik etmäge mejbur edýär. Ol Manifest yglan edýär. Onda wyždan, söz, metbugat azatlygy, ýygnak geçirmek we dürli soýuzlary düzmek hukugy, şonuň ýaly-da, kanun çykaryjy häkimiýet – Döwlet dumasyny (parlamentini) girizmek wada edilipdi.

1905-nji ýylyň dekabrynda Döwlet dumasyna saýlaw barada kanun kabul edilýär. 1906-njy ýylyň aprelinde 1-nji Döwlet dumasy öz işini başlaýar. Dumanyň işindäki esasy mesele agrar meseledi. Deputatlaryň 1/4 bölegine golaýy daýhanlaryň wekillerinden ybaratdy. Olar hemme ýerleriň daýhanlaryň arasynda paýlanmagyny teklip edýärler. Bu amalda pomeşik ýer eýeçiliginiň ýatyrylýandygyny aňladýardy.

Nikolaý II bolsa Dumadaky ýagdaýdan aladalanýardy. Duma ol pikir edişi ýaly parahat bolup çykmady. Şonuň üçin hem Nikolaý II Dumany dargadyp goýberýär.

1907-nji ýylyň ýanwarynda 2-nji Döwlet dumasyna saýlaw geçirilýär. Bu Dumada hem agrar mesele esasy mesele bolýar.

Agrar mesele babatda Duma hökümet taslamasyny tassyklamaýar. Hökümet, tiz arada, Dumadaky sosial-demokratlara döwlet agdarylyşygy taýýarlanýar, diýip aýp goýýar we olary Dumanyň düzüminden çykarmagy talap edýär. Bu talaba jogap bermegiň uzaga çekenligi bahanasynda Nikolaý II 3-nji iýunda ýene Dumany dargadyp goýberýär. Şeýlelikde, birinji rus ynkylaby şowsuzlyk bilen gutarýar.

**Saýlaw baradaky täze kanun**

1907-nji ýylyň 3-nji iýunynda saýlaw baradaky täze kanun kabul edilýär. Täze kanun özünde hökümdar gatlagyň bähbidini doly derejede şöhlelendirýär. Mysal üçin, bir pomeşigiň sesi 4 iri buržuaziýa wekiliniň, 260 sany daýhanyň we 543 işçiniň sesine deňdi.

Russiýanyň parlamenti iki palataly parlamente öwrülýär. Döwlet Geňeşi parlamentiň ýokary palatasy wezipesini ýerine ýetirýär. Döwlet Geňeşiniň agzalarynyň 50 göterimini Imperator belleýärdi. Hökümet Imperatoryň öňünde jogapkärdi. Oňa „weto“ hukugy berilýär. Daşyndan garanda Russiýa konstitusion monarhiýa öwrülen ýalydy.

Aslynda, patyşa häkimiýeti çäklendirilmedikligine galýardy we halka käbir hukuklar berilýär: Işçilere kärdeşler arkalaşyklaryna birleşmek hukugy berilýär.

Iş taşlanlygy üçin jenaýat jogapkärligine çekmek, daýhanlaryň bolsa ýer üçin hak tölemegi ýatyryldy.

Patyşa häkimiýetiniň garamagynda bolsa-da, wekillik edara – parlament girizilýär.

***Manifest*** (latynça) – hökümetiň örän möhüm waka mynasybetli halka eden ýazma ýüzlenmesi.

***Ekspluatasiýa*** (fransuzça) – ýer eýeleriniň başgalaryň zähmetiniň önümini özleşdirip almagy.

1. Russiýadaky sosial hereketiň özboluşly aýratynlygyny aýdyp beriň.
2. Bolşewikleriň jemgyýeti gaýtadan gurmak baradaky taglymatyny bu günki gün nukdaýnazaryndan bahalaň.
3. Birinji rus ynkylabynyň sebäpleri we netijeleri barada nämeleri bildiňiz?
4. Russiýada Döwlet dumasy (parlament) nädip emele geldi?

1. Russiýanyň kärhanalaryndaky ýagdaý barada pikir ýorediň.
2. „Ganly ýekşenbe“ nämelere getirdi?
3. Russiýadaky saýlaw baradaky kanunlar barada referat taýýarlaň.

Bu günki Russiýa Federasiýasynyň Döwlet dumasy barada maglumat tapyň.

## 22-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Awstro-Wengriýa imperiýasy

### Syýasy düzüm

Awstro-Wengriýa imperiýasy 1867-nji ýylda Awstriýanyň we Wengriýanyň hökümdar gatlaklarynyň arasyndaky ylalaşyk esasynda emele geldi.

Imperiýanyň Awstriýa korollygynyň düzümine Çehiýa, Morawiýa, Galisiýa we Bukowina, Wengriýanyň düzümine bolsa Slowakiýa, Horwatiýa we Transilwaniýa giripdir.

Şol ýylyň özünde Imperiýanyň täze konstitusiýasy kabul edilen. Oňa görä, Imperiýanyň umumy hökümdary Awstriýanyň imperatory bolupdyr. Imperator Gabsburglar dinastiýasynyň wekilidi. Dinastiýa imperiýany 1867-nji ýyldan 1918-nji ýyla çenli dolandyrypdyr.

Awstriýada imperator häkimiýeti resmi taýdan Reýhstag, Wengriýada bolsa korol häkimiýeti Seým tarapyndan çäklendirilmedik. Şeýle hem, Awstro-Wengriýa konstitusion monarhiýady.

Imperiýa döredilensoň, aşakdaky 3 umumimperiýa ministrligi döredilen: 1. Daşary işler. 2. Harby we deňiz. 3. Maliýe. Başga ministrlikler Imperiýanyň iki böleginde-de özbaşdak iş ýöredipdirler. Wengriýa korollygy öz parlamentine, ýerine ýetiriji häkimiýetine, syýasy we administratiw awtonomiýasyna eýe bolupdyr. Imperiýanyň ilatynyň aglabasyny boýun egdirilen slawýan halklary düzüpdir.

### Awstro-Wengriýanyň ykdysady ösüşi

XIX asyryň soňky çärýeginde Awstro-Wengriýa Ýewropanyň ösen döwletlerine garanda yzagalak ýurtdy. Ýurtda orta asyr

feodalizmiň galyndylarynyň saklanyp galanlygy öňdebaryjy Ýewropa ýurtlaryna garanda senagatyň ösüşiniň haýallamagyna sebäp bolýar.

Şäher ilaty bütin Awstro-Wengriýa ilatynyň diňe üçden birini düzýärdi. Hatda Imperiýanyň iň ösen bölegi bolan Awstriýada hem oba ilaty köpçüligi düzýärdi.

Awstro-Wengriýa ylalaşygy Wengriýanyň ykdysady taýdan ösmegi üçin mälim itergi bolýar. Wengriýanyň kömri esasynda senagatyň metallurgiýa pudagy ösüp başlaýar. Ýöne Wengriýanyň esasy senagat pudagy azyk senagaty bolmagynda galýardy. Wengriýanyň öndüren azyk önümleri imperiýada öndürilen önümleriň ýarysyny düzüpdir.

Imperiýanyň industrial raýonlary Aşaky Awstriýada we Çehiýada önümçiligiň merkezleşmegi we monopoliýalaryň emele geliş prosesi çaltlyk bilen geçýär.

XX asyryň başlaryna gelip ssuda kapitaly, esasan, Wenadaky iri banklarda toplanýar. Ýurduň durmuşynda maliýe oligarhiýasynyň täsiri barha güýçlenýär.

Şol bir wagtda, imperiýanyň ösüşiniň özboluşly ýene bir aýratynlygy – onuň daşary ýurt kapitalyna baknalygy barha güýçlenýänligindedi. Fransiýa, Belgiýa, Germaniýa banklary karz bermek, senagata serişde goýbermek arkaly Awstriýany öz kapitallary bilen dolduryp taşlaýar.

Awstro-Wengriýanyň senagatynyň metallurgiýa, maşyngurluşyk, elektrotehnika we şular ýaly pudaklary Germaniýanyň firmalary tarapyndan maliýe taýdan üpjün edilýär. Nemes kapitalynyň dokmaçylyk we maşyngurluşyk kärhanalarynda hem ýagdaýy ýokarydy. Nemes kapitaly oba hojalygyna hem sokulyp girýär.

### Sosial hereket

Imperiýanyň zähmetkeşleri öz hak-hukuklary üçin göreş alyp barypdyrlar. Imperiýanyň paýtagty Wena şäherinde işçileriň köpçülikleýin çykyşy geçirilýär. Çykyşa gatnaşanlar demokratik azatlyklaryň berilmegini talap edipdirler.

Hökümet muňa jogap edip, Awstriýa işçiler hereketiniň ýolbaşçylaryny döwlete hyýanatda aýplaýar. Sud olary uzak möhlete azatlykdan mahrum edýär.

Awstriýanyň hökümeti hem Bismarkdan görelde alyp, 1884-nji ýylda işçiler hereketine garşy „Adatdan daşary kanun“ girizýär. Ka-

nun işçiler hereketine garşy polisiýa terrorynyň güýçlendirilmegine rugsat berýär. Kärdeşler arkalaşyklary dargadyp goýberilýär. Işçi gazetlerini neşir etmek bes edilýär. Şeýle bolsa-da, işçiler göreşi dowam etdirýärler. 1889-njy ýylda bolsa Awstriýa sosial-demokratik partiýasy (ASDP) düzülýär.

Partiýanyň maksatnamasynda syýasy azatlyklary girizmek, parlamenti umumy, deň, göni, gizlin ses bermek ýoly bilen saýlamak barada kanun kabul etmek, buthanany döwletden, mekdebi buthanadan aýyrmak, iş gününi gysgaltmak ýaly talaplar bardy.

Işçiler hereketi barha güýjäp baryberensoň, 1907-nji ýylda hökümet saýlaw ulgamy özgertmesi barada kanun kabul etmäge mejbur bolýar.

### Milli azatlyk hereketi

Imperiýada islendik şertde-de slawýan halklarynyň koloniýa ýagdaýyny saklap galmaga ymtylýan şowinistik keýpdäki güýçler hem öz syýasy partiýalaryny düzýärler. Bu partiýalardan biri Pangerman partiýasy, ikinjisi bolsa Hristian sosialistler partiýasy diýlip atlandyrylýar.

Köpräk awstriýaly katoliklerden ybarat bolan Hristian sosialistler partiýasynyň işgärleri „Beýik Germaniýa“ taglymyny synpy parahatçylygy wagyz etmek, ähli sosial dawalary „agzybirlik we muhabbet ruhunda“ çözmäge çagyrmak we antisemitizmi wagyz etmek bilen goşup alyp bardylar. Ýöne hökümdar toparlar slawýan halkynyň milli azatlyk hereketini togtadyp bilmedi.

Çeh oppozisiýasy Çehiýaga hem syýasy hukuklaryň berilmegini talap edýär. Hökümet muňa jogap edip yzarlama çärelerini güýçlendirip goýberýär. Çehiýada gabaw halaty girizilýär. Ýöne bu usul çeh oppozisiýasyny „ýatyryp“ bilmeýär. Göreş dowam edýär, ahyrynda, Çehiýada sud we administratiw işler üçin iki dil girizilýär. Praga uniwersitetinde-de okuw iki dilde (nemes we çeh) alnyp barylýan bolýar.

Galisiýadaky ukrain we polýak ilaty hem milli zulum astyndady. Awstriýanyň hökümeti Galisiýadaky hökümdar toparlar bilen ylalaşyk düzüp, ülkäni edara etmekde olara ýolbaşçylyk roluny berýär.

XIX asyryň soňky on ýyllarynda milli zulum ýene-de güýçlenýär. Zakarpatýedäki ukrain ilaty „wengrleşdirilýär“. Horwatiýa hemişe harby ýa-da adatdan daşary halatda saklanýar, halk närazylygy berk yzarlamalar bilen rehimsiz basyp ýatyrylýar.

**Ykdysady krizis**

1912-nji ýylda Awstro-Wengriýada agyr ykdysady krizis bolup geçdi. Netijede, iri senagat we söwda kärhanalary synýar. Imperiýanyň eksport kuwwaty ýiti kemelýär. Bu bolsa ykdysady krizisi ýene-de çuňlaşdyryp goýberýär. Zähmetkeş halk köpçüliginiň durmuş derejesi peselýär. Imperiýanyň hökümdar gatlaklary milli zulmy ýene-de güýçlendirýärler.

Imperiýadaky agyr ýagdaýa seretmezden, Wengriýanyň hökümdar toparlary Awstriýanyň Balkandaky basybalyjylyk syýasatynda işeňňir gatnaşyp başlaýar. Hatda, armiýa gaýtadan düzülýär. Bu – Imperiýanyň urşa taýýarlanýandygyny aňladýardy.

Ýurdy harbylaşdyrmaga, urşa taýýarlanylýandygyna we milli zulma garşy Wengriýanyň esasy şäheri Budapeşt şäherinde köp müň adamly çykyş geçirilýär.

Umumy närazylyk uçdantutma iş taşlaýyşlara getirýär. Çykyşa gatnaşyjylara garşy polisiýa güýçleri iberilýär. Netijede, Budapeşt barrikadalara dolup gidýär. Güýçleriň gatnaşygy deň däldi. Şonuň üçin hem işçiler çykyşy togtatmega mejbur bolýarlar.

Sosial hereket we imperiýanyň düzümindäki slawýan halklarynyň milli azatlyk üçin göreşi Awstro-Wengriýa imperiýasynyň çuňňur krizis döwrüne girendigini hem aňladýardy.

Şeýle bir şertde, käbir syýasatçy işgärler trializm (üçlük) talaby bilen çykýarlar. Trializm taglymy imperiýany Awstriýa, Wengriýa we imperiýanyň düzümindäki slawýan halklarynyň ýerlerini öz içine alýan, her üç tarapy deň hukuk esasynda birleşdirýän federasiýa öwürmek, diýenidi. Ýöne federasiýanyň slawýan bölegi güýçlenip gitmeginden gorkan hökümdar toparlar trializm taglymyny ret edýärler.

Bu ýagdaý Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda imperiýada içki gapma-garşylyklaryň ýitiliginde galmagyna sebäp bolýar.

***Federasiýa*** (latynça – soýuz) – çäk taýdan belli bir syýasy garaşsyzlyga eýe bolan birnäçe döwletlerden ybarat bitewi soýuz döwlet.

***Ssuda*** – maddy baýlyklaryň girewi hasabyna göterim tölemek we gaýtaryp bermek şerti bilen belli bir möhlete karzyna berilýän pul ýa-da maddy baýlyk.

***Antisemitizm*** – musaýylara garşy milli, jynsy duşmanlygy güýçlendirmek syýasaty.

***Barrikada*** – emeli böwet goýmak.

1. Awstro-Wengriýa we Germaniýa imperiýalarynyň syýasy düzümini deňeşdiriň.
2. Awstro-Wengriýanyň ykdysady ösüşde yzagalaklygyna sebäp bolan faktorlary düşündirip beriň.
3. Sosial hereket näme we ol Awstro-Wengriýada nähili geçdi?
4. „Milli azatlyk hereketi“ düşünjesine düşündiriş beriň. Awstro-Wengriýada milli azatlyk hereketi örän ýiti geçenliginiň sebäpleri nämelerden ybaratdy?

1. Awstro-Wengriýanyň ösüşinde daşary ýurt kapitaly nähili rol oýnaýar?
2. „Adatdan daşary kanun“yň mazmuny nämeden ybaratdy?
3. Çehiýada resminamalaryň iki dilde ýöredilmegine sebäp nämedi?
4. Awstro-Wengriýa urşa nähili taýýarlandy?

## 23-§. Awstro-Wengriýa imperiýasynyň daşary syýasaty

### Germaniýa bilen ysnyşma

Awstro-Wengriýa imperiýasynyň daşary syýasatynyň merkezinde, esasan, Balkan ýarymadasy durupdyr. Şonuň üçin ol Balkanda eýeläp alan slawýan halklarynyň ýerlerinde berk ornaşmaga, Russiýanyň Balkan ýarymadasyndaky täsirini ýiti kemeltmäge jan edipdir.

Awstro-Wengriýanyň ýeke-täk özi bu wezipäniň hötdesinden çykyp bilmeýärdi. Şonuň üçin hem ol Germaniýa bilen ýakynlaşýar. Öz gezeginde, Germaniýa hem bu ysnyşmadan bähbitlidi. Çünki bu döwürde Germaniýa beýik döwletleriň arasynda bölünip bolan dünýäni ýene gaýtadan bölmäge ymtylýardy. Bu maksadyň amala aşmagy üçin Germaniýa, elbetde, soýuzçy zerurdy.

### Awstro-Wengriýa we Russiýa gatnaşyklary

Bu iki imperiýa, esasan, Balkan ýarymadasyndaky ýerlere göz dikipdi. Awstro-Wengriýa bu ýerde slawýan halklaryny özüne boýun egdirmäge, olaryň ýurtlaryny bolsa koloniýa öwürmäge çalyşýardy. Şol bir wagtda, Balkanda Osmanly döwleti uly koloniýa çäklerine eýedi.

Slawýan halklary öz milli azatlyklary üçin hemişelik göreş alyp barypdyr. Bu göreşde olar Russiýa daýanypdyr. Russiýa slawýan halk-

larynyň milli azatlyk göreşini goldamak bilen özi-de Balkanda berk ornaşmaga ymtylypdyr.

Şeýlelikde, bu üç Imperiýanyň bähbitleri Balkanda üznüksiz çaknyşyp durupdyr.

Awstro-Wengriýanyň Balkana görä ýöreden syýasaty Russiýa bilen gatnaşyklarynyň erbetleşmegine getiripdir. Bu iki imperiýanyň arasynda haçanlardyr uruş çykjagy gutulgysyzdy.

Berlin kongressinde Awstro-Wengriýa Balkandaky Bosniýany we Gersegowinany basyp almak hukugyny alansoň, ahyry, 1908-nji ýylda bu çäkleri eýeleýär. Bu bolsa Awstro-Wengriýa we Russiýa gatnaşyklaryny ýene-de ýitileşdirip goýberýär.

Şol bir wagtda, bu hadysa slawýan halklarynyň arasynda Russiýanyň abraýyna hem putur ýetirýär. Çünki Russiýa Awstro-Wengriýa basybalyşynyň öňüni alyp bilmedi. Muňa Germaniýanyň Awstro-Wengriýany goldamagy, onuň Russiýa garşy uruş yglan etmegi mümkinligi baradaky haýbatlary sebäp bolýar.

### Awstro-Wengriýanyň urşa taýýarlanmagy

Osmanly döwleti bilen Italiýa bähbitleriniň Demirgazyk Afrikada çaknyşmagy, ahyrky netijede, 1911-nji ýylda olaryň arasynda uruş gelip çykmagyna getirýär. Bu uruşda Osmanly döwletiniň ýeňilmegi ony ýene-de gowşadýar. Bu faktor günorta slawýan halklarynyň Osmanly döwletiniň zulmundan azat bolmagy üçin alnyp barylýan göreşleriniň ýene-de güýçlenmegine amatly şert döredipdi. Bu amatly şertden peýdalanan Balkannyň garaşsyz döwletleri Bolgariýa, Serbiýa, Çernogoriýa we olara goşulan Gresiýa tiz arada Balkan soýuzyny düzýärler. Soýuz 1912-nji ýylda Osmanly döwletine garşy uruş başlaýar. Bu uruş taryha „Birinji Balkan urşy“ ady bilen giripdir. Bu uruş Balkan slawýanlarynyň we grekleriň Osmanly döwletiniň agalygyndan azat bolmagy bilen tamalanýar. Ýöne soýuzçylar Osmanly döwletinden azat edilen çäkleri bölmek meselesinde özara ylalaşyp bilmeýärler. Muňa Bolgariýanyň hemmeden köp ülüş almaga çalyşmagy sebäp bolýar. Onuň dawalary Awstro-Wengriýa tarapyndan goldaw tapýar. Awstro-Wengriýa şu ýol bilen Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň we Russiýanyň kömegine daýanýan Balkan soýuzyny bozup goýbermekçidi. Çünki bu soýuzyň barlygy Awstro-Wengriýa Balkanda berk ornaşmaga mümkinçilik bermezdi.

Awstro-Wengriýa öz maksadyna ýetýär. Netijede, 1913-nji ýylda Bolgariýa Serbiýa we Gresiýa hüjüm edýär. Şeýdip, Ikinji Balkan urşy başlanyp gidýär. Bu uruşda Çernogoriýa we Rumyniýa Serbiýa we Gresiýa kömek berýär. Düýnki umumy duşman – Osmanly döwleti hem Bolgariýa garşy uruşda gatnaşýar.

Ikinji Balkan urşunda Bolgariýa ýeňilýär we eýelän çäkleriniň bir bölegini ýitirýär.

Uruş netijesinde Serbiýa Balkanyň öňdebaryjy döwletine öwrülýär. Indi, Awstro-Wengriýa we Germaniýa öz öňlerine barha güýçlenýän Serbiýany ýenjip taşlamak we şu arkaly Russiýanyň Balkandaky täsirine putur ýetirmek maksadyny goýýarlar.

Awstro-Wengriýanyň maksatlary ony daşary syýasatda Germaniýa doly tabyn edip goýmakdy. Awstro-Wengriýa urşa taýýarlanyp başlaýar. Ýurtda bölekleýin mobilizasiýa hem geçirilýär. 1914-nji ýylda bolsa parlament dargadyp goýberilýär. Ynha şeýle howply ýagdaýda, serb milletçileri tarapyndan 1914-nji ýylyň 28-nji iýulynda Awstro-Wengriýa tagtynyň mirasdüşeri Frans Ferdinandyň öldürilmegi Awstro-Wengriýanyň hökümdar gatlaklarynyň urşy başlap goýbermekleri üçin bahana bolýar. Ýurtda harby diktatura ornaşdyrylýar.

***Harby diktatura*** – harbylaryň çäklendirilmedik häkimiýeti.

1. Awstro-Wengriýa näme üçin Germaniýa bilen ysnyşma syýasatyny ýöretdi?
2. Awstro-Wengriýa we Russiýa gatnaşyklary nähili geçdi?
3. Balkan urşy barada nämeleri bildiňiz?

1. Näme üçin Balkan halklarynyň arasynda Russiýanyň abraýy döküldi?
2. Balkan soýuzy nähili emele geldi?
3. Awstro-Wengriýa Birinji jahan urşuna nähili taýýarlandy?
4. Bolgariýanyň mysalynda düýn soýuzdaş bolan döwletleriň bu gün birdenkä duşmana öwrülmegi mümkinligini nähili düşündirýärsiňiz?

## 24-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Italiýa

**Italiýanyň syýasy düzümi**

Fransiýanyň Prussiýa bilen uruşda ýeňilmegi Italiýany doly birleşdirmek ugrundaky ahyrky päsgelçiligi aradan aýyrmaga mümkinçilik berdi.

1870-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda Fransiýanyň goşunynyň goramagynda bolan italýan goşuny tarapyndan eýelenen Rim şäheri Italiýa korollygynyň paýtagtyna öwrülýär. Papa häkimiýeti Watikan köşgi bilen çäklendirip goýulýar. Muňa çenli papa Piý IX Rim şäheriniň Italiýa goşulyşmagyna garşy çykýardy we ony Fransiýa armiýasy goraýardy.

Italiýa syýasy düzümine görä konstitusion monarhiýa bolmagynda galýar. Konstitusiýa görä, iki palataly (Senat we deputatlar palatasy) parlament döredilýär. Korol Wiktor Emmanuil II kanun çykaryjy häkimiýeti parlament bilen bölüp alýar. Senatorlar korol tarapyndan ömürlik möhlete bellenýärdi. Ýerine ýetiriji häkimiýet Premýer ministriň elinde jemlenýär.

Konstitusiýada ähli raýatlaryň kanun öňünde deňligi, ýaşaýyş jaýynyň el degrilmesizligi, söz we metbugat azatlygy, ýygnak geçirmek hukugy ykrar edilýär. Hristian dininiň katolik akymy ýeke-täk din bolup galýar. 1871-nji ýylda buthana we döwlet gatnaşygyny tertibe salýan kanun kabul edilýär. Kanun Rim papasyny mukaddes we del degrilmesiz diýip yglan edýär we onuň karargähi ýerleşýän şäher-döwlet – Watikana başga döwletler bilen diplomatik gatnaşyk ornaşdyrmak hukugy berilýär.

**Ykdysady ýagdaý**

Italiýanyň milli döwlet bolup birleşdirilmegi ýurtda kapitalistik düzümi durnukly etmek prosesini tizleşdirmek üçin amatly şert döredip berýär. Ýöne Italiýa entegem agrar döwletligine galýardy.

Ýere, esasan, iri ýer eýeleriniň eýelik etmegi saklanyp galýar. Munuň üstesine, ýerden peýdalanmagyň yzagalak şekilleri höküm sürýärdi. Ýer eýeleri ýeriniň uly bölegi ownuk uçastoklara bölünip, örän agyr şertler bilen (hasylyň 3/4 bölegini tölemek şerti bilen) daýhanlara kärendä berilýärdi.

Şol bir wagtda, ýurduň öňünde uly maliýe meseleleri peýda bolupdyr. Muňa Italiýanyň içki we daşky karzynyň gaty köpelip gidenligi sebäp bolýar.

Ösüp barýan çykdajylaryň öwezini dolmak üçin hökümet döwlet zaýomlaryny çykarmaga, ýurduň içindäki hem-de daşarsyndaky kapitalyň eýelerine kömek sorap ýüzlenmäge mejbur bolýar.

Netijede, Italiýanyň döwlet karzy çaltlyk bilen barha köpelýär. Şuňa seretmezden, kapitalizm barha çuňňur ornaşýardy. Hökümet, ilki, demir ýol gurluşygyny giňeldýär.

Söwda flotuny gurmak giň ýaýbaňlanýar. Tiz arada Italiýa söwda floty dünýäde üçünji orna çykýar. Hökümet Italiýany Fransiýa we Şweýsariýa bilen baglaýan iki tunnel gurýar. Täze senagat pudaklary paýdarlar jemgyýetleri görnüşinde emele gelýär.

1906-njy ýylda dörän „Fiat“ paýdarlar jemgyýeti himiýa, rezin, maşyngurluşyk, elektrik, awtomobil senagaty we başga önümleri öndürmekde gysga wagtda üstünlik ýagdaýyny eýeleýär.

Birinji jahan urşuna çenli Italiýa agrar ýurtlygynda galyp, işe ýaramly ilatynyň aglabasy oba hojalygynda işleýärdi. Şeýle bolsa-da, oba hojalygy bilen meşgul bolan ilat sany ýyldan-ýyla kemeldi.

**Sosial hereket**

Ýurtda zähmetkeşleriň ýagdaýy gaty agyrdy. Italiýa ilat jan başyna girdeji paýlama derejesi boýunça Günbatar Ýewropada iň ahyrky orunda durýardy.

Ýagdaý, aýratynam, ýurduň günortasynda agyrdy. Netijede, Italiýanyň ençeme raýatlary iş gözläp daşary ýurtlara gidýärler.

Italiýanyň halky öz ýagdaýyny gowulandyrmaga we öz hak-hukuklary üçin göreş alyp barmaga mejbur bolupdyr. Bu göreş netijesinde, Italiýa Sosialistik partiýasy düzülýär.

Daýhanlaryň ýagdaýy hem agyrdy. Bu agyr durmuş Sisiliýada daýhanlar gozgalaňynyň turmagyna getirýär. 1898-nji ýylda Milanda bolup geçen umumy iş taşlaýyş 5 günlük barrikada söweşlerine öwrülip gidýär. Hökümet işçiler hereketini armiýanyň güýji bilen basyp ýatyrýar.

1903–1914-nji ýyllarda (arada mälim arakesmeler bilen) Italiýanyň hökümetini öz döwrüniň meşhur syýasy işgäri J. Jolitti dolandyrýar. J. Jolitti ilatyň satyn alyjylyk kuwwatyny artdyrmazdan, senagat önümçiligini ösdürip bolmaýandygyny gowy düşünýärdi. Munuň üçin bolsa zähmetkeşlere gowy iş hakyny tölemek zerurdy. Bu hakda ol

„Senagatyň ösüşiniň başynda iş haky ýokary bolan ýurtlar durýar“, diýip nygtapdy. Onuň döwründe kärdeşler arkalaşyklarynyň düzülmegine, iş taşlaýyş geçirilişine rugsat berýän, gijeki smenada çagalar we aýallar zähmetinden peýdalanmazlyk, saýlawçylaryň emläk we sowatlylyk senzini ýatyrmak barada kanunlar kabul edilýär.

Şol bir wagtda, ol döwletiň ýurduň ykdysadyýetindäki roluny artdyrmagyň tarapdarydy. Onuň pikiriçe, döwlet zähmet bilen kapitalyň arasynda emin wezipesini ýerine ýetirmelidi.

**Daşary syýasat**

Italiýanyň daşary syýasatynda „irredentizm“ tarapdarlarynyň täsiri güýçlenýär. Bu ýagdaý onuň goňşy döwletler bilen gatnaşyklaryny erbetleşdirýär.

Italiýa dawa edýän Demirgazyk Afrika döwletleriniň çägini Fransiýa yzly-yzyna eýeläp başlaýar. Bu ýagdaý Italiýany Germaniýa bilen ýakynlaşdyrýar. Italiýa Germaniýa we Awstro-Wengriýa Soýuzyna goşulýar.

Soýuzçylara eýe bolan Italiýa tiz arada Somalini we Eritreýany boýun egdirýär. Efiopiýany basyp almak maksadynda bu döwlete hüjüm edýär.

Ýöne 1896-njy ýylyň 1-nji awgustynda Aduanyň ýanynda Italiýanyň goşunlary derbi-dagyn edilýär. Netijede, 5 müň italýan esgeri heläk bolýar. Bu waka Italiýada milli şermendelik hökmünde kabul edilýär.

Täze koloniýalary basyp almak üçin amatly şert döretmek zerurdy. Italiýanyň hökümeti edil şeýle şerti döretmegi başarýar.

Mysal üçin, Italiýa Fransiýa bilen arasyndaky ýiti gatnaşyklary aradan aýyrýar. 1902-nji ýylda bu iki döwletiň arasynda ylalaşyga gol çekilýär. Ylalaşyga görä, taraplar iki döwletiň biri başga döwletiň hüjümine duçar bolýan bolsa, özara berk bitaraplyk borçnamalaryny alýarlar.

Italiýa Bosniýany we Gersegowinany Awstriýa basyp almagyna berk närazylyk bildirýär we 1909-njy ýylda Russiýa bilen Balkan ýarymadasyndaky öz bähbitlerini güýçlendirýän ylalaşyk düzýär. Bu iki döwlet Awstro-Wengriýanyň Balkan ýurtlaryna sokulyp girmegine berk garşylyk görkezmegi ylalaşýarlar.

Amatly diplomatik şert döredilensoň, Italiýa 1911-nji ýylda Liwiýa hüjüm edýär. Liwiýa bu döwürde resmi taýdan Osmanly döwletiniň imperiýasynyň düzümindedi. Bu ýagdaý Italiýa–Osmanly döwletiniň

urşuny getirip çykarýar. Uruş Italiýa ýeňşi bilen tamameanýar. 1912-nji ýyldan başlap Liwiýa Italiýanyň koloniýasyna öwrülýär.

***Emläk senzi*** – saýlawda gatnaşmak üçin raýatyň mälim derejedäki emläge eýe bolmagy (başga döwletlerde hem bolupdyr).
***Irredentizm*** – Italiýa goňşy bolan döwletlerde italýanlar bölekleýin ýaşaýan çäkleri goşup almagy wagyz edýän milletçilik hereketi.

1. Italiýanyň başga Günbatar Ýewropa döwletlerine garanda ykdysady taýdan gowşak, agrar döwlet bolup galmagynyň sebäplerini aýdyp beriň.
2. Italiýanyň ykdysady ösüşiniň özboluşly aýratynlygyny düşündirip beriň.
3. Italiýanyň zähmetkeşleriniň agyr tagdyry barada nämeleri bildiňiz?
4. J. Jolittiniň hökümeti içki syýasatda nähili çäreleri amala aşyrýar?

1. Italiýanyň syýasy düzümine düşündiriş beriň.
2. Italiýanyň senagatynyň haýsy pudaklary çalt ösdi? Näme üçin?
3. „Fiat“ paýdarlar jemgyýetiniň işi barada maglumat toplap, referat taýýarlaň.
4. Italiýa–Russiýa gatnaşyklary barada pikir ýörediň.

## 25- §. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Balkan döwletleri

**Balkan halklarynyň Türkiýe tarapyndan ezilişi**

XIX asyryň 70-nji ýyllaryna gelende günorta slawýanlaryň aglabasy entegem daşary ýurt zulmy astynda ezilýärdi. Diňe Çernogoriýa we Serbiýa ýerleriniň bir bölegi garaşsyzdy. Günorta slawýanlar – bolgarlar, makedoniýalylar, Bosniýa we Gersegowina slawýanlary, serbleriň ep-esli bölegi entegem Osmanly döwletiniň agalygy astyndady.

Horwatlar, slowenler, günbatar slawýanlaryň (çeh, slowak, polýak) bir bölegi hem Gabsburglaryň agalygy astyndady. Polýaklaryň ikinji bölegi Germaniýa, üçünji bölegi bolsa patyşa Russiýasynyň zulmundan jebir çekýärdiler. Daşary ýurt zulmy slawýan halklarynyň syýasy, ykdysady we medeni ösüşine böwet bolýardy.

**Milli azatlyk hereketi**

XIX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap slawýan halklarynyň milli azatlyk göreşi güýçlenýär.

Edermen bolgar ynkylapçsy Wasil Lewskiý garaşsyz demokratik Bolgariýa Respublikasyny gurmagyň planyny öňe surýär. Ol Bolgariýanyň çäginde gizlin gozgalaňçy komitetleri düzýär. 1872-nji ýylda E. Lewskiýni öldüren bolsa-da, azatlyk hereketi peselmeýär. 1876-njy ýyl Bolgariýada gozgalaň başlanýar. Gozgalaňçylar öz baýdaklaryna „Azatlyk ýa-da ölüm“ şygaryny ýazypdyrlar. Talantly publisist we şahyr Hristo Botew azatlyk hereketine ýolbaşçylyk edýär. Ol 1876-njy ýylyň 1-nji iýunynda türkler bilen bolan söweşde gahrymanlarça heläk bolýar. Ol heläk bolan gün Bolgariýada Hatyra güni hökmünde bellenýär.

Bolgar halkynyň göreşi örän agyr geçýär. Güýçler deň däldi. Türkler azatlyk hereketi gatnaşyjylaryny aýawsyz gylyçdan geçirýärler we ençeme obalary küldepä öwürýärler.

Bu wagşylyklar ençeme ýurtlaryň köpçüligini gaty gazaplandyrýar. Rus hökümeti Balkanda öz täsirini berkitmek üçin gozgalaňlardan peýdalanmaga karar edýär we Balkan slawýanlaryny goldap çykýar.

Osmanly döwleti Çernogoriýanyň we Serbiýanyň garaşsyzlygyny ykrar etmäge mejbur bolýar. Olaryň çägi ep-esli giňelýär. Rumyniýa garaşsyz döwlet diýlip ykrar edilýär.

Russiýanyň hökümeti 1877-nji ýylyň 24-nji aprelinde Osmanly döwletine garşy uruş yglan edýär. Uruşda Osmanly döwleti şowsuzlyga duçar bolýar, garaşsyz Bolgariýa döwleti döreýär.

**Bolgariýanyň gaýtadan dikelmegi**

Täzeden emele getirilen Bolgariýanyň döwlet düzümini 1878-nji ýylda kabul edilen Bolgariýanyň konstitusiýasy kesgitläp berdi. Konstitusiýa görä, Bolgariýa konstitusion monarhiýa diýlip yglan edilýär. Konstitusiýa Bolgariýanyň garaşsyzlygyny amalda tassyklaýar.

Ýöne Beýik Britaniýa we Awstro-Wengriýa Balkanda Russiýanyň ýagdaýynyň berkliginden hem-de güýçli Bolgariýa döwletiniň döränliginden aladalanýarlar. Şonuň üçin hem olar ýokarda görkezilişi ýaly, Russiýany San-Stefano ýaraşyk şertnamasyny gaýtadan seretmäge razylyk bermäge mejbur edýärler. Berlinde çagyrylan halkara Kongress hut şu meselä bagyşlanýar. Kongress ençeme meseleler ýaly Bolgariýa meselesine-de seredýär we onuň San-Stefano şertnamasyna görä eýe bolan çäklerini gysgaltmak barada karar kabul edýär.

**Garaşsyzlykdan soňky içki syýasy ýagdaý**

Rus imperatory Aleksandr II gaýny hem-de bir wagtyň özünde Pruss ofiseri bolan

Aleksandr Battenbergi Bolgariýa döwletiniň başlygy edip saýlamagy teklip edýär. Bolgariýa Beýik Halk mejlisi bu teklibi makullaýar.

Ýöne täze hökümdar Russiýadan garaşsyz syýasat ýöretmäge çalyşýar. Munuň üçin oňa daýanýan döwletler hem gerekdi. Şonuň üçin hem A. Battenberg Günbatar döwletleri bilen ysnyşma syýasatyny ýöredip başlaýar. Onuň asyl niýeti – Bolgariýa armiýasynda gulluk edýän rus ofiserlerini nemes ofiserleri bilen çalşyrmakda aýdyň ýüze çykýar. Indi, Russiýanyň hökümeti oňa Russiýanyň duşmany hökmünde garap başlaýar.

Ýurtda öz ýagdaýyny berkitmäge ymtylan Aleksandr Battenberg günorta we demirgazyk Bolgariýanyň täzeden bitewi döwlete birleşenligini yglan edýär. Bu ýagdaýy Balkandaky başga slawýan döwletleri öz bähbitlerine ters hereket, diýip bahalaýarlar.

Russiýa olaryň hem bähbitlerini hasaba almalydy. Şonuň üçin hem Aleksandr II hökümeti närazylyk alamaty hökmünde Bolgariýadan öz ofiserlerini çagyryp alýar. Şeýle şertde Russiýanyň tarapdarlary bolan ýokary ofiserleriň bir topary 1886-njy ýylda Aleksandr Battenbergi tagtdan el çekmäge mejbur edýärler. Emma hökümet güýçleri bu ofiserleri tussag edýär. Ahyrky netijede, Russiýa bilen Bolgariýanyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar kesilýär. Munuň üstesine, Bolgariýanyň tagtyna Awstro-Wengriýanyň dalaşgäri Ferdinand Koburg oturdylýar.

1908-nji ýylda Awstro-Wengriýanyň kömegine daýanýan Bolgariýa özüni Osmanly döwletinden doly garaşsyz diýip yglan edýär.

Ikinji Balkan urşunda Bolgariýanyň şowsuzlyga duçar bolmagy onuň soňky daşary syýasatynyň ýönelişini kesgitläp berýär. Häkimiýet başyna germanparaz hökümet gelýär. Bu hökümet daşary syýasatda Bolgariýanyň milli bähbitlerini „Üçler soýuzy“nyň (Germaniýa, Awstro-Wengriýa we Italiýa) kömeginde gorajakdygyny mälim edýär. Bu beýanat Ýewropada boljak uly uruşda Bolgariýa „Üçler soýuzy“ tarapynda durjakdygyny aňladýardy.

### Serbiýanyň garaşsyzlyk gazanmagy

XIX asyryň ahyrlarynda Serbiýa Osmanly döwletine ýüzleý tabyndy. Serbiýanyň daşary syýasatynyň esasy maksady – Osmanly döwletiniň gol astynda galýan serb ýerlerini doly gaýtaryp almak we olary bitewi Serbiýa döwletine birleşdirmekden ybaratdy.

Şonuň üçin hem Serbiýa Russiýanyň Osmanly döwletine garşy uruşlarynda işeňňir gatnaşypdyr.

Berlin kongressi Serbiýanyň Osmanly döwletinden garaşsyzdygyny tassyklaýar. Şol bir wagtda, Serbiýanyň üstüne daşary ýurt harytlaryndan tranzit paç almazlyk we oňa Osmanly döwletinden alyp berlen täze çäklere degişli mukdarda Osmanly döwletiniň daşary ýurt döwletleriniň öňündäki karzyny tölemek borjy ýüklenýär. Serbiýada Russiýanyň tarapdarlary bolan güýçler uly täsire eýe bolýarlar. Netijede, şu faktorlar haçanlardyr Awstro-Wengriýanyň we Russiýanyň bähbitleriniň berk çaknyşmasyny getirip çykarjagy gutulgysyzdy.

### Albaniýanyň garaşsyzlyk gazanmagy

Balkanyň başga halklary ýaly, Osmanly döwletiniň koloniýasy bolan Albaniýa hem öz garaşsyzlygy üçin göreşi güýçlendirýär. Albaniýadaky ähli syýasy güýçler Albaniýany paýlap almak planlaryny düzýän daşary ýurt döwletleriniň syýasatyna garşy çykýarlar. Bolgariýada çykaýan „Kalendari kombiar“ („Milli kalendar“) žurnaly şeýle ýazypdyr: „Biz ukuda ýatyrys, bu wagtda bolsa biziň üstümizde söwdalaşýarlar“. 1909–1911-nji ýyllarda Albaniýada gozgalaň turýar. Onda halkyň ähli gatlaklary gatnaşýar.

Birinji Balkan urşunda Osmanly döwletiniň ýeňilmegi netijesinde, 1912-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Albaniýa garaşsyzlyk gazanýar. Türkleriň bäş asyra golaý dowam eden agalygynyň soňuna çykylýar.

1. Öňki synplarda alan bilimleriňize daýanyp, Balkanyň nädip Osmanly döwletiniň koloniýasyna öwrülendigi barada aýdyp beriň.
2. XIX asyryň soňky çärýeginde Balkandaky syýasy ýagdaý nähilidi?
3. 1877–1878-nji ýyllardaky Russiýa–Osmanly döwleti urşy Balkan halklarynyň tagdyrynda nähili rol oýnady?
4. Bäş asyra golaý Osmanly döwletiniň täsiri astynda bolup gelen slawýan halklary näme üçin hut XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda azatlyk gazanýarlar?

Temanyň üstünde işläň, jedweli dolduryň.

| T/n | Döwletiň ady | Geçen ýoly |
| --- | --- | --- |
| 1. | | |
| 2. | | |

# III BÖLÜM
# AZIÝA WE AFRIKA DÖWLETLERI

## V BAP
## XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA AZIÝA DÖWLETLERI

### 26- §. XIX asyryň ahyry we XX asyryň başlarynda Ýaponiýa

**Düýpli özgerişler ugrunda**

1867–1868-nji ýyllarda Ýaponiýada bolup geçen Meýdzi özgertmesi ýurtda bazar gatnaşyklaryna esaslandyrylan jemgyýet gurulmagyna giň ýol açýar. Indiki esasy wezipe – ýapon halkynyň milli däplerini saklap galmak bilen jemgyýeti Günbatar modelinde gaýtadan gurmakdy. Imperator Musihito öndüriji güýçleriniň ösüşine böwet bolýan kanunlary we düzgünleri ýatyrýar. Ýaponiýa dünýäniň ähli döwletleri üçin açyp goýulýar. Ýurdy modernizirleme başlanýar. Ilki, ýeke-täk pul birligi – iýena girizilýär.

Käbir häkimlikleriň araçäklerindäki gümrükhanalar we başga böwetler alnyp taşlanýar. Bu çäreler ýurt möçberinde söwda-ykdysady aragatnaşyklara giň ýol açýar. Ýollarda daýhanlaryň şähere gaçyp gitmegine garşy, olary tutup ýerine gaýtarmak üçin goýlan sakçylyk punktlary ýok edilýär. Çünki senagat obadan işçi güýji „akyp“ gelmeginden bähbitlidi. Bu çäreler Ýaponiýada içki bazaryň, senagat pudaklarynyň ösmegine hyzmat edip başlaýar. 1869-njy ýylda Ýaponiýada dört gatlak baradaky kanun ýatyrylýar. Feodal ýer eýesi samuraý, daýhan, hünärment we söwdagär gatlaklary resmi taýdan deň hukukly diýlip yglan edilýär.

Bütin ýurt möçberinde merkezleşen hökümet dolandyryşy emele geldi. Ähl umumy harby gulluk barada kanun kabul edilýär.

1871–1878-nji ýyllarda oba hojalygy ugrunda özgertmeler geçirilip, ýeri erkin aluw-satuw etmäge, islendik görnüşdäki ekinleri ekmäge rugsat berildi. Hasyldan ülüş görnüşindäki salgyt pul salgydy bilen çalşyrylýar. Ýeriň ownuk böleklere bölünip gitmegine garşy kanun çykarylýar.

**Senagaty ösdürmekde döwletiň roly**

Şert näçe agyr bolsa-da, Ýaponiýada bazar gatnaşyklary çalt ösüp başlaýar. Gün-

dogarda birinji bolup Ýaponiýa Ýewropanyň tejribelerinden peýdalanýar. Ýewropada uzak wagt dowamynda emele getirilýän öňdebaryjy senagat tehnikasyny Ýaponiýa taýýar ýagdaýda satyn alyp başlaýar. Döwlet senagaty ösdürmek işine howandarlyk edýär.

Birinji nobatda Ýaponiýada dokmaçylyk senagaty tiz ösýär. 1890-njy ýylda ol ähli senagat pudaklarynyň 45 göterimini düzýär. Çärýek asyryň dowamynda 1300 sany senagat kärhanasy gurulýar. Olar ilki gurply senagatçylara kärendä berildi. Soňrak bolsa senagat kärhanalary öz nyrhynyň ýarmyna, hatda 10–15 göterimine-de hususy edip satylýan bolýar. Netijede, bank kapitaly bilen senagat kapitaly barha goşulýar. Ýaponiýada senagat önümçiligi Russiýadan on esse çaltrak ösýär.

**Ýaponiýa ösüşiniň aýratynlyklary**

Ýaponiýada monopolistik kapitalizm feodal-monarhiýa galyndylary bilen utgaşyp gidipdi. Bu tarapdan Ýaponiýa Russiýa meňzäp gidýärdi.

Beýik Britaniýadan, Fransiýadan, ABŞ-dan tapawutlylykda, Ýaponiýada häkimiýet buržuaziýanyň elinde bolman, eýsem ýer eýesi-buržuaziýa gatlaklarynyň soýuzynyň elindedi.

Ýaponiýa, şol bir wagtda, armiýany we floty hem gaýtadan gurup başlaýar. Ýaponiýanyň hökümeti agyr industriýany ösdürmäge aýratyn üns berýär. Netijede, 1900–1913-nji ýyllarda senagat önümçiliginiň göwrümi boýunça Italiýadan ozup geçip, Fransiýa ýakynlaşýar. Ýurtda senagat, söwda-satyk we banklar merkezleşip, monopoliýalar emele gelýär.

**Sosial durmuş**

Ýaponiýada kapitalizmiň ösüşi daýhanlaryň ýerden aýrylmagy bilen bilelikde geçdi. Agrar özgertmä görä, ýer alan daýhanlaryň bary-ýogy 1/3 bölegine alan ýerlerini saklap galmak başardýar. Bäsdeşlige dözüp bilmedikler kärendä ýer alyp hojalyk ýöretmäge mejbur bolýarlar. Galanlary bolsa şähere gidip, hakynatutma işçilere öwrülýärler. Senagat eýeleri täzeçe, öňdebaryjy önümçiligi giň ýola goýup, ýurdy täze ösüş basgançagyna alyp çykyp başlaýarlar. Senagat kärhanalarynyň sany ýyldan ýyla barha köpelýär.

Ýöne şu senagat kärhanalarynda işleýän işçileriň ykdysady ýagdaýy agyrdy. Çünki, iş haky örän pesdi. Kärhanada tehnika howpsuzlygyna jogapkärlik ýokdy. Munuň üstesine, ýapon işçileri we zähmetkeşleri ne syýasy, ne sosial hukuklardan peýdalanýardylar. Ýaponiýanyň iş-

çiler synpy kärdeşler arkalaşyklaryna birleşip başlaýarlar. Ýapon jemgyýetiniň öňdebaryjy gatlagy parlament döretmek üçin göreşýärler.

### 1889-njy ýylyň konstitusiýasy

Ykdysady özgertmeler buržuaziýanyň ösüşine we syýasy taýdan güýçlenmegine sebäp bolýar. Buržuaziýa döwlete ýolbaşçylygy öz eline almagy dawa edip başlaýar.

Şeýle şertde hökümet eglişik etmäge karar edýär. Ahyrynda, 1889-njy ýylda Prussiýanyň konstitusiýasynyň nusgasy esasynda düzülen konstitusiýa kabul edilýär. Ýurtda iki palataly (ýokary (perler) we aşaky (wekiller)) parlament girizilýär.

Konstitusiýa imperatoryň bar ähli hukuklaryny diňe bir saklap galman, eýsem oňa ýene-de giň hukuklary berýär. Meselem, ol parlamenti çagyrmak, açmak, dargadyp goýbermek, kanunlaryň ýerine ýokary permanlary çykarmak, goşunlaryň Ýokary baş serkerdebaşy bolmak, uruş yglan etmek, ýaraşyk düzmek ýaly hukuklary özünde saklap galýar. Konstitusiýa görä, Ministrler Geňeşi diňe imperatora hasabat berýärdi.

Parlamentiň ähli kararlary imperatoryň ýanyndaky Gizlin Geňeşden geçmegi zerurdy. Saýlaw hukugy emläk senzi bilen çäklendirilýär. Saýlaw ýaşy 25 ýaş edip bellenýär. Şuňa seretmezden, Ýaponiýa ýaly orta asyrlar däplerine baý ýurtda konstitusiýa kabul edilmeginiň özi uly wakady.

### Daşary syýasat

Ilatyň garypdygy senagat önümleriniň satyn alnyşyny kynlaşdyrýar. Bu hadysa Ýaponiýanyň hökümdar toparlaryny goňşy döwletleriň çäklerini basyp almaga ündäpdir. Bu maksady amala aşyrmak üçin Ýaponiýa zor berip ýaraglanýar. Ýaponiýanyň basybalyjylykly maksatlary Koreýa, Hytaý, Ýuwaş okeanyň basseýnine gönükdirilýär. Tiz arada Ýaponiýa basybalyjylyk uruşlaryny başlap goýberýär. 1879-njy ýylda Ýaponiýa, Hytaýyň närazylygyna seretmezden, Rýukýu adasyny basyp alýar. 1875-nji ýylda Günorta Sahaliniň hasabyna Kuril adalaryny Russiýadan bölüp, özüne goşup alýar. 1876-njy ýylda ýaponlar üçin Koreýa açyk ýurt diýlip yglan edilýär. Ýapon önümleri paçsyz satylýan bolýar. Şu ýol bilen Koreýa Hytaýyň täsirinden bölünip alynýar. Maksat Koreýany anneksiýa etmekdi.

### 1894–1895-nji ýyllardaky Ýapon–Hytaý urşy

1894-nji ýylda Ýaponiýa Seulda köşk agdarylyşygyny gurap, ýaponparaz hökümet düzýär we paýtagt garnizonyny ýaragsyz-

landyrýar. Bu hadysa Ýapon–Hytaý urşunyň başlanyşyna getirýär. Hytaý harby flotunyň transport gämileri gark edilýär. Şol bir wagtda, ýapon goşunlary uruş yglan etmezden Koreýada duran Hytaýyň harby bölümlerine hüjüm edýär. 1894-nji ýylda Hytaý goşunlary Phenýanyň ýanynda şowsuzlyga duçar bolýar. Bu ýagdaý Ýaponiýanyň Uzak Gündogarda üstünlik gazanmagyna ýol açýar. Ýaponiýanyň döwrebap ýaraglar bilen üpjün edilen harby güýçleri hem gury ýerden, hem deňizden hüjüm gurap, Hytaýyň goşunlaryny şowsuzlyga duçar edýär. 1895-nji ýylda bu iki döwletiň arasynda Simonoseki ýaraşygy düzülýär. Hytaý Koreýanyň garaşsyzlygyny ykrar edýär. Lýaodun, Taýwan, Penhu (Peskador) adalaryny Ýaponiýa berýär. Şonuň ýalyda, Ýaponiýa uly mukdarda kontribusiýa tölemäge mejbur bolýar.

Şertnama görä, Ýaponiýa öz söwdasy üçin Hytaýyň çäginde senagat kärhanalaryny gurmak we olardan peýdalanmak hukugyny alýar. Indi onuň maksady Uzak Gündogardaky esasy bäsdeşi – Russiýany ýeňmekdi.

Ýaponiýa 10 ýyllyk ýaraglanma maksatnamasyny kabul edýär. Russiýa bilen uruş çykan tagdyrda, beýik döwletleriň bitarap bolmagyny üpjün edýän şertnamalar düzmegi gazanýar. Şeýdip, gutulgysyz bolan uruşda Russiýa ýalňyz galdyrylýar. 1904–1905-nji ýyllarda bolup geçen Rus–Ýapon urşunda gazanylan ýeňiş Ýaponiýanyň kuwwatyny ýene-de artdyrýar.

1910-njy ýylda Ýaponiýa Koreýa ýarymadasyny harby güýç bilen özüne goşup alýar. Koreýada ýapon general-gubernatory çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolýar. Kolonizator hökümeti goldap durmak maksadynda Ýaponiýa uly harby güýçleri Koreýa ýerleşdirýär.

Ýaponiýa indi ähli ünsi Hytaýa gönükdirýär. Ýewropa döwletleriniň we ABŞ-nyň Hytaýyň baýlyklaryndan peýdalanmagy Ýaponiýany hem Hytaýyň emläklerinden peýdalanmaga ündeýärdi. Onuň bu hereketi ABŞ we Beýik Britaniýa bilen gatnaşyklarynyň erbetleşmegine getirýär. Ýaponiýa Uzak Gündogarda howply bäsdeşe öwrülýär. Şeýlelikde, Ýaponiýa hem täze uruş girdabyna barha köpräk çekilip baryberýär.

***Anneksiýa*** (latynça – birleşdirmek) – bir döwletiň çägini zorluk ýoly bilen bütinleý ýa-da bölekleýin öz döwletine goşup almak.
***Kontribusiýa*** (latynça) – uruşda şowsuzlyga duşar bolan döwletden ýeňiji bolan döwletiň peýdasyna mejburlap töledilýän hak.

1. Meýdzi özgertmesiniň many taýdan ynkylaba deňdigini deliller bilen esaslandyryp beriň.
2. Ýaponiýanyň ösüşiniň özboluşly aýratynlyklary bilen Russiýanyň ösüşiniň özboluşly aýratynlyklaryny deňeşdiriň.
3. Ýaponiýanyň ykdysadyýetine döwletiň gatyşmagy nähili amala aşyryldy?
4. 1889-njy ýyldaky Ýaponiýanyň konstitusiýasy 1875-nji ýyldaky Fransiýanyň konstitusiýasyndan nähili taraplary bilen tapawutlanýar?
5. Ýaponiýa basybalyjy daşary syýasat ýöretmezligi mümkinmidi?

1. Ilatyň gatlaklarynyň deňligi näme üçin yglan edildi?
2. Ýaponiýada haýsy ugurlar giň ösen?
3. Näme üçin bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe döwletiň ykdysadyýete gatyşmagy zerur bolýar?
4. Aşakdaky resminamany düşündiriň:

**Goşmaça material**

Ýaponiýanyň Koreýa 1910-njy ýylda zorluk bilen kabul etdiren şertnamadan

1. Koreýanyň imperator aly jenaplary Koreýanyň üstünden eýe bolan ähli suweren hukuklaryny Ýaponiýanyň imperator aly jenaplaryna bütinleý we ebedi tabşyrýar.
2. Ýaponiýanyň imperator aly jenaplary ... Ýaponiýa imperiýasynyň Koreýany bütinleý anneksiýa edilmegine razylyk berýär.

## 27-§. XIX asyryň ahyrynda Hytaý

**Hytaýyň ýarym-koloniýa öwürilmegi**

XIX asyryň ahyrynda Hytaý yzagalak, ýarym-feodal döwletdi. Ýeriň esasy bölegi ýer eýeleri baýlaryň elindedi. Daýhanlaryň aglabasy ýer eýelerinden ýeri kärendä alýardy, kärende hakyny pul bilen ýa-da hasylyň hasabyndan tölärdiler. Ýeri bar bolan daýhanlar örän kemdi.

Daýhanlar şähere iş gözläp gelýärdiler. Ýöne hemişe tapylmaýardy. Çünki Hytaýda senagat örän haýal ösýärdi.

XIX asyryň soňky çärýeginden başlap ýurtda kapitalistik gatnaşyklar hem ösüp başlaýar. Ilkinji demir ýollar gurulýar. Ykdysady aragatnaşyklar giňelýär. Iri şäherler gurulýar. Işçileriň sany köpelýär.

Senagatyň emele gelmegi bilen milli buržuaziýa hem şekillenip başlaýar. Ýöne milli buržuaziýanyň köpüsi kompradorlardan ybaratdy. Olar amalda daşary ýurt firmalarynyň hakynatutma wekilleridi. Olar daşardan getirilen harytlary satmak we arzan çig mal satyn almagyň hasabyna baýlaşýardylar.

Pula mätäç bolan Sin dinastiýasy daşary ýurt döwletleri bilen erksiz şertnamalar düzýärdiler we milli bähbitlere ters ýagdaýda olara eglişik edýärdi. 70-nji ýyllardan başlap daşary ýurtlylar Hytaýyň 26 portuna arkaýyn girýärdiler we özlerini hojaýyn ýaly alyp barýardylar.

Demir ýollaryň gurluşygy daşary ýurtlularyň garamagyndady. Kömür şahtalary, känleriň uly bölegi hem olaryň ygtyýarynda bolup, Hytaý daşary ýurt döwletleriniň çig mal bazasyna öwrülýär. Daşary ýurtlylar uly şäherlerde hatda öz kwartallaryny döredip, Hytaýyň ýolbaşçylaryny äsgermeýän, özbaşdak iş ýöredýärdiler.

Hytaýyň Ýaponiýa bilen 1894–1895-nji ýyllardaky uruşda şowsuzlyga duçar bolmagy daşary ýurtly monopolistleriň Hytaýy ýene-de köpräk talamagy, bakna etmegine sebäp bolýar. 1897–1898-nji ýyllarda Germaniýa Szýaoçžouwan (Sindao) portuny basyp alýar we Şandun welaýatyny öz täsir sferasyna girizýär. Fransiýa Guamçžuwan aýlagyny eýeleýär we Ýunan welaýatynda hökümdarlyk täsirini geçirip başlaýar. Russiýa Port-Artury (Lýuýşun), Beýik Britaniýa Weýhaýweý portuny kärendä alýar. Iň baý çäk – Ýanszy derýasynyň basseýni Beýik Britaniýanyň täsir sferasyna düşýär. Fusziýan welaýatynda ýapon basybalyjylary hökümdar bolýarlar. Hytaýdaky islendik özgerişler beýik döwletler tarapyndan gözegçilik edilýärdi. Şeýdip, Hytaý ýarymkoloniýa öwrülýär.

### Senagatyň ösüşi we daşary ýurt agalygy

XIX asyryň ahyrynda Hytaýda ilkinji senagat kärhanalary peýda bolup başlaýar. 1881-nji ýylda Demirgazyk Hytaýda birinji demir ýol işe düşürilýär. 1897-nji ýylda bu ýerde 600-e ýakyn daşary ýurt firmalary bardy. Ýöne senagat kärhanalarynyň ösüşi we köpelişi gowşakdy.

Import eksportdan ep-esli köpdi. Hytaý bilen Beýik Britaniýanyň arasynda düzülen konwensiýa Hytaýy ýene-de agyr ýagdaýa salýar. Konwensiýa Beýik Britaniýa Hytaýyň 10-dan artyk portuna erkin girmek, ençeme welaýatlarda ýeňillikli söwda etmek hukugyny berýär.

1884-nji ýylda Fransiýanyň Wýetnamy basyp almagy sebäpli Fransiýa–Hytaý gatnaşyklary erbetleşýär. Şol ýylda Hytaý Merkezi Wýetnamyň üstünden resmi agalygyndan ýüz dönderýär we ol ýerde Fransiýanyň protektoratyny ykrar edýär. Hytaýyň hökümeti Fransiýa bilen howlukmaç ylalaşyk düzýär we Fransiýa ençeme meselelerde eglişik edýär.

**Sosial hereket**

Hytaý indi senagatlaşma ýoluna ädim ädende daşary döwletler tarapyndan talanmagy halkyň ýagdaýyna agyr täsir edýär. Hytaýy dogry ösüş ýoluna alyp çykmak barada dürli taglymlar şekillenýär. Bu özgertmeçilik (reformistik) hereketi diýlip atlandyrylýar. Bu döwrüň sosial hereketinde Sun Ýat Seniň orny aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Ol Hytaýy ynkylap ýoluna eltýän baştutandy. Sun Ýat Seniň „Hytaý galkynyş jemgyýeti“ atly guramasy manjurlaryň Sin dinastiýasyny agdaryp taşlamak we Hytaýda demokratik milli döwlet gurmak üçin göreşýär.

Hytaýda bu döwürdäki sosial hereketde „Ihetuan“ – „Parahatçylyk we adalat üçin galdyrylan ýumruk“ diýip atlandyrylan gizlin gurama hem uly rol oýnady. „Ihetuan“lar „Manjur sinlerini kowup çykararys, daşary ýurtlylary ýok ederis“ şygary astynda iş görýärdiler.

1899-njy ýylda „Ihetuan“ hereketi gozgalaňa öwrülýär. Ihetuanlar Ýaponiýa kontribusiýa tölemegi bes etmek, Taýwany Hytaýa birleşdirmek ýaly talaplary goýýarlar. Sin hökümeti gozgalaňdan gorkýar. Çünki Ihetuanlar paýtagtyň we welaýatlaryň ýarysyna golaýyny ele alypdylar. 1900-nji ýylda hökümetiň gozgalaňçylara garşy iberen goşun ýeňilýär.

Gozgalaňçylaryň ýagşy birleşen otrýadlary Pekine ýörişe başlaýarlar we bu ýerde öz häkimiýetini ornaşdyrýarlar.

**Hytaýa garşy interwensiýa**

Bu waka Pekine daşary ýurtlularyň interwensiýasynyň başlanmagyna bahana bolýar. Interwensiýada sekiz döwlet – Germaniýa, Ýaponiýa, Italiýa, Beýik Britaniýa, ABŞ, Fransiýa, Russiýa we Awstro-Wengriýa gatnaşýar. Olaryň her biri Hytaýda ulurak üşe eýe bolmak maksadyndady.

1899-njy ýylyň sentýabrynda ABŞ döwlet kätibi Heýniň „Açyk gapylar we deň mümkinçilikler“ syýasaty yglan edilýär we „Heý“ doktrinasy diýip at alýar.

1900-nji ýylyň iýul aýynda daşary ýurt interwentleri köpçülikleýin hüjüme geçýärler we Pekin şäheri eýelenýär. Daşary ýurtlular şäheri

we imperatoryň köşgüni talaýarlarlar. Sekiz döwlet Hytaýy erksiz şertnama golçekmäge mejbur edýär. Şertnamada gozgalaňda gatnaşan wezipeli şahslary öldürmek ýa-da sürgün etmek talap edilýär. Şonuň ýaly-da, Pekin bilen deňiz kenarynyň arasyndaky ýollary goramak üçin daşary döwletlere Hytaýda öz goşunlaryny saklamaga rugsat berilýär. Mundan daşary, Hytaý daşary ýurt interwentlerine 33 mln. dollar kontribusiýa tölemäge mejbur edilýär. Hytaýa gural-ýarag girizmek gadagan edilýäe. Daşary ýurtlularyň Hytaýdaky ýeňillikleri köpelýär. Netijede, Hytaý ýene-de goragsyz bolup galýar.

Şol bir wagtda, Ihetuan gozgalaňy kolonizatorlary esewanlyk bilen hereket etmäge mejbur edýär.

***Interwensiýa*** (latynça – gatyşmak) – özge döwletiň çägini basyp almak, öz agalygyny ornaşdyrmak maksadynda şol döwletiň içki işlerine zorluk bilen gatyşmak.
***Komprador*** (ispança – satyn alyjy) – ykdysady yzagalak we bakna döwletleriň buržuaziýasynyň daşary ýurt kapitaly bilen içki bazaryň arasynda araçylyk edýän bölegi.
***Konwensiýa*** (latynça – şertnama) – köp taraplaýyn halkara şertnamanyň görnüşlerinden biri.

1. Hytaý bilen Ýaponiýanyň ösüşiniň meňzeş we özboluşly aýratynlyklaryny deňeşdiriň.
2. Hytaý nädip ýarymkoloniýa öwrüldi?
3. 1876-njy ýyldaky Hytaý – Beýik Britaniýa konwensiýasy Hytaý üçin nähili netijeler getirdi?
4. Ihetuanlar gozgalaňy we onuň netijeleri barada nämeleri bildiňiz?
5. „Heý“ doktrinasy nähili maksady gözläpdi?

1. Näme üçin Hytaý daşary ýurtlaryň çig mal bazasyna öwrüldi?
2. Hytaý – Beýik Britaniýa we Hytaý – Fransiýa gatnaşyklary nähili geçdi?
3. „Ihetuanlar“ kimlerdi?

## 28- §. XX asyryň başlarynda Hytaýyň sosial-ykdysady we syýasy ýagdaýy

**Sosial-ykdysady ýagdaý**

XX asyryň başlarynda Hytaýda sosial gapma-garşylyklar güýçlenýär. Manjurlaryň Sin

dinastiýasynyň agalygy krizise duçar bolýar. Howlukmaç geçirilen özgertme çäreleri jemgyýetiň ýagdaýyny düýli gowulandyrmaýar. Hytaýda senagatyň ösmegi bilen oňa böwede öwrülen feodal ýer eýeçiligine mahsus yzagalak önümçilik gatnaşyklarynyň arasynda gapma-garşylyk çuňlaşýar. Köpçüligiň arasynda manjurlar administrasiýasyna garşy hereket güýçlenýär. Hytaýyň senagaty ösüşden ep-esli yza galýar. Şeýle bolsa-da, her ýyl 50 sanydan köpräk kärhana işe düşürilýär. Netijede, ýurduň eksport göwrümi 2 esse artýar. Daşary döwletleriň içinde Beýik Britaniýa haryt alyş-çalyşy birinji orunda durýardy. Hytaýyň daşary ýurtlulara bergisi barha artýardy.

### Sun Ýat Sen

Ynkylapçy demokrat Sun Ýat Sen (1866–1925) Hytaýdaky milli azatlyk hereketiniň görnükli wekili di. Ol Guançžouyň (Kanton) golaýynda daýhan maşgalasynda doglupdyr. Sun Ýat Sen 90-njy ýyllaryň başynda Gonkongda iňlis lukmançylyk institutyny tamamlapdyr. Soňky durmuşyny ol syýasy ugur bilen baglaýar.

Sun Ýat Sen 1905-nji ýylda „Hytaý bileleşikleriniň soýuzy“ (Tunminhaý) diýen syýasy gurama düzýär. Iri şäherlerde şu soýuzyň gizlin bölümleri açylýar. Soýuz 1905-nji ýyl noýabrynda „Minbao“ (Halk gazeti)ni çykaryp başlaýar.

„Soýuz“ Sun Ýat Seniň ýolbaşçylygynda maksatnama kabul edýär. Maksatnamada Sin monarhiýasyny agdarmak, Respublikany esaslandyrmak we ýere eýeçilik hukugyny deňleşdirmek, garaşsyzlygy dikeltmek göz öňünde tutulýardy.

Sun Ýat Sen sosial-ykdysady taýdan haýal ösen Hytaýda ýere eýelik hukugyny deňleşdirmek ýoly bilen sosial adalatly düzümi döretmek mümkin, diýen pikirdedi.

### Wagtlaýyn Respublika hökümetiniň gurluşy

Sun Ýat Seniň guramasy respublika düzümini ornaşdyrmagy maksat edinýär. Bu taglym manjurlara garşy hereketi ýene-de güýçlendirýär. Bu hereket 1911-nji ýylda daşary ýurtlulardan demir ýol gurluşygy üçin karz almak barada ylalaşyk düzülensoň, ýaragly garşylyga öwrülýär. Hatda armiýada hem närazylyk başlanýar.

Uhan şäherinde esgerleriň kazarmasyny dökmäge giren manjur administrasiýasynyň tarapdarlaryny esgerler öldürýärler. Ok-ýarag ammaryny basyp alýarlar. Başga goşun bölümleri hem olara goşulýar. Ynkylapçylar 11-nji oktýabrda Uhany doly eýeleýärler. Olar Respublika hökümetini düzýärler we ähli Hytaý welaýatlaryny Respublikanyň

töweregine birleşmäge çagyrýarlar. Manjur dinastiýasynyň agalygy ýatyrylandygy yglan edilýär. Bu ynkylap Hytaýyň taryhyna „Sinhaý ynkylaby“ ady bilen giripdir. Şeýdip, „Sinhaý ynkylaby“ ýaragly gozgalaň ýoly bilen Hytaýda XVII asyrdan başlap höküm süren manjurlar häkimiýetini agdaryp taşlaýar.

1911-nji ýylda köp ýyllyk emigrasiýadan soň Sun Ýat Sen Hytaýa gaýdyp gelýär. Ony Hytaý halky şadyýanlyk bilen garşy alýar. 29-njy dekabrda Nankinde ynkylaby welaýatlaryň wekillerinden ybarat Millet Mejlisi toplanýar. Millet Mejlisi Hytaýy Respublika diýip yglan edýär we emigrasiýadan gaýdyp gelen Sun Ýat Seni Hytaý Respublikasynyň wagtlaýyn prezidenti edip saýlaýar. Millet Mejlisi kabul eden konstitusiýada ähli raýatlaryň deňligi we dürli demokratik azatlyklar yglan edilse-de, daýhanlaryň arzuw-dileglerini aňladýan „ýere eýelik etmekde deň hukukly bolmak“ şygary öz şöhlelenmesini tapmaýar. Munuň sebäbi – ýere eýelik etmekde deň hukuga eýe bolmaga garşy güýçleriň uly ýagdaýa eýe bolanlygygydy.

**Ýuan Şikaý diktaturasy**

Ynkylap netijesinde Hytaýda iki häkimiýetlilik emele gelýär. Olaryň biri – Hytaý Respublikasynyň häkimiýeti, ikinjisi – Demirgazykda saklanyp galan imperator häkimiýetidi. Pekindäki imperator hökümetiniň başlygy Ýuan Şikaýdy.

Beýik döwletleri Hytaýdaky ýagdaýlarynyň nähili halatda galjakdygy aladalandyrýar. Şu sebäpli, olar dürli bahanalar bilen Hytaýyň içki işlerine barha köpräk gatyşyp başlaýarlar. Olar Hytaýdaky ynkylaby ýaragyň güýji bilen basyp ýatyrmak maksadynda öz güýçlerini birleşdirmegi başarýarlar.

Beýik döwletleriň Pekin hökümetini goldamakdan maksady Hytaýyň içki işlerine öz bildiginden gatyşmakdy. Ýöne bu Hytaýda umumy närazylygy getirip çykarýar. Ilat daşary ýurt harytlaryny baýkot edip başlaýar. Şeýle şertde respublika garşy güýçler Premýer ministr Ýuan Şikaýyň töweregine birleşýär.

Pekin köşgüniň adamlary oňa monarhiýanyň halasgäri hökmünde garaýardylar. Ýöne Ýuan Şikaý ynkylab hereketiniň basyşy bilen 1912-nji ýylyň 12-nji fewral güni Sin dinastiýasyny tagtdan el çekmäge mejbur edýär. Hökümdar gatlaklar bütin häkimiýeti oňa tabşyrmaga çalyşýarlar. Şu arada, beýik döwletler hem Sun Ýat Seniň häkimiýetden getmegini açyk talap edýärler we Hytaýa interwensiýa guramaga aç-açan taýýarlanyp başlaýarlar. Hytaýa garşy interwensiýa

howpy astynda Sun Ýat Sen prezidentlik wezipesini Ýuan Şikaýa tabşyrmaga mejbur bolýar.

Bütin häkimiýeti öz eline toplan Ýuan Şikaý demokratik azatlyklary ýoga çykaryp başlaýar. Ol işi, ilki bilen, ynkylap goşunlaryny bütinleý ýaragsyzlandymakdan başlaýar. Hökümete garşy düzülen islendik topar agzalarynyň tagdyry ölüm bilen tamamlanýardy. Her bir obada jeza topary işleýän bolýar. Şuňa seretmezden, demokratik güýçler 1912-nji ýylda Gomindany (Milli partiýa) düzýärler. Partiýa ýolbaşçylyk etmek üçin Sun Ýat Sen saýlanýar.

Öz ýeňşinden ruhlanan Ýuan Şikaý Millet Mejlisini özüni bäş ýyl möhlete prezident edip saýlamaga mejbur edýär. Beýik döwletlerden agyr şertleriň hasabyna karz almak baradaky şertnama gol çekýär. Şundan soň, beýik döwletler Hytaý Respublikasyny ykrar edendiklerini mälim edýärler. Hytaýyň ykdysady ýagdaýy agyrlaşýar. Ilatyň durmuş derejesi erbetleşýär. Şeýle bir şertde Gomindan halky gozgalaň başlamaga ündeýär. 1913-nji ýylda Hytaýyň günortasynda hökümetiň syýasatya garşy „Ikinji ynkylap“ diýlip atlandyrylan gozgalaň başlanyp gidýär.

Ýöne güýçler deň bolmanlygy sebäpli daşary ýurt döwletlerinden harby medet alan hökümetiň goşunlary tarapyndan „Ikinji ynkylap“ derbi-dagyn edilýär.

1914-nji ýylda Ýuan Şikaý Konstitusion Geňeş çagyrýar. Onda „Täze Hytaý Konstitusiýasy“ kabul edilýär. Ýuan Şikaý prezident hökmünde çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolýar. Ýurtda harby diktatura ornaşdyrylýar. Respublikanyň dolandyryş edaralary ýatyrylýar.

***Sinhaý*** – sinhaý türkmen dilinde „ýyl“ diýen manyny aňladýar. Hytaý aý kalendaryna görä, ynkylap bir ýyl dowam edeni üçin ol Sinhaý (bir ýyl dowam eden ynkylap) diýlip atlandyrylypdyr.

***Sin dinastiýasy*** – 1628–1644-nji ýyllardaky daýhanlar urşy netijesinde ýok edilen Min dinastiýasyndan soňky hökümdar dinastiýa. Bu dinastiýa 1644–1911-nji ýyllarda hökümdarlyk edipdir.

1. Sinhaý ynkylaby nädip bolup geçdi we onuň netijeleri nämelerden ybarat bolýar?
2. Sun Ýat Seniň işini nähili bahalaýarsyňyz?
3. Ýuan Şikaý diktaturasynyň ornaşdyrylyşy barada nämeleri bildiňiz?

4. Daşary ýurt döwletleriniň Hytaý bilen gatnaşygy nähilidi?

*Siz şu pikirleriň haýsysy dogry diýip hasaplaýarsyňyz? Öz pikirleriňizi deliller bilen esaslandyryň.*

| | |
|---|---|
| 1. Hytaý hökümeti ýurduň ýarymkoloniýa ýagdaýyna düşüp galmagynyň öňüni almagy başarýardy. | 2. Hytaý hökümeti ýurduň ýarymkoloniýa ýagdaýyna düşüp galmagynyň öňüni almagy başarmaýardy. |

## 29-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Hindistan

**Kolonializm**

Hindistan bu döwürde Beýik Britaniýanyň koloniýasydy. Ol Hindistany wise-korol baştutanlygyndaky emeldarlaryň we polisiýanyň kömeginde dolandyrýardy.

Iňlis kolonizatorlygy şertinde Hindistanda maýadarlyga esaslandyrylan ýerli önümçilik ulgamy emele gelip başlaýar. Iri senagat kärhanalaryny gurmaga girişilýär. 1886-njy ýylda dokmaçylyk senagatynda 95 fabrik bardy. Känleriň sany, demir ýol pudaklary köpelýär. Bu zat çig mal taýýarlamak we daşamakda möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Beýik Britaniýa Hindistanda senagaty özüne amatly edip ýerleşdirmäge hereket edýär. Esasy senagat kärhanalary deňizýaka port şäherleriniň golaýyndady. Mundan Hindistanyň baýlyklaryny arzan we aňsat alyp çykyp gitmek maksady göz öňünde tutulýardy. Hindistan bilen Beýik Britaniýanyň söwdasy barha artýardy. Hindistan iňlis buržuaziýasynyň kapital girizýän çägine öwrülýär

Daýhançylykda agrotehnika medeniýeti pes bolmagynda galyberýär. Kolonizatorlar tarapyndan gurlan suwaryş desgalary bary-ýogy 20 göterim ýeri suwarmaga ýetýärdi. Ýer hasylyň uly bölegini tölemek şerti bilen daýhanlara kärendä berilýärdi. Karzyň hasabyna işläp bermäge mejbur bolan adamlaryň sany barha köpelýär.

Oba hojalygynyň iň girdejili pudaklaryna (çaý, kenep, pagta) maýa goýumlaryny girizmek iňlislere uly peýda getirýärdi.

Hindistan XIX asyryň ahyrynda dünýä bazaryna uly mukdarda senagat we oba hojalyk harytlaryny çykaryp başlaýar. Ýöne alnan girdeji iňlis kolonizatorlaryny baýadýar. Oba hojalygynda monokultura

emele gelýär. Bengaliýa kenep, Assam çaý, Bombeý we Merkezi Hindistan pagta, Penjap bugdaý ýetişdiräge ýöriteleşýär. Ýer eýeleri, bank eýeleri, süýthorlar daýhanlary bergidar edip, olary aýylganç ýagdaýa salýarlar. Hindistanda açlykdan köp adam gyrylýar.

Iňlis administrasiýasy Hindistandaky milli dillerde çykýan metbugat barada kanun kabul edýär. Kanun ähli gazetleri iňlisleriň gözegçiligine geçirýär. Tiz arada ot açýan ýaraglary saklamazlyk barada akt kabul edilýär.

Beýik Britaniýa ýerli buržuaziýa bölekleýin eglişik syýasatyny hem ýöredip başlaýar. Olaryň wekilleri şäher administrasiýasyna saýlanyp başlaýarlar.

**Ykdysady ýagdaý**

XX asyryň başlarynda Hindistanda kapitalizm ýuwaşlyk bilen bolsa-da, ösüp başlaýar. 1910-njy ýyla gelip kenep-süýüm fabrikleriniň sany iki esse köpelýär. Pagta çig malyny taýýarlamak, biz mata dokaýan kärhanalarynyň bir bölegi hindi kapitalistlerine garaşlydy. Senagat işçileriniň sany ep-esli köpelýär. Beýik Britaniýa ähli kömür basseýnlerini, kenep senagatyny, çaý atyzlary, transporty, söwda we ätiýaçlandyryş jemgyýetlerini öz eline jemleýär we bütin Hindistanyň önümçilik ulgamynyň üstünden gözegçilik ornaşdyrýar.

Beýik Britaniýanyň kapitaly örän çalt ösýär. Ýöne halk köpçüliginiň durmuşy bolsa barha erbetleşipdir. 1896–1906-njy ýyllarda 10 mln.dan artyk adam açlykdan ölüpdir.

Uniwersitetlere giriş puly iki esse artdyrylypdyr. Olardaky hukuk fakultetleri ýapylypdyr. Demokratik ruhdaky, halk bähbidini gözleýän adamlaryň uniwersitetlere girmegi bütinleý gadagan edilipdir.

**Milli azatlyk hereketi**

Hindistanyň halklary kolonializm zulmuna garşy azatlyk göreşini alyp barýar. 1885-nji ýylda Bombeý şäherinde belli bir maksatnamasyna eýe syýasy partiýa – „Hindistan milli kongresi“ (HMK) düzülýär. Şol bir wagtda, „Musulmanlar ligasy“ hem döredilýär. Indi iňlisler hindi-musulman bäsdeşligini ýene-de güýçlendirip goýberýärler.

Kongres öz hataryna iri söwda-senagat kapitaly wekillerini, liberal pomeşikleri hem-de milli hünärmenleri birleşdirýär. Ilki wagtlarda Hindistanyň milli kongresine iňlis kolonial administrasiýasy garşy çykmaýar. Beýle gatnaşygy Hindistanyň wise-koroly lord Dafferin „milli Kongres ynkylapdan arzanrak“ diýip düşündiripdi.

Iňlisleriň oýlaýşy ýaly, milli kongresiň talaplary ilki wagtlarda örän aram bolýar. Bu talaplar Britaniýanyň agalygyny saklap galmak bilen, diňe käbir özgertmeleri geçirmegi nazarda tutýardy. Ýagny daşardan getirilýän ýüp-matalara paç bellemek, ýerli wekillik edaralarynyň hukugyny giňeltmek, hindileri dolandyryş işlerine çekmek, tehniki tälimi guramak we başgalardy. Ýöne wagtyň geçmegi bilen bu partiýa uly abraýa eýe bolup başlaýar.

1890-njy ýylda „çep“ – radikal akym şekillenýär. Oňa Bal Gangadhara Tilak (1856–1920) ýolbaşçylyk edýär. Ol hindi halkynyň milli aňyny oýarmak, milli buýsanjyny götermek ugrundan barýar. Dine, onuň köpçüligi jebisleýji güýjüne uly baha berýär. Tiz arada ol Puna şäherinde garaşsyz orta mekdep açýar. Mekdep okuwçylaryň aňyna Watanperwerlik taglymlaryny siňdirip başlaýar. Tilak „Kesari“ (Şir) gazetini döredýär. Ýaşlaryň arasynda Watanperwerlik taglymlaryny wagyz edýär. Hindistanyň şertinde ýaragly gozgalaň ýoly bilen azatlyga çykmagyň alajy ýoklugyny aňan Tilak „güýç ulanmazlyk“ ýoluny saýlaýar. Bu usulda esasy üns iňlis harytlaryny baýkot etmäge gönükdirilýär. „Hudaý Hindistany daşary ýurtlara hiç haçan sowgat eden däldir“, diýýärdi Tilak.

Tilagyň tarapdarlary köpçüligi kolonizatorlara garşy ýigrenç ruhunda terbiýelärdiler. Mundan howpsyran iňlisler Tilagy bir ýarym ýyla tussag edýärler. Ýöne tiz arada azat etmäge mejbur bolýarlar.

**Bengaliýanyň bölünişi**

Milli azatlyk hereketini bogmaga ymtylyp, iňlis kolonizatorlary 1905-nji ýylda Bengaliýany iki bölege bölüp taşlaýarlar. Çünki Bengaliýa kolonializme garşy göreşiň iň güýçli hereket merkezlerinden birine öwrülipdi. Bu çäre ters täsire eýe bolýar. Hindistanda milli azatlyk hereketi täzeden güýçlenýär. Kalkuttada uly çykyş bolýar. Närazylyk çykyşlary yzly-yzyna ýurduň uly bölegini eýeleýär.

1906-njy ýylyň dekabrynda „çep“ radikal akymyň talaby bilen Hindistanyň milli Kongresi goşmaça karar kabul edýär. „Swaraj“ („öz häkimiýetimiz“), „Swadeşi“ („öz önümçiligimiz“), „Iňlis harytlaryna baýkot“ halkyň arasynda uly üns gazanýar. Tilak diňe bir iňlis harytlaryndan däl, eýsem iňlis dolandyryşyndan hem ýüz döndermäge çagyrýar. Dolandyryşy hindileşdirmäge, ýerli buržuaziýany fabrik we zawod gurmaga çagyrýar.

Bombeý welaýatynyň Surat şäherinde Hindistanyň milli Kongresiniň gurultaýy çagyrylýar. Orta akym iňlis imperiýasynyň düzüminde galmagy, şol bir wagtda, öz-özüni dolandyrmak hukugynyň berilmegi makullanýar. Radikal akym (Tilagyň ýolbaşçylygyndaky) HMK düzüminden çykarylýar.

Iňlis emeldarlary tiz arada kanuna ters mejlisleri we metbugat barada gadagan ediji kanunlary çykarýarlar we rehimsiz gadagany güýçlendirýärler.

**Urşuň öňüsyrasynda**

Hindistanyň ýerli hökümdar toparlary iňlis kolonizator administrasiýasy bilen ylalaşyp, „Hindistan geňeşleri barada kanun“ atly resminama kabul edýär. Bu kanuna görä, ilatyň diňe ýarym göterimi saýlaw hukugyny alýar. Saýlawlar dini obşinalar esasynda geçirilýän bolýar (ýagny hindiler we musulmanlar aýry-aýry ses berýän bolýarlar). Mundan maksat hindiler bilen musulmanlaryň arasynda agzalalyk döretmekdi.

Bu döwürde Hindistan Beýik Britaniýanyň boljak jahan urşunyň planlarynda möhüm rol oýnap başlaýar. Şonuň üçin hem ol Hindistandaky ýagdaýy ýumşatmaga çalyşýar. Kolonial administrasiýasy iş wagtyny 12 sagat bilen çäklendirmek barada kanun kabul edýär.

1911-nji ýylda zähmetkeşleriň hereketlerinden gorkan kolonizator emeldarlar bölüp taşlanan Bengaliýany birleşdirmäge mejbur bolýarlar. Paýtagt howpsuzrak çäkde ýerleşýän Delä göçürilýär.

1. Hindistanyň nädip Beýik Britaniýanyň koloniýasyna öwrülendigini ýada salyň.
2. Iňlis kolonial zulmunyň aýylganç netijelerine mysallar getiriň.
3. Hindistan halkynyň milli azatlyk hereketinde Hindistanyň milli Kongresiniň tutan orny barada nämeleri bildiňiz?
4. Deňeşdirip derňäň: Hindistan bilen Hytaýyň ösüşiniň meňzeş we özboluşly aýratynlyklaryny aýdyp beriň.

1. Hany, pikir ediň, näme üçin HMK göreşiň parahatçylykly ýoluny saýlapdyr?
2. Oba hojalygyndaky monokulturanyň nämedigini düşündiriň.
3. Beýik Britaniýa Hindistandaky ýokary tälime nähili täsir edipdir?
4. Näme üçin hukuk fakultetleri ýapylýar?
5. Tilagyň taglymatynyň mazmunyny düşündiriň.

## 30-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Eýran

**Beýik Britaniýa we Russiýa tabynlygyň güýçlenmegi**

XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda Eýran dünýä kapitalistik döwletleriniň ýarym-koloniýasyna öwrülýär. Şa düzümi we kolonializm zulmy halkyň ýagdaýyny ýene-de agyrlaşdyrýar. Ýurtda närazylyklar güýçlenýär.

Eýrandaky sütemkär häkimiýet iri ýer eýelerine, welaýat häkimlerine hem-de uruglaryň hanlaryna daýanýardy. Eýranda senagatyň buržuazlaşmagy haýal geçýär. Ýer daýhanlary ekspluatasiýa edip gelýän ýer eýeleriniň elindedi. Şäherlerde ýaşaýan hünärmentler we ownuk söwdagärler ýaly daýhanlar hem süýthorlar tarapyndan karza batyrlypdy.

Eýranyň iri ýer eýeleri, söwdagärleri we süýthorlary şa häkimiýetini çäklendirmegi, öz emläkleriniň eldegrilmesiz bolmagyny, gubernatorlaryň we hanlaryň baş-başdaklygynyň soňuna çykylmagyny, eýranly kapitalistleriň hukuklaryny daşary ýurtly kapital eýeleri bilen deň edip goýulmagyny talap edýärler.

Eýrana kapital çykarmak boýunça Beýik Britaniýa birinji orundady. 1872-nji ýylda Eýran nebit känlerinden peýdalanmak, daş we demir ýol gurmak konsessiýalary alynýar. 1889-njy ýylda iňlis monopolisti Reýter Eýranda „Şahanşahbank“ açmagy gazanýar. Şertnama görä, bank kagyz pullary çykarmak we ýurduň ýerasty baýlyklaryndan erkin peýdalanmak hukugyny alýar. Eýran Beýik Britaniýadan 9,6 million funt sterling bergidar bolýar.

Eýrany bakna etmekde Russiýa hem gatnaşýar. Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda Eýranyň Russiýa bergisi 164 million rubly düzýär. Eýranyň ykdysady tabynlygy syýasy tabynlygy hem güýçlendirýär. Aýratynam, ruslaryň şa köşgüne täsiri güýçlüdi. Iňlisler bolsa başga ýoldan barýarlar. Olar Pars welaýatyndaky bagtyýarlar taýpalaryny, Huzistanyň hanlaryny merkeze, şa hökümdarlygyna garşy küşgürýärler.

**Eýran ynkylaby**

Içki sosial gapma-garşylyklar, daşary ykdysady we syýasy gysaçlar Eýranda 1905-nji ýylda ynkylap hereketiniň başlanmagyna sebäp bolýar.

Ilat bütin ýurduň senagat pudaklaryna hojaýynlyk edýän rus – iňlis kapitalistlerini ýurduň çäginden çykaryp goýbermegi talap edýär.

Ýurtda umumy iş taşlaýyş bolup geçýär. Şa hökümeti iş taşaşlaýşa gatnaşanlardan rehimsiz öç almaga girişýär. Muňa jogap edip halk hereketi başlanýar. Onda göreşiň *best usuly* ulanylýar. Bestde oturan adama jeza çäresini ulanmak mümkin däldi. Çykyş edenler „adalathana“ döretmek, rehimsiz emeldarlary kowmak talaby bilen çykdylar.

Şa halk hereketine garşy goşundan peýdalanmakçy bolýar. Ýöne goşun halka ok atmakdan boýun towlaýar. Netijede, 1906-njy ýylyň awgustynda şa konstitusiýa kabul etmek barada perman çykarmaga mejbur bolýar. Ýöne perman ýerine ýetirilmänsoň, halk ýene aýaga galýar. Şonuň netijesinde Töwrizde Eýranyň taryhynda birinji parlament – Mejlis düzülýär. Mejlis Eýran sosial-demokratlarynyň täsiri astyndady. Şa halkyň basyş etmegi bilen Mejlise saýlawlar geçirmek barada perman çykarýar. Kojarlar (ýagny şa urugyna degişliler), ruhanylar, söwdagärler, ýer eýeleri we daýhanlar, hünärmentler – jemi 6 sosial gatlak saýlaw hukugyna eýe bolýarlar.

1906-njy ýylda Mejlise saýlaw geçirilýär. Şa Muzaffariddin konstitusiýanyň birinji bölegini tassyklaýar. Oňa görä, şa ähli kanunlary tassyklamak, býujet kabul etmek, onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek hukugy berilýär. Daşary ýurtlular bilen düzülýän ykdysady ylalaşyklara Mejlisiň razylygynyň bolmagy bellenilýär.

1907-nji ýylda şa Muzaffariddin aradan çykansoň, tagta sütemkär düzümiň tarapdary, täzelige garşy Muhammet Aly şa geçýär. Ol ynkylaby özgerişlere garşy göreşi planlaşdyrýar. Täze şa Mejlise berk garşydy. Ýöne ynkylaby hereketiň gerimi ony Eýranda konstitusion tertibi saklap turmaga mejbur edýär. Şunuň bilen 1905–1907-nji ýyllardaky Eýran ynkylabynyň birinji basgançagy tamamlanýar.

**Ynkylabyň ikinji döwri**

1907–1911-nji ýyllar Eýran ynkylabynyň ikinji döwri diýilýär. Hereket indi, esasan, kolonizatorlara garşy gönükdirilýär.

Aýratynam, mujohidler guramasy uly täsire eýe bolýar. Olar gizlin saýlaw hukugy, jemgyýetleri düzmek, şahsyň azatlygy, şa ýerlerini konfiskasiýa etmek, iş wagtyny 8 sagat edip çäklendirmek, mugt we mejbury tälimi girizmek ýaly talaplar bilen çykýarlar.

Demokratik hereketiň täsiri astynda şa ýer eýeleri aristkratlaryň tölegini gysgaldýar. Feodal zamana mahsus bolan derejeleri ýatyrýar.

Parahorlyk, tamagirlige garşy göreş barada kanun yglan edýär. Şa Eýranyň konstitusiýasynyň iň möhüm demokratik mazmundaky maddalaryny tassyklap gol çekmäge razy bolýar. Kanunyň öňünde hemme deň, şahs we emläk eldegrilmesizligi, jemgyýetleri düzmek, mejlisleri geçirmek, dünýewi sud (şerigat sudy bilen bir hatarda), kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji döwlet organlaryny aýratynlandyrmak ýaly maddalar möhüm ähmiýete eýedi.

Şol bir wagtda, şa uly hukuklar hem berilýär. Mysal üçin, şa jogapkärlikden azat şahs, Baş serkerdebaşy hökmünde uruş yglan etmek, ýaraşyk düzmek, ministrleri bellemek we boşatmak ýaly hukuklara eýedi. Şanyň konstitusiýa we kanunlara wepalylyk barada kasam etmegi kada öwrülýär. Kabul edilýän kanunlaryň şerigata laýyklygy üstünden gözegçilik etmek üçin bäş ulug ulama bellenýän bolýar.

**Beýik Britaniýa – Russiýa ylalaşygy**

Iňlis – rus kolonizatorlary Eýrandaky ynkylaby özgerişlere biparh garamaýarlar. Olar Eýrana görä sütemkärlik syýasatyny ýöredýärler. 1907-nji ýylda Beýik Britaniýa–Russiýa ylalaşygyna gol çekilýär. Ylalaşyga görä, Eýran üç bölege bölünýär. Demirgazyk Eýranyň Russiýa, Günorta Eýranyň Beýik Britaniýa täsir sferasynda bolmalydygy tassyklanýar. Eýranyň orta bölegi bolsa bitarap diýlip yglan edilýär. Şol bir wagtda, bu döwürde şa iňlisleriň we ruslaryň kömeginde 1908-nji ýylda antirewolýusion döwlet agdarylyşygyny geçirýär. Russiýanyň kazak goşunlary Mejlisiň binasyny topa tutýar. Mejlis dargadyp goýberilýär. Demokratik metbugat gadagan edilýär.

Mejlis heläkçilige duçar bolansoň, ynkylaby hereketiň merkezi Töwrize göçýär. Şanyň goşunlary Töwrize hüjüm edýär we şäheri gabaýar. Netijede, açlyk başlanýar. Daşky dünýäden kesip goýlan Töwriz gozgalaňy ýeňilýär.

**Beýik döwletleriň Eýrandaky syýasaty**

Töwriz gozgalaňy basyp ýatyrylsa-da şa garşy hereketler togtamaýar. 1909-njy ýylda Tähranda Muhammet Aly şa tagtdan düşürilýär. Ýerine ogly Ahmet şa diýlip yglan edilýär. Konstitusiýa dikeldilýär. Hökümet ýurduň ykdysadyýetini düzetmek maksadynda daşary ýurtdan karz alýar. Içki antirewolýusion güýçler Russiýanyň we Beýik Britaniýanyň kömeginde ynkylapçylara garşy hüjüme taýýarlanýarlar. Ahyrynda, Russiýanyň goşuny 1911-nji ýylda

antirewolýusion döwlet agdarylyşygy geçirilişine gatnaşýar. Şeýlelikde Eýran ynkylaby basyp ýatyrylýar.

Eýrandaky 1905–1911-nji ýyllaryň ynkylaby uly sosial hadysa – feodal-monarhiýa düzüminden konstitusion monarhiýa geçiş basgançagy bolýar.

Birinji jahan urşunyň öňüsyrasynda Eýranyň daşary ýurda baknalygy ýene-de güýçlenýär. 1912-nji ýylda 1907-nji ýyldaky Russiýa – Beýik Britaniýanyň täsir sferalary baradaky ylalaşygyny ykrar etmäge mejbur edilýär.

***Best*** – metjit we gonamçylyklarda ýuwaş oturyp, gowşak garşylyk görkezmek.

***Konsessiýa*** (latynça – rugsat etmek) – döwlet organlarynyň belli bir şertler esasynda ýerasty baýlyklary, ýerüsti obýektlerini ekspluatasiýa bermek baradaky ylalaşyk.

1. Eýran nädip Beýik Britaniýanyň we Russiýanyň ykdysady hem-de syýasy täsirine düşdi?
2. 1906-njy ýylda nähili faktorlar şany konstitusiýa girizmäge mejbur edýär? Bu konstitusiýa şa nähili ygtyýarlyklar berdi?
3. Eýran ynkylabynyň birinji we ikinji basgançaklarynyň özboluşly aýratynlyklaryny anyklaň.
4. Eýran ynkylaby nädip basyp ýatyrylýar?

1. 1906-njy ýyldaky Eýranyň konstitusiýasynda ýurtda kabul edilýän kanunlaryň şerigata laýyklygyny 5 ulama gözegçilik etmegi bellenipdi. Bu ýagdaýy häzirki Konstitusion suduň geçmişdeşi diýip hasaplamak mümkinmi?
2. „Şahanşahbank“ nähili guramady?
3. 1907-nji ýyldaky Russiýa–Beýik Britaniýa ylalaşygynyň mazmunyny açyp görkeziň.

## 31- §. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Owganystan

### Beýik Britaniýa bilen Russiýanyň çaknyşmagy

70-nji ýyllarda Owganystan Russiýa bilen Beýik Britaniýanyň arasynda çekişmä sebäp bolan ýurda öwrülýär. Beýik Britaniýa Hindistan – Owganystan araçäginde harby güýç toplap başlaýar. Owganystanyň emiri Şeralihan Russiýadan kömek sorap, ilçi goýber-

ýär. Russiýa muňa jogap edip kiçi harby bölümini araçäge ýakyn ýerleşdirýär. Kabula bolsa general Stoletowyň baştutanlygynda ilçilik missiýasy iberilýär. Ýöne mundan artyk hereketlere ýürek edip bilmeýär. Muňa Orta Aziýany doly boýun egdirmek hem-de barha golaýlaýan Rus–Türk urşy meseleleri mümkinçilik bermeýär.

**Ikinji iňlis–owgan urşy**

1878-nji ýyli Şeralihan iňlis missiýasyny Kabul şäherinde kabul etmekden boýun towlaýar. Beýik Britaniýa bu Owganystana garşy basybalyjylykly urşy başlamaga bahana bolýar. Owganystana garşy uruş hereketleri başlanýar. Aradan çykan Şeralihanyň ýerine tagtga geçen ogly Ýakubhan 1879-njy ýylda Gandamak ylalaşygyna gol çekýär. Oňa görä, Owganystan amalda garaşsyzlygyny ýitirýär. Kabulda iňlis rezidensiýasy açylýar. Onuň wezipesi owgan emiriniň hereketleri hem-de Beýik Britaniýadan iberilýän karzlaryň nähili sarplanandygynyň üstünden gözegçilik etmekdi.

Emir Ýakubhanyň boýun egijilik syýasaty ýurtda ýiti garşylyga duçar bolýar we Kabulda oňa garşy gozgalaň turýar. Şäherliler iňlis rezidensiýasyna çozup girip, ony eýeleýärler. Iňlisler Gandamak ylalaşygyndan soň gaýtaryp alyp giden goşunyny ýene Owganystana taşlaýar we Kabuly gaýtadan eýeleýär.

Şu arada Owganystanyň öňki emiri M. Afzalhanyň ogly Abdurahmanyň gozgalaňçy goşuny Kabuly gurşaýar. Iňlisler kyn ýagdaýa düşýärler. 1880-nji ýylyň başynda Abdurahmon Demirgazyk Owganystanda öz häkimiýetini ornaşdyrýar.

Iňlisler Abdurahman bilen gepleşikler başlamaga mejbur bolýarlar. Kabul Abdurahmana tabşyrylýar. Kandagar Beýik Britaniýanyň täsir sferasynda galýar. Şularyň hasabyna Owganystan Beýik Britaniýa hem-de iňlis Hindistanyndan başga käbir daşary ýurt bilen diplomatik aragatnaşyk etmezlik borjuny alýar. Abdurahman diňe içki syýasatda başgasyndan görä garaşsyzlygy saklap galmagy başarýar.

Owganystan tagtynyň kanuny mirasdüşeri emir Şeralihanyň ogly Aýubhan Kandagara ýörişe başlaýar. 1880-nji ýylda iňlis harby brigadasy ýenjip taşlanýar. Iňlisler täze harby bölümleri çagyrmaga mejbur bolýar. Bu täze güýçler Aýubhany Hyrada çekinmäge mejbur edýär. Ýöne ilatyň berk garşylygy sebäpli iňlisler Kandagary taşlap çykyp gitmäge mejbur bolýarlar. Şeýdip, ikinji iňlis–owgan urşy Beýik Britaniýanyň şowsuzlygy bilen tamamlanýar.

**Içki dawalar**

Tiz arada, indi tagt dawagärleriniň arasynda uruş hereketleri başlanyp gidýär 1880-nji ýylda

Abdurahman Aýubhanyň goşunlaryny berk ýizgä duçar edýär. Aýubhan daşary ýurda gaçmaga mejbur bolýar. Owganystanda Abdurahmanyň doly häkimiýeti ornaşdyrylýar. Emir Abdurahman döwründe (1880–1901-nji ýyllar) Owganystan kyn ykdysady-sosial ýagdaýy başyndan geçirýär. Iňlisler bilen uruşlar önümçiligi hatardan çykarýar. Kabul we başga şäherler weýran edilipdi.

Emir ýurtda ýapyk syýasat alyp barýar. Daşary ýurtlularyň, aýratynam, ýewropalylaryň bu ýurda girmegi gadagan edilýär. Emir ýurdy syýasy taýdan birleşdirmek üçin göreş alyp barýar. Administratiw polisiýa müdirligi düzülýär. Onuň hereketi bilen gazna salgytlaryň düşüşi birneme ýagşylanýar. Kerwen ýollarynyň howpsuzlygy birneme üpjün edilýär. Garakçylar rehimsiz jezalandyrylýan bolýar. Olar demir kapasalara salnyp, ýoluň ýakasyndaky sütünlere asyp goýulýar, açlyk hem-de teşnelikde ölüme höküm edilýärdi. Dini ulamalary öz tarapynda saklamak üçin Abdurahman olara aýlyk belleýär. Wakf emlägini bolsa bölekleýin döwlete geçirýär. Ýeke-täk pul birligi, ýurt üçin birmeňzeş daş-terezi we uzynlyk ölçegleri girizilýär. Bu çäreler sebäpli Owganystanda söwda-satyk, önümçilik we hünärmentçilik birneme ösýär.

### Dýurand ylalaşygy

Owganystanyň XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlaryndaky halkara ýagdaýy doly manyda Russiýa bilen Beýik Britaniýanyň özara gatnaşyklaryna baglydy. Emir Abdurahman bu çylşyrymly şertde iki uly kolonizator döwletiň agzalalyklaryndan peýdalanýar. Netijede, Abdurahman özüniň syýasy ýagdaýyny berkidýär. Ýurduň çägini demirgazykda Amyderýa çenli giňeldip alýar. 1887-nji ýylda türkmenler ýaşaýan ýerlerde owgan–rus araçäkleri berk bellenilýär.

Şundan soň, Abdurahman günortada – Hindi derýasynyň boýlarynda ýaşaýan, ýöne 1849-njy ýylda iňlislere boýun egdirilen owgan taýpalaryny öz döwletiniň töweregine birleşdirmek hereketini başlap goýberýär. Emir Abdurahman özüni olara dini howandar edip görkezýär we iňlislere garşy göreşmäge çagyrýar. Bu bolsa Beýik Britaniýa bilen uruş howpuny döredýär. Mundan gorkan Abdurahman iňlisler bilen ylalaşyk düzmäge mejbur bolýar. Oňa görä, Owganystanyň günortasyndaky owgan taýpalarynyň çäkleri Beýik Britaniýanyň garamagynda galýan bolýar. Iňlisler ylalaşylan Dýurand çyzygyna (gepleşik alnyp baran iňlisleriň wekili Dýurandyň ady bilen atlandyrylan) goşun goýberýärler. Muňa jogap edip dagly owganlar gozgalaň turuzýarlar.

**Habibullahan döwri** 1901-nji ýylda Abdurahman aradan çykýar. Emirlik tagtyny ogly Habibulla eýeleýär. Ol atasynyň ugrundan baryp, owgan taýpalaryny birleşdirmek syýasatyny alyp barýar. Iňlislere garşy göreşi dowam etdirýär. Russiýa bilen söwda aragatnaşyklaryny ýola goýmaga çalyşýar. Muňa jogap edip Beýik Britaniýa Owganystana garşy ykdysady gabaw syýasatyny ulanýar.

Şol bir wagtda, Beýik Britaniýa Owganystana ylalaşyk teklip edýär. Onda daşary söwda Beýik Britaniýanyň gözegçiliginde bolmalydygy, ýurtda iňlisleriň demir ýol gurmagyna razylyk bermek, iňlis raýatlarynyň Owganystana erkin girip-çykmagyna rugsat bermek talap edilýärdi. 1907-nji ýylda şu meseleler nazarda tutulan ylalaşyga gol çekilýär. Owganystan Beýik Britaniýanyň bähbitleri sebiti diýlip yglan edilýär. Russiýa üçin bolsa diňe söwda hukuklary berilýär.

Owganystan XX asyryň başynda önümçilik senagaty ýok, yzagalak döwlet bolmagynda galýardy. Salgytlar pul bilen däl, önüm hökmünde alynardy.

**Medeni aň-bilim** Agyr şerte seretmezden, Owganystan daşky dünýäden kesilmeýär. Owganystanda hem respublikaçylyk hereketi peýda bolýar. Bu hereketiň tarapdarlary „Ýaş owganlar“ diýlip atlandyrylýar. Olar mekdep-magaryf, medeniýet, ylym, tehnika pudaklaryny ösdürmek taglymlaryny öňe sürüpdirler. Olar emirlik häkimiýeti bilen deň konstitusiýa hem bolmagyny talap edýärler. Önüm salgydyny ýatyrmak, içki paç tölegleri ýok etmek, taýpalar deňligini gazanmak we köp meselelerde öňdebaryjy garaýyşlary aňladýarlar. „Ýaş owganlar“ hereketine „Siroj ul-ahbori owganiýa“ („Owgan habarlary çyragy“) gazetiniň redaktory Muhammet Tarziý ýolbaşçylyk edýär. Ol Habibullahanyň üçünji ogly Amanullahanyň gaýnatasydy. Özgertmeçileriň bütin umydy „ýaş owganlar“ ruhunda terbiýelenen Amanullahana gönükdirilýär.

***Missiýa*** (latynça) – ýokary borç, jogapkärli wezipe; bir döwletiň ikinji döwlete mahsus tabşyryk bilen iberen wekilleri.
***Rezidensiýa*** (latynça) – bir döwletiň diplomatik wekilleriniň karargähi.

1. Ikinji iňlis–owgan urşunyň sebäpleri we netijeleri barada nämeleri bildiňiz?
2. Näme üçin XIX asyryň ikinji ýarymynda Owganystan Beýik Britaniýa bilen Russiýanyň arasynda „talaşyk“ ýurda öwrüldi?
3. Näme üçin Owganystany boýun egdirmek üçin Beýik Britaniýanyň alyp baran göreşi uzak dowam edipdir?

1. Emir Abdurahmanyň ýapyk syýasatynyň mazmuny nämeden ybaratdygyny düşündiriň. Nähili özgertmeler geçirildi?
2. Dýurand çyzygy nämedi?
3. Habibullahan nähili syýasat ýöretdi?
4. „Ýaş owganlar“ öňe süren maksadlary anyklaň.

## 32- §. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Osmanly döwleti

**Osmanly döwletiniň sosial-ykdysady ýagdaýy**

Osmanly döwleti monarhiýa bolup, ony soltan dolandyrýardy. Ýurtda orta asyr feodalçylyk düzgünleri hökümdardy. Osmanly döwletiniň ykdysadyýetiniň esasyny düzýän oba hojalygy gaty yza galypdy. Sürülýän ýerleriň köp bölegi uly ýer eýelerine we ruhanylara garaşly bolup, ol ýersiz we kem ýerli daýhanlara kärendä berilýärdi. Zähmet öndürijiligi kem bolanlygy üçin güýçli açlyk netijesinde ençeme adamlar gyrylýar.

Şäher ilatynyň hem ýagdaýy agyrlaşýar. Hünärmentçilik pese gaçýar. Köne düzgünler we daşary ýurt harytlarynyň köplügi ýurtda ykdysadyýetiň ösüşine böwet bolýar. Senagatda ösüş ýokdy. Soltan hökümeti özüniň maliýe taýdan ýagdaýyny gowulandyrmak üçin daşary ýurtdan karz alyp başlaýar. Döwletiň maliýe ýagdaýy heläkçilik ýakasyna golaýlaşýar. Daşky karz ýene-de köpelip, 5,5 mlrd. franka ýetýär. 1876-njy ýylda hökümet Türkiýäni maliýe taýdan bankrot diýip yglan etmäge mejbur bolýar.

Agyr ykdysady ýagdaý bara-bara Osmanly döwletini daşary ýurt döwletleriniň ýarym koloniýasyna öwürýär. Ýewropa döwletleri Imperiýanyň kolonialaryny çekip alyp başlaýarlar. Diňe Germaniýa imperiýadan paýyny alyp bilmedik döwletdi. Şonuň üçin hem Osmanly döwleti hökümeti XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Germaniýa bilen ýakynlaşýar. Germaniýanyň kapitaly uly üstünlik gazanýar. Boljak Bagdat demir ýolunyň taslamasynyň Izmir – Ankara bölegini gurmak olara degýär. 1903-nji ýylda nemesler bu taslamany (Bagdat arkaly Pars aýlagyna çenli demir ýol gurmak) doly ele alýar. Osmanly döwleti karzlar üçin uly göterim tölemelidi.

**Konstitusion monarhiýa üçin göreş**

Osmanly döwleti karzy tölemek beýlede dursun, işleýänleriň iş hakyny tölemägede güýji ýetmeýärdi. Netijede,

halk köpçüliginiň durmuş derejesi gaty erbetleşýär. Şeýle şertde „Täze osmanlylar hereketi“ emele gelýär. Bu hereketiň agzalary soltanyň häkimiýetini ýatyrmak taglymyny öňe sürýärler. Hereketiň „Ibrat“ gazeti öňdebaryjy demokratik taglymlaryň wagyz edijisine öwrülýär. Milletperwer hünärmenler, öňdebaryjy pikirli emeldarlar we ofiserler hem bu herekete goşulýarlar.

Ýurtda soltanyň häkimiýetini ýatyrmak taglymy şekillenýär.

1876-njy ýylda halk gozgalaňy başlanýar. Halk gozgalaňy hökümdar gatlaklary gorkuzyp goýberýär. Netijede, Abduleziz, Şeýh ul-Yslam fetwasy bilen tagtdan düşürilýär. Birnäçe wagtdan soň tagty Abdulhamid II eýeleýär.

1876-njy ýylyň 23-nji dekabrynda Osmanly döwletinde konstitusiýa yglan edilýär. Oňa görä, ýurtda iki palataly parlament girizilýär. Aşaky palata Deputatlar palatasy diýlip, ýokary palata bolsa Senat diýlip atlandyrylýar. Konstitusiýa soltana uly ygtyýarlyklary berýär. Raýatlaryň diňe örän az bölegi saýlaw hukugyna eýe bolýar.

### „Agzybirlik we ösüş“ partiýasynyň häkimiýete gelmegi

Abdulhamid II döwri Osmanly döwletiniň taryhynda „zulum döwri“ adyny alýar. Soltan tiz arada parlamenti dargadyp goýberýär. Konstitusiýanyň tarapdarlaryny kowup çykarýar. Olaryň köpüsi ölüme höküm edilýär. Ýurt gahar-gazap tümlüginde galýar. 1889-njy ýyli Stambulda harby-lukmançylyk okue mekdebiniň kursantlary gizlin „Agzybirlik we ösüş“ guramasyny düzýärler. Guramanyň bölümleri bütin Osmanly döwletine ýaýraýar we ýurtda konstitusion tertibi ýola goýmak barada wagyz işleri başlanýar. Soňluk bilen, bu jemgyýet güýçli syýasy partiýa öwrülýär. Soltan Abdulhamid II guramanyň üstünden sud guraýar. 13 adam ölüme höküm edilýär. „Agzybirlik we ösüş“ partiýasynyň agzalary we şuňa meňzeş syýasy gurnaga gatnaşanlar umumy at bilen „Ýaş türkler“ diýlip atlandyrylýar.

„Ýaş türkler“ Pariž şäherinde özleriniň birinji gurultaýyny geçirýärler. Onda ýatyrylan konstitusiýany dikeltmek barada karar kabul edilýär.

1908-nji ýylyň 3-nji iýul güni „Ýaş türkler“den bolan goşun ofiserleriniň ýolbaşçylygynda gozgalaň turýar. 1908-nji ýylyň 20-nji iýulynda Monastyr şäherinde „Agzybirlik we ösüş“ partiýasy dabaraly bir ýagdaýda konstitusiýanyň dikeldilendigini yglan edýär

we soltandan bu meselede perman bermegi talap edýär. Goşun „Ýaş türkler“ tarapyndadygy Abdulhamidi gorkuzýar. Ol 1908-nji ýylyň 24-nji iýul güni konstitusiýany dikeltmäge mejbur bolýar. Parlamente saýlaw geçirmegi wada edýär. 1908-nji ýyldaky Osmanly döwletiniň ynkylaby ýeňiş gazanýar.

**1909-njy ýyl 13-nji aprel pitnesi**

Ýöne köne düzgüniň tarapdarlary islendik özgertmä garşydylar. Olaryň içinde ruhanylaryň orny güýçlüdi. Ruhanylaryň „Ittihodi Muhammadi“ partiýasy „Ýaş türkler“i hudaýsyzlykda aýplaýar.

„Ittihodi Muhammadi“ partiýasynyň tarapdary bolan harbylar antirewolýusion pitne turuzýarlar. Pitneçiler parlamenti ýatyrmagy, şerigat we soltan häkimiýetiniň dikeldilmegini talap edýärler. Abdulhamid II-ä hut şu gerekdi. Şonuň üçin hem ol pitneçileriň talabyny derrew ýerine ýetirýär.

„Ýaş türkler“iň görnükli wekillerinden bir bölegi Salonikä we Adrianopola gaçyp gidýärler. Salonikidäki we Adrianopoldaky harby bölümler „Ýaş türkler“ tarapyndady. „Ýaş türkler“ özlerine sadyk harby bölümleri bilen 26-njy aprelde pitneçileriň hökümetini agdarýarlar. Soltan Abdulhamid tagtdan agdarylýar.

**Içki we daşary ýagdaý**

„Ýaş türkler“ hereketi beýik döwletleri ala-da goýýar. Olar Osmanly döwletindäki içki syýasy durnuksyzlykdan peýdalanyp, ýene-de köpräk olja eýe bölüp almaga çalyşýarlar.

Italiýa Liwiýany basyp alansoň, Beýik Britaniýa duýgudaş „Azatlyk we raýdaşlyk partiýasy“ „Ýaş türkler“ hökümetini diýen etmezlikde aýplaýar. Olar 1912-nji ýylyň 5-nji awgustynda ýurtda döwlet agdarylyşygy geçirýärler.

Tiz arada, Osmanly döwletiniň daşky ýagdaýy ýene-de erbetleşýär. Birinji we ikinji Balkan uruşlarynda Osmanly döwleti Balkandaky täsirinden doly diýen ýaly aýrylýar. Bu hadysa „Azatlyk we raýdaşlyk“ hökümetini agyr ýagdaýa salýar.

Şeýle şertde, „Ýaş türkler“ ýolbaşçylaryndan biri Anwarbeýiň baştutanlygynda 1913-nji ýylyň ýanwarynda pitne turýar. Häkimiýet ýene „Ýaş türkler“iň eline geçýär.

Häkimiýet 3 adamdan ybarat „Üçlük“ diýlip atlandyrylan toparyň (Anwar, Tal’at we Jemal) eline geçýär. Üçlüge Anwar patyşa ýol-

başçylyk edýär. „Üçlük“ Germaniýa bilen ysnyşma syýasatyny dowam etdirýär.

Bu ysnyşma Germaniýanyň Osmanly döwletiniň çäklerine dawa etmeýänligi bilen düşündirilýär.

Germaniýa *panturk* we *panyslam* aňyýetlerini özüne şygar edinen „Üçlüg“i goldap başlaýar. Bu aňyýetiň taglymlary Antantanyň bähbitlerine tersdi.

Şeýle şertde Germaniýa „Ýaş türkler“iň gözüniň öňünde Osmanly döwletiniň ýeke-täk „goraýjysyna“ öwrülýär. Indi Germaniýa Osmanly döwletini soýuz şertnamasyny düzmäge ündäp başlaýar. We ahyrynda, 1914-nji ýylyň 2-nji awgustynda gizlin ýagdaýda soýuz şertnamasy düzülýär. Bu şertnama gol çekmek bilen Osmanly döwletiniň hökümdar toparlary imperiýany heläkçilige höküm edýärler.

**Panislamizm** – XIX asyryň ahyrynda bütin musulman älemini kolonizatorlara garşy göreşde birleşdirmek baradaky herekete Russiýa we Beýik Britaniýa imperiýalary, şonuň ýaly-da, öňki Soýuz tarapyndan berlen emeli at.

**Pantürkizm** – türki halklary birleşdirmek taglymyna Russiýa we Beýik Britaniýa imperiýalary, şonuň ýaly-da, öňki Soýuz tarapyndan berlen resmi at.

**Senat** (lat.) – gadymky Rimde respublika döwrüne çenli urug aksakgallarynyň ýygnagy.

**Ýaş türkler** – 1889-njy ýylda döredilen türk buržuaz-pomeşik partiýasynyň „Agzybirlik we ösüş“ partiýasynyň agzalarynyň ýewropaça ady.

1. Bir wagtlar dünýäniň güýçli döwleti bolan, koloniýalary üç kontinente ýaýran Osmanly türkler imperiýasy näme üçin XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda amalda ýarymkoloniýa ýagdaýyna düşüpdir?
2. Osmanly döwletinde nädip konstitusion monarhiýa emele geldi?
3. Näme üçin soltan Abdulhamid II agalygy döwri Osmanly döwleti taryhynda „Zulum döwri“ diýip at alypdyr?
4. „Ýaş türkler“ hereketi nädip ýeňiş gazandy?
5. „Ýaş türkler“ hökümetiniň Germaniýa bilen ýakynlaşmagyndan gözlän maksatlary nämelerden ybaratdy?

1. „Ykdysady bilimleriň esaslary“ predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, „maliýe taýdan bankrot“ düşünjesini düşündirip beriň.
2. „Ýaş osmanlylar hereketi“ guramasynyň işi nämelerden ybaratdy?
3. „Ýaş türkler“ kimlerdi? Olar nähili syýasat ýöredipdirler?
4. Osmanly döwleti Germaniýa bilen soýuz şertnamasyna gol çekmezligi mümkinmidi? Eger mümkin bolmadyk bolsa, näme üçin şeýledi?

# VI BAP — XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA AFRIKA ÝURTLARY

## 33-§. Demirgazyk Afrika ýurtlary

### Sosial-syýasy durmuş

Afrikanyň demirgazyk böleginde, Saharanyň günorta araçägine çenli ilatyň köpçiligini araplar düzýärdi. Bu çäklerde barbarlar, habaşlar we başga halklar hem ýaşaýardy.

XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli Afrikanyň demirgazygynda we demirgazyk-gündogarynda, ýagny araplar ýaşaýan çäklerde absolýut monarhiýa düzümleri höküm sürýärdi. Olardan resmi taýdan Osmanly imperiýasynyň düzümine giren Müsür, Tripolitaniýa, Kirenaika (häzirki Liwiýa) we Tunis bolsa amalda Osmanly döwleti soltanlygyna boýun egmeýärdiler.

XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda Müsür we Sudan Beýik Britaniýanyň, Tunis, Alžir we Marokko Fransiýanyň, Marokkonyň bir bölegi Ispaniýanyň, Liwiýa bolsa Italiýanyň koloniýalaryna öwrülýär.

### Müsüriň bakna öwrülmegi

Müsüriň XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlaryndaky taryhy Osmanly döwletiniň agalygyndan azat bolmak we iňlisleriň kolonializm syýasatyna garşy göreş baýdagy astynda geçen özgerişler döwri bolýar.

Musulman ruhanylaryndan al-Azhar medresesinde muderris bolan Jemaliddin al-Owgany we onuň şägirtleri milli azatlyk hereketinde uly abraý gazanýarlar. Olar ähli musulmanlary kolonizatorlara, Osmanly döwletiniň zulmna garşy birleşdirmäge, konstitusion düzüm

ornaşdyrmaga çagyrýarlar. 1871-nji ýylda Jemaliddin al-Owgany „Hizb ul-Watan“ („Watan partiýasy“) partiýasyny düzýär. Bu partiýa daşary ýurtlulara garşy „Müsür müsürlileriňki“ şygary astynda göreşýär. „Watan“çylar hökümdaryň (Hadiw) hukugyny çäklendirýän konstitusiýa üçin göreşýärler. 1882-nji ýylda Hadiw täze kanuna gol çekmäge mejbur bolýar. Oňa görä, hökümet Deputatlar palatasyna boýun egýän, parlament býujetiň üstünden gözegçilik etmek hukugyny alýan, hiç bir kanun deputatlar palatasynyň rugsadyny almazdan kabul edilmeýän bolýar. Bularyň hemmesi feodalçylyk sütemkär düzüminden buržuaz parlament düzümine geçmek ugrundaky uly ýeňişdi. Daşary ýurtlular Müsüriň hökümetine ultimatum iberip, amaldaky hökümeti dargatmagy talap edýärler. Kolonizatorlaryň bu talaby ýerine ýetirilmeýär. Muňa jogap edip Beýik Britaniýa 1882-nji ýylda Isgenderiýäni toplardan oka tutýar. Onuň desanty şäheri eýeleýär. Muňa garşy, Müsür goşunynyň ýolbaşçylaryndan biri Ahmet Orabibeý Kairde ýokary döwlet organy – Wagtlaýyn geňeş düzýär. Ol uly goşun toplaýar. Köp geçmän iňlisler Suesi basyp alýarlar we Kaire ýörişe başlaýarlar. Müsür goşunlary ýeňilýär. Polkownik Ahmet Orabibeý Seýlon adasyna ömürlik sürgün edilýär. Şeýdip, Müsür Beýik Britaniýanyň koloniýasyna öwrülýär. Beýik Britaniýa Müsürde Osmanly imperiýasynyň häkimiýetini resmi taýdan ýatyrmaýar. Müsür hadiwleri dinastiýasy, Ministrler geňeşiniň adyna bolsa-da saklanýar. Maliýeniň üstünden gözegçilik doly iňlis maslahatçylaryna geçýär.



**Sues kanaly**

1888-nji ýylda Stambulda Sues kanalyndan peýdalanmak boýunça Beýik Britaniýa, Germaniýa, Ispaniýa, Italiýa, Russiýa, Osmanly döwleti, Fransiýa döwletleri konwensiýa gol çekýärler. Oňa görä, kanaldan ähli döwletler goý uruş, goý parahatçylyk wagtynda bolsun erkin peýdalanmak hukugyny alýarlar.

Milli azatlyk üçin göreşiň işjeň tarapdary bolan „Watan“ partiýasy iňlisleriň nazarynda iň howply bolup çykýar. Ony güýçsüzlendirmek üçin ýiti çäreler görülýär. Netijede, „Watan“ partiýasy giň syýasy göreş ugrundan ýeke-täk terror ýoluna geçýär.

Emma azatlyk hereketi bolsa başga görnüşlerde dowam edýär. Mejlisiň wise-prezidenti Saad Zaglul demokratik, milli azatlyk ruhundaky deputatlary öz töweregine toplap, mejlisiň adyndan iňlis agalygyna garşy resminamany geçirmegi gazanýar.

### Mahdylar gozgalaňy

XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Gündogar Sudan Müsüriň garamagyndady. 1881-nji ýylda sudanlylaryň öňdebaryjysy Muhammet Ahmet halky Müsür–Osmanly döwletiniň zulmuna hem-de ýewropalylara garşy mukaddes urşa çagyrýar. Muhammet Ahmet özüni mahdy diýip yglan edýär. Gubernator mahdyny tussag etmek üçin iberen harby topar ýok edip taşlanýar.

1882-nji ýylda Hartuma müsürli Abdul Kadyr general-gubernator edip bellenýär. Ol mahdylar hereketini basyp ýatyrmaga çalyşýar. Ýöne şowsuzlyga duçar bolýar. General Hiks baştutanlygyndaky iňlis goşuny Sudan ansorlary tarapyndan gyryp taşlanýar. Iňlisler Sudana general Gordonyň baştutanlygynda harby bölüm iberýärler. Ýöne bu goşun hem ansorlar tarapyndan ýok edilýär we Sudan azat edilýär.

1885-nji ýylda Sudanda garaşsyz mahdylar döwleti düzülýär. Gozgalaňyň ýolbaşçysy Mahdiy Muhammet Ahmet aradan çykyp, onuň birinji halyfy (halyflary dört sanydy) Abdullah häkimiýeti öz eline alýar. Omdurman şäheri paýtagt edip bellenýär. Goşun döwletiiň esasy daýanjyna öwrülýär.

Ýöne ýurtda içki dawalar güýçlenýär. Hut şu faktor mahdylary güýçden gaçyrýar. Mundan peýdalanan Beýik Britaniýa Efiopiýany Sudana garşy öjükdirýär. Netijede, 1885-nji ýylda iki döwletiň arasynda uruş hereketleri başlanýar. Efiopiýanyň hökümdary Ýohony Abdullaha ýüzlenip, umumy duşmana garşy bilelikde göreşe çagyrýar. Ýöne Abdullah munuň hasabyna Ýohonydan yslam dinine geçmegini talap edýär. Netijede, zerur ylalaşyk düzülmän galýar. Efiopiýa–Sudan urşunda köp gan dökülýär. 1889-njy ýylda Efiopiýanyň imperatory Menelik sudanlylaryň peýdasyny gözleýän ylalaşyga gol çekmäge mejbur bolýar.

1889-njy ýylyň awgustynda bolsa Beýik Britaniýa – Müsür birleşen goşunlary Sudan mahdylarynyň goşunynyň üstünden ýeňiş gazanýar we Sudanyň esasy bölegini basyp almagy başarýar.

### Beýik döwletleriň Demirgazyk Afrikadaky syýasaty

1881-nji ýylda Tunisde Fransiýanyň agalygy ornaşdyrylýar we muňa çenli ol Alžiri hem eýeläpdi. Alžirde XIX asyryň

ahyrynda 300 müňden artyk fransuz ýaşaýardy. Hasyldar ýerler fransuzlaryň elindedi.

Alžirde kolonial zulma garşy göreş başlanýar. 1912-nji ýylda „Ýaş Alžir“ partiýasy düzülýär. Bu partiýa sud işlerinde alžirliler üçin „ýerli kodeks“ atly kemsidiji tertibi ýatyrmak, salgyt tölemekde alžirliler we ýewropalylary deňleşdirmek, halk magaryfyny giňeltmek, saýlanýan wezipelerde araplar üçin orunlary köpeltmek ýaly talaplary goýýar.

Ýewropa döwletleriniň koloniýa paýlaşygynda Fransiýa Marokko hem eýe bolýar. Italiýa Fransiýanyň Marokko görä hukuklaryny ykrar edýär. Şonuň hasabyna Italiýa Liwiýa daylly hukuga eýe bolýar. Fransiýa Marokko garşy uruş başlamak üçin bahana gözleýärdi. 1907-nji ýylda Marokko şäherinde fransuz lukmany öldürilýär. Şu bahanada Fransiýa haýal etmän uruş hereketlerini başlap goýberýär. Gysga wagtyň içinde Fransiýa Marokkonyň ähli esasy şäherlerini basyp alýar. Marokkonyň käbir çäkleri bolsa Ispaniýa berilýär. Liwiýa uzak wagt Osmanly döwletiniň koloniýasy bolýar. 1911-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Italiýa Liwiýa basybalyjylykly urşy başlaýar. Osmanly döwleti anyk bir jogap çäresini görüp bilmeýär. Netijede, 1912-nji ýylda Liwiýa Italiýanyň koloniýasyna öwrülýär.

***Ansorlar*** (arapça – kömekçiler, ýoldaşlar) – Muhammet (s.a.w.) sahabalarynyň bir gatlagynyň ady. (Olar 622-nji ýylda Mekkeden Medinä göçüp baran musulman emigrantlara we Rasulullaha kömek beren hem-de Yslam dinini kabul eden Medinäniň aws we hazraj taýpalarynyň agzalary bolupdyrlar.)

***Mahdy*** (arapça – Alla tarapyndan dogry ýola eltýän) – Yslamda ahyrzaman bolanda gelip, ýerde adalat ornaşdyrýar, diýip ynanylýan pygamber.

1. Demirgazyk Afrikada arap döwletleri nädip Osmanly döwletiniň koloniýasyna öwrülendigini ýada salyň.
2. Demirgazyk Afrikada haýsy beýik döwletleriň bähbitleri çaknyşypdyr?
3. Müsür halkynyň milli azatlyk göreşi barada nämeleri bildiňiz?
4. Mahdylar gozgalaňy barada aýdyp beriň.

1. Ahmet Orabibeýiň işini düşündiriň.
2. Sudan – Efiopiýa arasyndaky agzalalyk nämelerden ybaratdy?
3. Fransiýanyň Alžirdäki we Marokkodaky syýasatyny bir-birine deňeşdiriň.

## 34- §. Tropik* we Günorta Afrika ýurtlary

**Tropik we günorta Afrika barada**

XIX asyryň ahyrky çärýeginde Afrikada kolonial basybalyşlar ýene-de güýçlenýär. Günortadaky gazylyp alynýan baýlyklara baý ýerlerde almaz we altyn känleriniň tapylmagy ýewropalylaryň „akyp gelmegini“ ýene-de çaltlandyrýar. Günorta Afrikany koloniýa etmekde Beýik Britaniýa esasy rol oýnaýar. Köp geçmän, bu ýere Germaniýa hem girip gelip başlaýar. Mozambik we Angola ýaly ýerleri birleşdirmegi portugallar öz planlaryna girizýärler. Esasy koloniýa ojaklaryndan biri – Burlar Respublikasy (Transwaal we Oranj garaşsyz respublikalary) bolup alýar. 70-nji ýyllardan başlap, Beýik Britaniýa öz koloniýalaryny birleşdirip, federasiýa düzmäge çalyşýar.

**Günbatar we Gündogar Afrika üçin göreş**

Günbatar Sudan, Senegal we Nil derýasynyň basseýni XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Fransiýanyň, Gollandiýanyň we Beýik Britaniýanyň arasynda bäsdeşlik meýdanyna öwrülýär.

1892-nji ýylda Fransiýa Günbatar Sudany basyp alýar. Günbatar sudanlylaryň azatlyk göreşinde Samori Ture ady aýdyň yz galdyrýar. Ol görnükli leşgerbaşy we syýasatçydy.

Fransuzlar diňe 1898-nji ýylda ony boýun egdirmegi başarýarlar. Ýesir alnan Samori Gabona sürgün edilýär we şol ýerde aradan çykýar. Köp geçmän Çad kölüniň töweregi boýun egdirilýär we Gwineýa alagynyň boýlary hem Fransiýa bakna edilýär. Oňa Fransiýa Gwineýasy diýip at berilýär.

Beýik Britaniýadan we Fransiýadan soň Belgiýa hem Afrika ýerleri üçin göreşe goşulýar. Kongo basseýnindäki ýerler Belgiýanyň koloniýasy diýlip yglan edilýär.

Köp geçmän ýewropalylar Gündogar Afrika hem girip gelip başlaýarlar. Nil derýasynyň başlanýan basseýnlerini ylmy öwrenmek bahanasy bilen ýewropalylar Buganda ýurduny açyş edýärler. Ol Beýik Britaniýa tarapyndan düzülen Uganda protektoratynyň düzümine girizilýär.

---

* Tropik Afrika diýende Merkezi Afrika düşünilýär.




**XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Afrika döwletleri**

(Karta kiçeldilen surat halatynda berlen.)

Zanzibar arap soltanlygy hem gul söwdasyna garşy göreş bahanasy bilen nemesler, fransuzlar we iňlisler tarapyndan bölüp alynýar. XIX asyryň ahyrynda Beýik Britaniýa Bunoro döwletini basyp alýar.

XX asyryň başlarynda Günbatar Afrikanyň Gambiýa, Sýerra-Leone, Altyn Kenar, Nigeriýa, Senegal, Fransiýa Gwineýasy, Fil Süňki Kenary, Dagomeýa – Fransiýanyň; Togo, Kamerun – Germaniýanyň; Gwineýanyň bir bölegi bolsa Portugaliýanyň koloniýasydy. Ýewropa kolonizatorlary dürli dolandyryş ulgamlaryny girizýärler. Hususanda, Beýik Britaniýa ýerli dolandyryş ulgamlaryny saklap, olary öz bähbitlerine boýun egdirýär.

Günbatar Afrikada koloniýalar üçin göreşde Gollandiýa, Belgiýa, Portugaliýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Fransiýa we ahyrynda ABŞ bähbitleri çaknyşýar. Belgiýanyň koroly Kongony ylmy öwrenmek assosiasiýasyny düzüp, onuň saýasynda ussatlyk bilen iş alyp barýar. Bara-bara ol Belgiýanyň koloniýasyna öwrülýär. Kongonyň bir bölegi Fransiýa, ýene bir bölegi bolsa Portugaliýa ýetýär.

### Günorta Afrika

Günorta Afrikada dünýäniň iň iri almaz känleri bardy. Ökde iňlis syýasatçysy Sesil Rods „De Rods“ kompaniýasyny düzüp, almaz känlerini öz eline alýar.

Köp geçmän Transwaal altyn we mis känleri açylýar. Sesil bu känleri hem eýeleýär. Onuň başlangyjy bilen „Britaniýa–Günorta Afrika ýeňillikli kompaniýasy“ düzülýär. Kompaniýa „Keýptaundan Kaire çenli Beýik Britaniýanyň koloniýasy bolmaly“, diýen manyda basybalyjylykly hereketlerine rugsat alýar. Tiz arada, Demirgazyk Rodeziýada iňlis protektoraty ornaşdyrylýar. Beýik Britaniýa burlara garşy täze urşa taýýarlanýar. 1899-njy ýylda iňlis–bur urşy başlanýar. 1902-nji ýylda Bur Respublikalary (Transwaal we Oranj) Britaniýanyň emläkleriniň düzümine goşup alynýar.

1910-njy ýylda Beýik Britaniýanyň kolonial çäkleri bolan Transwaal, Oranj, Natal, Kapni „Günorta Afrika Soýuzy“ ady astynda birleşdirilýär.

### Madagaskaryň eýelenmegi

Hindi okeanyň günbatarynda, Afrikanyň günorta-gündogar kenarynyň golaýynda ýerleşýän bu ada beýik döwletleriň kolonial syýasatynda aýratyn orun tutýar.

1883-nji ýylda Fransiýa Madagaskara uruş yglan edýär we bu uruş taraplar üçin deň bolmadyk ylalaşyk bilen tamamlanýar. Fransiýa

Madagaskaryň üstünden protektorat ornaşdyrýar we onuň daşary syýasatyna gözegçilik edýän bolýar. 1896-njy ýylda bolsa Fransiýa Madagaskary öz koloniýasy diýip yglan edýär.

**Zuluslar**

Beýik Britaniýa zuluslary boýun egdirmek üçin rehimsiz uruş alyp barýar. Zuluslaryň hökümdary Ketçwaýo 1879-njy ýylda üç çaknyşmanyň dowamynda iňlisleriň 20 müň adamlyk goşunyny derbi-dagyn edýär. Ýöne ahyrky netijede Beýik Britaniýa toplaryň kömeginde üstün çykýar we Zululend ýerlerini eýeläp, ony ownuk häkimliklere bölüp taşlaýar. Zululend häkimliklerini özara uruşdyryp, öz peýdasyna çemeleşmek iňlis hökümdarlaryna mahsus aýratynlyga öwrülýär.

**Somali we Efiopiýa**

Efiopiýa we Somali 1869-njy ýylda Sues kanalynyň açylmagy sebäpli aýratyn söwda-ykdysady we harby-strategik ähmiýete eýe bolýar. Bu ýagdaý kolonizatorlary biparh galdyrmaýar.

Mundan sähel öňräk, 1867-nji ýylda iňlisler Efiopiýa garşy uruş edip, patyşa („negus“ diýlipdir) Feodor II-niň birleşdiriji syýasatyna putur ýetirýär. Dürli dinleriň arasynda dawa sebäpli Feodor II-ä garşy bolan ruhanylardan peýdalanyp, iňlisler hebeş goşunlaryny çym-pytrak edýärler. Feodor II özüni özi öldürýär.

Häkimiýet başyna iňlisparaz güýçler oturdylýar. Ýöne iňlisler Efiopiýa halkynyň berk garşylygyna duçar bolup, ýurtdan çykyp gitmäge mejbur bolupdyrlar. 1889–1913-nji ýyllarda Gyzyl deňziň boýy we Somali ýarymadasy Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, Italiýanyň arasynda paýlanýar.

Efiopiýada Italiýa öz kolonial planlaryny amala aşyrmaga çalyşýar. Ýöne muňa ýetip bilmeýär. Efiopiýa öz garaşsyzlygyny saklap galýar.

**Gerero we namalar**

Günorta Afrikanyň demirgazyk-günbatar bölegi Germaniýa tarapyndan basyp alnyp başlanýar. Ýerli gottentot we gerero taýpalary rezerwasiýalara kowulýar. Galanlary nemes kolonizatorlaryna gul bolup galýar. Gerero taýpalary azatlyk üçin Samuil Megereronyň baştutanlygynda basybalyjylara garşy gozgalaňa başlaýarlar. Ýöne bu deň bolmadyk göreşde gozgalaňçylar derbi-dagyn edilýär. Gererolardan diri galanlary ýurduň demirgazygyna gaçyp, jan saklamaga mejbur bolýar.



**Hendrik Witbaý**

Nama taýpalary hem gozgalaň turuzýarlar. Namalaryň gozgalaňyna Hendrik Witbaý baştutanlyk edýär. Witbaý nama taýpalaryny birleşdirmegi başarýar.

Ýöne ol 1905-nji ýyldaky söweşde heläk bolýar. Onuň ölüminden soň hem namalar göreşi ýene iki ýyl dowam etdirýärler. Ýöne döwrebap nemes tehnikasynyň üstünligi öz güýjüni görkezýär. Nemes basybalyjylary namalardan 140 müň adamy gyryp taşlaýarlar. Germaniýa garşy Gündogar Afrikanyň günortasynda we merkezinde (Tanganika) başlanan gozgalaň iki ýyldan artyk dowam edýär. Nemes goşunlary 120 müň afrikalyny gyryp taşlap, gozgalaňy basyp ýatyrýarlar. Bu çäkde näçe asyrlardan bär ýaşap gelen uly-uly taýpalar bütinleý ýok bolup gidýär.

1. Günorta Afrika näme üçin beýik döwletler bähbitleriniň çaknyşmagyna sebäp bolupdyr?
2. Günbatar Afrikada haýsy beýik döwletleriň bähbitleri çaknyşypdyr?
3. Gündogar Afrika haýsy beýik döwletleriň arasynda paýlanyp alnypdyr?
4. Beýik Britaniýa bilen Bur Respublikalarynyň arasyndaky uruş nähili netije bilen tamamlanypdyr? Aýdyp beriň.
5. Gerero we namalar kimlerdi?

1. Tropik we Günorta Afrikanyň haýsy döwletlerinde nähili gymmatbaha metallaryň bardygyny anyklaň we karta bellik ediň.
2. Hendrik Witbaýyň ogly tarapyndan ýazylan goşgyny ýat tutuň.

Çapyksuwar! Hany, atlangyn derhal,
Hemmä ýetjek ýarag, ok-däriňi al.
Asla iki etmäň serdaryň sözün,
Gije ýol geçiň-de, daňdan ot açyň.
Gaflatda galdyryň duşmany her gez,
Ýöne yza çekilmegi oýlamaň hergiz.
Dünýäde bolmadyk, asla bolmazam,
Ýeňiş tagamyndan süýjüräk tagam.

*Hendrik Witbaýyň ogly*

VII BAP

# 1914 – 1918-NJI ÝYLLARDAKY BIRINJI JAHAN URŞY

## 35- §. Birinji jahan urşunyň başlanyşy we gidişi

### Urşuň başlanyşy

Birinji jahan urşunyň baş sebäbi iki harby-syýasy toparyň arasynda bölünen dünýäni gaýtadan bölüp almak üçin başlanan göreşdi. Dünýäniň öňdebaryjy döwletleri öz ýowuz maksatlary ugrunda ruhy peslige düşüp, baýlyk artdyrmak üçin millionlarça adamlary gurban etmäge bil bagladylar. 1914-nji ýylyň 28-nji iýulynda serbiýaly milletçi G. Prinsip tarapyndan Saraýewo şäherinde Awstro-Wengriýa tagty mirasdüşeri Frans Ferdinand öldürilýär.

Awstro-Wengriýanyň hökümeti Serbiýa örän dil ýetirýän talaplar goýlan ultimatum goýberýär. Serbiýanyň hökümeti ultimatumyň diňe ýekeje talabyna, ýagny kast etme boýunça geçirilen derňew işlerini Awstro-Wengriýanyň döwlet hukuk edaralarynyň alyp gitmegine razylyk bermändir. Bu bolsa Awstro-Wengriýanyň 28-nji iýulda Serbiýa uruş yglan etmegine bahana bolýar. Serbiýanyň soýuzdaşy Russiýa muňa jogap edip bölekleýin harby mobilizasiýa yglan edýär.

Mundan Germaniýanyň hökümdar toparlary 1-nji awgustda Russiýa, 3-nji awgustda bolsa onuň soýuzdaşy Fransiýa uruş yglan etmek üçin bahana hökmünde peýdalanýar. Şol bir wagtda, Germaniýa Belgiýanyň bitaraplyk derejesini bozup, bu döwlete hüjüm edýär. Belgiýanyň bitaraplygy baradaky halkara resminama bir wagtlar Prussiýa hem gol çekipdi. Ýöne Germaniýanyň hökümeti bu resminamany bihaýalyk bilen „bir parça kagyz“ diýip atlandyrýar. Germaniýanyň Belgiýa hüjümine jogap edip Beýik Britaniýa Belgiýany goramak bahanasy bilen 4-nji awgust güni Germaniýa uruş yglan edýär. Şeýdip, Birinji jahan urşy başlanyp gidýär. Ýaponiýa Germaniýadan Hytaýdaky koloniýa çäklerini Ýaponiýa bermek talaby bilen çykýar. Otrisatel jogaby alansoň, 23-nji awgustda Ýaponiýa Germaniýa garşy uruş yglan edýär. Germaniýa Osmanly türkler imperiýasyny, soňluk bilen Bolgariýany öz tarapynda durup uruşda gatnaşmaga razy edýär. Tiz arada Kawkazaňyrsynda, Siriýada we Palestinada, Balkan ýarymadasynda, şonuň ýaly-da, Germaniýanyň Afrikadaky koloniýalarynda täze frontlar emele gelýär.

### Ýyldyrym çaltlygynda ýeňiş gazanmagyň puja çykmagy

Germaniýanyň goşun generaly fon Şliffen ýyldyrym çaltlygynda ýeňiş gazanmagyň planyny düzüpdi. Plana görä, Germaniýanyň goşuny bitarap Belgiýanyň çägi arkaly Fransiýa hüjüm etmegi, Germaniýa – Fransiýa araçäginde toplanan Fransuz armiýasyny gurşap alyp, ony güýze çenli çym-pytrak etmegi we şu arkaly Fransiýany boýun egdirmelidi. Soňra, gysga wagtyň içinde Russiýany hem çym-pytrak etmek öz öňünde tutulýardy.

3-nji awgustda gazap bilen hüjüme geçen German goşuny ýakyn bir aýyň içinde Parižе ýakynlaşýar. Fransiýanyň boýun egjekdigi gutulgysyzdy. Hatda, hökümet wagtlaýyn bolsa-da, Parižden çykyp gitmäge mejbur bolýar.

Ýöne Şliffeniň plany amala aşman galýar. Muňa Fransiýanyň hökümetiniň haýyşyna görä, 17-nji awgust güni Russiýanyň Germaniýa we Awstro-Wengriýa garşy başlan hüjümi sebäp bolýar.

Günbatar frontda Germaniýanyň harby güýjüniň mälim derejede güýçsüzlenmegi Fransiýany saklap galýar. Diňe bir saklap galman, eýsem bu ýagdaý Fransiýa güýç toplap garşy hüjüme geçmäge mümkinçilik döredýär. Germaniýa rus goşunyny Gündogar Prussiýadan gysyp çykarsa-da, rus goşuny Awstro-Wengriýa garşy hüjümini dowam etdirýär.

Marna derýasynyň boýunda Fransiýanyň we Beýik Britaniýanyň birleşen goşuny 1914-nji ýylyň sentýabrynda Germaniýanyň goşunyna garşy hüjüme geçýär. Marna söweşinde iki tarapdan 2 mln.-a ýakyn söweşiji gatnaşýar. Bu söweşde Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň goşunynyň şowuna düşýär.

Agyr ýagdaýa düşüp galan nemes serkerdeligi 9-njy sentýabrda bütin Günbatar front boýunça çekinmäge mejbur bolýar.

Marna söweşinde gazanylan ýeňiş sebäpli, Germaniýanyň ýyldyrym çaltlygynda ýeňiş gazanmak plany berbat bolýar.

### Osmanly döwletiniň urşa girmegi

Osmanly döwletiniň hökümdar toparlarynyň aglabasy Germaniýa tarapynda durup urşa gatnaşmagy maksada laýyk diýip hasaplardy. Çünki, olaryň pikiriçe, Osmanly döwletiniň özi basyp almagy niýetlenen ýerleri ýa Russiýa, ýa-da Beýik Britaniýa gol astyndady.

Ynha şu basybalyjylykly niýetini amala aşyrmak ilinji Osmanly döwletini 1914-nji ýylyň 2-nji awgustynda gizlin şertde Germaniýa bilen soýuz şertnamasy gol çekmäge getirýär.

Germaniýa Osmanly döwletine uly mukdarda karz teklip edýär. Osmanly döwletinden şu karzy alan badyna urşa girmäge wada berýär. Germanparaz, harby ministr we baş serkerdebaşy Anwar patyşa Osmanly döwletiniň flotuna nemes admiraly Suşanyň komandirliginde Gara deňze çykmaga we Russiýanyň çäklerini oka tutmaga buýruk berýär.

2-nji noýabr güni Russiýa Osmanly döwletiniň hüjümine jogap edip oňa uruş yglan edýär. Uruş hereketleri Kawkaz frontuny emele getirýär. 5–6-njy noýabr günleri Beýik Britaniýa we Fransiýa hem Osmanly döwletine uruş yglan edýärler.

Antantanyň harby deňiz güýçleri Osmanly döwletine garşy Dardanell bogazynda harby operasiýalary başlap goýberýär. Germaniýa mümkin bolan ähli mümkinçiliklerden peýdalanyp, Türkiýä kömek berýär.

Netijede, Beýik Britaniýa harby deňiz flotuna uly ýitgi ýetirilýär.

**„Beýik yza çekilme“**

Gündogar front 1915-nji ýylda esasy uruş hereketleriniň meýdanyna öwrülýär. Germaniýa we Awstro-Wengriýa öz ýaragly güýçleriniň ýarysyna golaýyny Russiýa taşlamagy karar edýär. Soýuzdaşlaryň goşunlary 1915-nji ýylyň baharynda hüjüm hereketlerini Galisiýadan (Günbatar Ukraina) başlaýarlar. Netijede, baharda we tomusda rus goşuny goranma söweşlerini alyp barmaga mejbur bolýar we misli görülmedik derejede ýitgi çekýär. 850 müň soldat we ofiser heläk bolýar. 900 müňüsi bolsa ýesir düşýär. Ýöne günbatarda iňlis – fransuz goşunlary aýgytly herekete başlamaýar.

Rus goşuny berk garşylyk görkezse-de, güýçler deň bolmadyk söweşler netijesinde Polşany, Baltikboýy, Günbatar Belarus we Günbatar Ukrainanyň bir bölegini taşlap çykmaga mejbur bolýar. Bu yza çekilme Birinji jahan urşunyň taryhyna „Beýik yza çekilme“ ady bilen girdi.

**Günbatar frontdaky ýagdaý**

Gündogar frontdaky ilkinji üstünliklerden ruhlanan Germaniýa Günbatar frontdaky ýagdaýyny hem üýtgetmekçi bolýar. Bu ýerde ol umuman täze ýarag – suwasty gämilerine uly umyt baglaýar. Şonuň ýaly-da, Germaniýa harby hereket çäklerindäki islendik suwüsti gämilerini hem gark edip goýbermek niýetindedi. Şeýle hem edýär. Germaniýanyň suwasty gämileri Beýik Britaniýanyň „Luzitaniýa“

diýlip atlandyrylýan uly ýolagçylary daşaýan gämisini gark edip goýberýär. Onuň bortunda jemi 2000-e ýakyn ýolagçy (şol sanda, 126 ABŞ-nyň raýaty) bardy.

Ýolagçylaryň ýarysyndan köpi heläk bolýar. Mundan daşary, Germaniýanyň floty tarapyndan ýüzlerçe ýük gämileri ýok edilýär.

Germaniýa diňe suwasty gämilerinden peýdalanmak bilen çäklenmedi. Ol 1915-nji ýylyň aprelinde Ipr söweşinde uruşlaryň taryhynda birinji gezek himiki ýarag – zäherli gaz (hlor) ulanýar. Şonuň netijesinde 15000 adam zäherlenýär. Olardan 5 müňi ölýär. Ýöne bu ýarag hem Germaniýa garaşan netijäni bermedi. Antanta goşuny tiz arada gaza garşy gorag serişdesi (protiwogaz) bilen üpjün edilýär.

### Italiýanyň urşa girmegi

Italiýa resmi taýdan „Üçler soýuzy“nyň agzasy bolsa-da, onuň maksady uruşda kimiň eli belent gejekdigine amalda göz ýetirmek hem-de haýsy tarap Italiýa uruşdan soň köp olja wada etjegine garaşýardy.

Antanta Italiýa ol soran çäkleriň ählisini bermäge razy bolýar. 1915-nji ýylyň aprelinde Antanta bilen Italiýanyň arasynda Londonda şertnama gol çekilýär. Şertnama görä, Italiýa bir aý geçensoň özüniň öňki soýuzdaşlaryna garşy urşa girmelidi. Bu borçnama Beýik Britaniýanyň Italiýa 50 mln. funt sterling möçberinde karz bermegi bilen berkidilýär. Köp geçmän Italiýanyň hökümeti „Üçler soýuzy“ baradaky şertnamadan çykandygyny bildirýär. 23-nji maý güni bolsa Awstro-Wengriýa garşy uruş yglan edýär. Italiýanyň Antanta tarapyna agdyrylmagy German diplomatiýasynyň uly şowsuzlygydy.

### Ýaponiýanyň Uzak Gündogar we Ýuwaş okeandaky hereketleri

Ýewropada gidýän uruş hereketleri Uzak Gündogarda we Ýuwaş okeanda Ýaponiýanyň harby hereketleri üçin amatly şert döredýär. Ol 1915-nji ýylyň ýanwarynda Hytaý hökümetiniň öňüne Şandun welaýatyny Germaniýanyň täsir sferasyndan Ýaponiýanyň täsir sferasyna geçirmek; Gündogar Içki Mongoliýada we Günorta Manjuriýada Ýaponiýanyň ýagdaýyny ýene-de berkitmäge mümkinçilik bermek; Port-Artur, Günorta Manjuriýa we Andun-Mukden demir ýollarynyň kärende möhletini ýene 99 ýyla uzaltmak; Ýapon raýatlarynyň Günorta Manjuriýa we Gündogar Içki Mongoliýada ýer meýdanlaryna eýe bolmak ýaly talaplary goýýar.

Şol bir wagtda, Ýaponiýa waka ABŞ-nyň gatyşmagy mümkinliginden aladalanýar. Şu sebäpli, Hytaý öňünde goýan ençeme talaplaryndan geçýär.

8-nji maý güni Hytaý Ýaponiýanyň birneme ýumşadylan talaplaryny kabul edýär.

Rus goşunynyň beýik yza çekilmesi Bolgariýany kimiň tarapynda urşa girmek meselesini çözýär. 1915-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda Bolgariýa Germaniýa, Awstro-Wengriýa we Osmanly döwleti soýuzyna goşulyşmagy netijesinde „Dörtler soýuzy“ emele gelýär.

14-nji oktýabr güni Bolgariýanyň, Germaniýanyň, Awstro-Wengriýanyň goşunlary Serbiýa hüjüm edip, ony basyp alýar.

***Beýik yza çekilme*** – rus armiýasynyň 1915-nji ýylyň baharynda we tomsunda agyr ýitgiler bilen yza çekilmegi.
***„Hlor“ (zäherli gaz)*** – 1915-nji ýylyň aprelinde birinji gezek uruşlaryň taryhynda ulanylan köpçülikleýin gyryjy (himiki) ýarag.

1. Birinji jahan urşunyň gelip çykyş sebäpleri barada nämeleri bildiňiz?
2. Uruş nädip başlanypdyr?
3. Germaniýanyň ýyldyrym çaltlygynda ýeňiş gazanmak plany nädip puja çykýar?
4. Näme üçin Italiýa „Üçler Soýuzy“ şertnamasyndan çykyp gidýär?
5. Ýewropadaky uruş hereketlerinden Ýaponiýa nädip peýdalandy?

1. Frans Ferdinand barada maglumat toplaň.
2. „Ýyldyrym çaltlygyndaky ýeňiş“ jümlesine üns beriň. Ol ýene nirelerde ulanylan?
3. „Luzitaniýa“ gämisiniň gark edilişini düşündirip beriň.
4. Beýik Britaniýanyň döwlet işgäri Lloýd Jorjyň aşakdaky sözlerine düşündiriş beriň:
   „Taryh özüniň egoistlerçe kesirligi bilen ýaragdaş rus ýoldaşlaryny heläkçilige duçar eden Fransiýanyň we Beýik Britaniýanyň harby serkerdeliginden jogap talap edýär. Hakykatdan-da, olar ruslary aňsatja halas etmegi mümkindi“.

## 36-§. 1916–1917-nji ýyllardaky uruş hereketleri

**Werden söweşi**

Germaniýanyň hökümdar toparlary Russiýany derbi-dagyn edip bilmänsoň, ýene esasy ünsi Günbatar fronta gönükdirýär. Mundan gözlenýän maksat – Fransiýanyň tagdyryny üzül-kesil çözmekdi. Şonuň üçin Germaniýa Fransiýanyň Werden galasyna hüjüm guraýar. Çünki bu gala Parižiň ýoluny bekläp durýardy. Germaniýa goşunynyň hüjümi 1916-njy ýylyň 21-nji fewralynda başlanýar we 21-nji marta çenli dowam edýär. Nemes pyýada esgerleri hüjüme başlanda fransuzlar garaşylmadyk ýagdaýda olary toplardan berk oka tutýarlar.

Nemes goşuny bary-ýogy 7 km öňe süýşüp bilýär. Germaniýanyň goşunynyň Werden ýönelişindäki harby hereketleriniň güýjüni ýenede kemeltmek maksadyda Fransiýanyň baş komandowaniýesi nemesleriň Somma derýasy boýunça geçýän goranma çyzygyny ýaryp geçmegi karar edýär. Fransuz we iňlis goşuny Somma derýasynyň boýunda hüjüme geçýärler. Bu ganly söweş noýabra çenli dowam edýär.

Bu söweşde iňlisler uruşlaryň taryhynda birinji gezek ýene bir täze ýarag – tanky işe salýarlar. Polatdan ýasalan bu äpet ýarag duşmanyň goşunyny birbada gaty aljyradýar. 1916-njy ýylyň dekabryndan başlap nemes goşuny goranyşa geçmäge mejbur bolýar. 21-nji dekabrda Werden söweşi tamamlanýar.

Werden we Somma söweşleri misli görülmedik derejede gyrgynçylykly söweşler bolýar. Olarda iki tarapdan 2 milliondan artyk söweşiji heläk bolupdyr. Werden söweşiniň taryha „Werden gyrgyny“ ady bilen girendigi ýöne ýerden däl.

**Gündogar frontdaky ýagdaý**

Germaniýanyň goşuny 1916-njy ýylyň fewral aýynda Günbatar frontda hüjüme geçensoň, Fransiýa kömek sorap ýene Russiýa ýüzlenmäge mejbur bolýar. Muňa jogap edip general A.A. Brusilowyň serkerdeligindäki rus goşuny maý aýynda hüjüme geçýär. Awstro-Wengriýanyň goşunynyň Galisiýadaky fronty ýaryp geçilýär we Awstro-Wengriýanyň goşunyna berk zarba berilýär. Rus goşunynyň hüjümi netijesinde Awstro-Wengriýanyň goşunynyň 1 milliondan artyk söweşijisi heläk bolýar. 400 müňden gowragy bolsa ýesir düşýär. Rus goşuny öňe süýmegi başarýar.

**Rumyniýanyň urşa girmegi**

1914-nji ýylyň oktýabrynda Russiýa–Rumyniýa şertnamasyna gol çekilipdi. Şertnama görä, Russiýa Rumyniýanyň çäk taýdan bitewiligini kepillendirýän bolýar. Şonuň ýaly-da, Rumyniýanyň Awstro-Wengriýa imperiýasyndaky rumynlar ýaşaýan çäklere bolan hukugyny ykrar edýär.

1916-njy ýylyň awgustynda Rumyniýa bilen Antanta döwletleriniň arasynda şertnama gol çekilýär we Rumyniýa Awstro-Wengriýa garşy urşa girmek borçnamasyny alýar. Şonuň hasabyna oňa Transilwaniýa, Bukowina we Banatyň uly bölegi wada edilýär. 28-nji awgust güni Rumyniýa Awstro-Wengriýa garşy uruş yglan edýär.

Ýöne harby taýdan pugta taýýarlanmadyk Rumyn armiýasy tiz çym-pytrak edilýär.

1917-nji ýylda Antantanyň ýaragly güýçleriniň santaýdan agdyklygy 40%-i düzýärdi. Hatda, harby-ykdysady taýdan yzagalak Russiýa hem

**Taraplaryň planlary**

1917-nji ýylyň başlarynda aýlyk ok-däri we harby tehnika öndürmek boýunça iň ýokary görkezijini gazanýar. Antanta ýylyň başlaryndan başlap hüjüme geçmegi planlaşdyrýar. Aýgytlaýjy zarbany bolsa tomusda bermegi karar edýär.

Şol bir wagtda, „Dörtler soýuzy“ hem elini gowşuryp oturanokdy. 1916-njy ýylyň awgustynda general-feldmarşal fon Gindenburg Germaniýanyň goşunynyň komandiri edip bellenýär we köp geçmän Germaniýanyň goşunynyň 1917-nji ýyldaky hereket planyny düzýär. Plan front çyzygynyň göwrümini kemeltmek maksadynda armiýany öň ünden pugta derejede taýýarlap goýlan sepgitlere gaýtarmagy nazarda tutýardy.

**ABŞ-nyň urşa girmegi**

Uruş başlanan wagtda ABŞ bitaraplyk yglan edipdi. Ýöne ABŞ birinji jahan urşunyň gidişini üns bilen synlaýar. Şol bir wagtda, urşujy toparlaryň hiç biriniň doly ýeňiş gazanmagyny islemeýär. Ol Ýewropanyň bir-birine duşman bolan döwletler toparyna bölünip gitmegini halaýardy.

Urşuň misli görülmedik derejede uly harby harajatlary talap etmegi we uzaga çekmegi şertinde ABŞ örän uly maliýe taýdan peýda gazanjagy anykdy. Bu mümkinçiligi elden çykarmagy islemedik ABŞ Antanta kömek edip başlaýar.

Hususan-da, ýekeje 1915-nji ýylda ABŞ Beýik Britaniýa we Fransiýa bilen 500 mln. dollar mukdarynda karz bermek baradaky şertnama gol çekýär. Ýuwaş-ýuwaşdan Ýewropadaky 20 döwletiň ABŞ-na bergisi 10 mlrd. dollary düzýär.

1917-nji ýylyň fewralyndan başlap Germaniýa Beýik Britaniýa garşy çäklendirilmedik suwasty urşy yglan edenligi we bu urşuň, şol bir wagtda, ABŞ-nyň bähbitlerine-de uly zyýan ýetirenligi ABŞ hökümdar toparlaryny biparh galdyrmaýar.

Amatly pursatdan peýdalanan ABŞ hökümeti 6-njy aprel güni Germaniýa uruş yglan edýär. ABŞ harby güýçleriniň ilkinji bölümleri iýunda Fransiýanyň çägine taşlanýar. Bir ýyldan soň Günbatar frontda söweş edýän ABŞ goşunlarynyň sany 2 mln. adama ýetýär. ABŞ-nyň urşa girmegi urşuň tagdyryny Antantanyň peýdasyna çözmek ugrunda uly faktor bolýar.

1. Germaniýa Werden söweşinden nähili maksady gözläpdi?
2. A. A. Brusilowyň Galisiýa frontunyň çyzygyny ýaryp geçmegi nähili ähmiýete eýe bolýar?
3. Somma derýasynyň boýundaky söweşiň ähmiýeti barada nämeleri bildiňiz?
4. Rumyniýa näme üçin Antantanyň tarapynda urşa girdi?
5. Näme üçin ABŞ diňe 1917-nji ýyla gelip urşa girdi? ABŞ-nyň urşa girmegi I jahan urşunda nähili rol oýnady?

1. Uruşlarda tankyň roly barada referat taýýarlaň. Olar häzir nähili ähmiýete eýe?
2. Uruşda ABŞ ulanan mekirlik syýasatynyň mazmunyny açyp beriň.

## 37-§. Birinji jahan urşunyň jemleri we netijeleri

**Uruşýan döwletleriň ýagdaýy**

Uruş onuň gatnaşyjylary bolan döwletleriň içki durmuşyna örän uly erbet täsir edýär. Ykdysadyýet harby maksatlara boýun egdirilýär. Agyr we ýeňil senagatyň esasy bölegi uruş zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin işleýär. Uruş, şol bir wagtda, oba hojalygyny hem agyr ýagdaýa salýar. Oba hojalyk önümlerini öndürmek ýiti kemelýär.

Ähli diýen ýaly döwletlerde azyk ýetmezçiligi emele gelýär. Netijede, hökümetler azyk önümlerine kartoçka tertibini (berk bellenen norma) girizýärler.

Ilatyň arasynda şowinizm zor berip wagyz edilip başlanýar. Şeýlelikde, uruş parlament demokratiýasyna berk zarba urýar.

Bütin uruş dowamynda ýekeje-de parlament ganly gyrgynçylyga garşy närazylyk bildirmedi.

Indi döwlet önümçiligi tertibe salyp başlaýar. Banklar, çig mal paýlanyşy we harby buýurmalaryň üstünden döwlet häkimiýetiniň gözegçiligi güýçlenýär.

Uruşdan ýadan ilat urşuň tizräk gutarmagyny talap edip hökümete garşy baş göterip başlaýar. Şeýlelikde, urşuň ilkinji ýyllarynda jemgyýetde emele getirilen raýatlyk birligi bozulýar. Käbir frontlarda esgerleriň ýakynlaşmagy, duşman taraplaryň bir-birine ok atmazlygy bolup geçýär. Çünki goşun hem uruşdan ýadapdy.

**Russiýanyň ýagdaýy**

Uruş Russiýanyň ykdysady we syýasy ýagdaýyny çenden daşary ýitileşdirip goýberýär. Şonuň netijesinde, 1917-nji ýylyň fewral aýynda Russiýada ynkylap bolup geçýär. Rus imperatory tagtdan el çekmäge mejbur bolýar. Häkimiýet buržuaziýanyň eline geçýär. Ol Wagtlaýyn hökümet düzýär.

Wagtlaýyn hökümet urşy dowam etdirmegi karar edýär we hatda şol ýylyň tomsunda ol rus goşunynyň hüjümini hem guraýar. Ýöne bu hüjüm şowsuzlyga duçar bolýar.

Bu şowsuzlyk Russiýadaky onsuz hem gaty çylşyrymly bolan syýasy ýagdaýy ýene-de çylşyrymlylaşdyryp goýberýär. Netijede, 1917-nji ýylyň 7-nji noýabrynda döwlet agdarylyşygy bolup geçýär. Wagtlaýyn hökümet agdarylýar. Häkimiýeti W.I.Leniniň baştutanlygyndaky bolşewikler (kommunistler) partiýasy basyp alýar we ol Sowet hökümeti diýlip atlandyrylan hökümet düzýär.

1917-nji ýylyň 8-nji noýabr güni Sowet döwleti „Ýaraşyk barada“ky dekreti kabul edýär.

Ýaraşyk baradaky dekretde basybalyjylykly urşy ýiti garalanýan we ol adamzada garşy iň agyr jenaýat diýip yglan edilipdi.

Sowet hökümeti islendik şertde-de separat ýaraşyk düzmäge ymtylýar. Çünki goşun söweşiji ruhuny doly ýitiren we Gündogar front dargap giden şertde urşy dowam etdirmek doly heläkçilik bilen barabardy.

1917-nji ýylyň dekabrynda Sowet Russiýasy bilen Awstriýa–Germaniýa komandowaniýesiniň arasynda ýaraşyk ylalaşygyna gol çekilýär. Beýle ylalaşyk Rumyniýa bilen hem gol çekilipdi. Şeýdip, Gündogar front hereketsiz gatap galýar.

1917-nji ýylyň aprel aýynda Antantanyň Günbatar frontdaky ýaragly güýçleri hüjüme geçýär. Germaniýanyň goranma çyzygyny ýaryp geçmek başartmaýar. Tersine, bu söweşler netijesinde uly gurbanlar berilýär. Bu hüjüme Fransiýanyň ýaragly güýçleriniň Baş serkerdebaşy Newel ýolbaşçylyk edenligi üçin „Newel gyrgyny“ diýlip atlandyrylýar.

### Başga frontlardaky ýagdaý

1917-nji ýylda Italiýanyň goşuny şowsuzlyga duçar bolýar. Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň howlukmaç ýagdaýda kömek güýçleri Italiýany saklap galýar. 1917-nji ýylyň noýabr aýynda iňlis goşunynyň hüjümini gaýtaranda Germaniýa ýene bir täze ýarag – ognemýot ulanýar.

Mesopotamiýa we Palestina frontlarynda iňlis goşunynyň hereketleri güýçlenýär. 1917-nji ýylyň mart aýynda iňlisler Bagdat şäherini eýeleýärler. Güýze gelip, Osmanly döwleti Arabystan ýarymadasyny doly, Palestinanyň bolsa bir bölegini elden giderýär.

### Sowet Russiýasynyň uruşdan çykmagy

Sowet Russiýasy 1918-nji ýylyň 3-nji mart güni „Dörtler soýuzy“ bilen olaryň şertleri esasynda Brest parahatçylyk şertnamasyna gol çekýär. Şertnamanyň şertleri Russiýa üçin örän agyrdy. Şertnama görä, Russiýa öz goşunyny doly demobilizlemeli, harby flotuny portlara gaýtarmalydy. Şonuň ýaly-da, Russiýa Baltikboýundan, Polşadan, Finlýandiýadan we Ukrainadan el çekýärdi. Ukraina we Finlýandiýa garaşsyz döwletler diýlip ykrar edilýär. Kawkazdaky Kars, Ardagan we Batumi Osmanly döwletine berilýär. Mundan daşary, Russiýa Germaniýa 6 mlrd. marka mukdarynda reparasiýa tölemeli bolýar.

### Wudro Wilsonyň parahatçylyk maksatnamasy

ABŞ-nyň prezidenti W. Wilson 1918-nji ýylyň ýanwarynda I jahan urşundan soň gol çekilýän parahatçylyk şertnamasyny we gaýtadan düzüljek dünýäniň syýasy kartasy boýunça ABŞ hökümetiniň nukdaý nazaryny dünýä mälim edýär. Bu nukdaý nazar taryha „Wilsonyň parahatçylyk maksatnamasy“ ady bilen giripdir. Bu

maksatnama soňluk bilen ýeňiji Antantanyň ýeňlen „Dörtler soýuzy“ bilen gol çekilen parahatçylyk şertnamalaryna esas bolup hyzmat edipdir.

### Urşuň soňky basgançagy

Günbatar frontda goşunlarynyň esasy bölegini toplan Germaniýa 1918-nji ýylyň mart aýynda hüjüme geçýär. Bu onuň ahyrky hüjümi bolýar. Ýöne bu hüjüm üstünlik getirmeýär. Şeýle şertde Beýik Britaniýa we Fransiýa bitewi komandowaniýe düzmegi karar edýärler. Fransuz marşaly Foş birleşen güýçleriň serkerdebaşysy edip bellenýär. Fransiýanyň goşunlary garşy hüjüme geçýär. Antantanyň hüjümini bes etmegiň alajy bolmaýar.

Sentýabr aýynda Bolgariýa weýran ediji zarba berilýär. Ol uruş hereketlerini bes edýär we uruşdan çykýar. Awstro-Wengriýa ýaraşyk ylalaşygyna gol çekmek barada Antanta ýüzlenýär. 3-nji noýabr güni şeýle şertnama gol çekilýär we Awstro-Wengriýa hem uruşdan çykýar. Osmanly döwleti hem Antanta bilen ýaraşyk ylalaşygyna gol çekmäge mejbur bolupdy.

Uruş Germaniýada ynkylap ýagdaýyny emele getirýär. 9-njy noýabrda German imperiýasy ýykylýar. Imperator Wilgelm II tagtdan el çekýär we ýurtdan gaçyp gidýär. 10-njy noýabr güni Germaniýa sosial-demokratik partiýasynyň öňdebaryjysy Ebertiň baştutanlygynda täze hökümet düzülýär. 11-nji noýabr güni Kompen tokaýynda, marşal Foşyň ştab wagonynda Antanta bilen Germaniýanyň boýun egenligi barada ylalaşyga gol çekilýär. Şeýlelikde, Birinji jahan urşy Antantanyň ýeňşi bilen tamamlanýar.

1919-njy ýylyň 28-nji iýunynda Wersalda ýaraşyk şertnamasyna gol çekilýär. Dörtler soýuzy döwletleri talanýar, ençeme çäklerinden aýrylýar, 132 mlrd. marka reparasiýa tölemeli bolýar. Birinji jahan urşunda dünýäniň 38 döwleti gatnaşdy. Olarda 1,5 mlrd.-dan artyk ilat ýaşaýardy. Urşa 74 mln-a ýakyn adam çekildi. Jemi 10 mln.-a ýakyn adam heläk bolýar, 20 mln.-dan artyk adam bolsa maýyp, ýaradar bolýar. Mundan daşary, örän köp adamlar keselden we açlykdan ölüp gidýär. Adamzat Birinji jahan urşuna çenli bolan 1000 ýylyň dowamynda bolup geçen ähli uruşlarda hem munça gurban bermändi. Birinji jahan urşunda onuň esasy gatnaşyjylary bolan döwletler öz milli baýlyklarynyň üçden bir bölegini ýitirdiler.

***Dekret*** (latynça – karar) – ýokary häkimiýet dolandyryş organy çykaran we kanun güýjüne eýe bolan karar.
***Reparasiýa*** (latynça – dikeltmek) – halkara hukukda uruşda çekilen zyýany doly ýa-da bölekleýin öwezini dolmak üçin ýeňlen döwlet tarapyndan ýeňen döwlete tölenýän kontribusiýa.
***Separatizm*** (latynça – bölýärin) – bölünip çykmaga ymtylma. Şonuň ýaly-da, Halkara hukukda soýuzdaş döwletleriň biri tarapyndan soýuzdaşlaryň rugsadyny almazdan we olar bilen ylalaşmazdan, uruşýan duşman döwlet bilen düzülen ylalaşyk.
***Ýaraşyk*** – uruş hereketlerini bes etmek üçin düzülen ylalaşyk. Halkara şertnamalaryň bir görnüşi.

1. Urşuň uruşýan döwletleriň içki ýagdaýyna eden täsiri barada nämeleri bildiňiz?
2. Sowet hökümetiniň „Ýaraşyk barada“ky dekretiniň mazmuny barada aýdyp beriň.
3. Sowet Russiýasy nädip uruşdan çykdy?
4. Näme üçin Brest parahatçylyk şertnamasynyň şertleri örän agyr bolsa-da, Sowet hökümeti oň a gol çekipdir?
5. „Dörtler soýuzy“nyň düzümindäki döwletleriň yzly-yzyna boýun egmek prosesi barada aýdyp beriň.

1. Urşuň ykdysady ýagdaýa täsirini düşündiriň.
2. „Ýaraşyk barada“ky dekretiň manysy nämeden ybarat?
3. Ognemýot näme? Ol nähili kämilleşdi?
4. Uruşda näme üçin german blogy ýeňlendigi barada referat taýýarlaň.
5. Aşakdaky resminamaly materialyň mazmuny barada pikir ýörediň:

ABŞ-nyň prezidenti W. Wilsonyň 1916-njy ýylyň iýul aýynda sözlän sözünden:

„Biz dünýäde uly rol oýnap bileris. Siz bir fakta üns berýärsiňizmi, ahyrky bir ýa-da iki ýylyň içinde biz bergidar döwletden karz berýän döwlete öwrüldik. Dünýädäki artykmaç altynyň şeýle köp bölegi biziň elimizde, öň hiç haçan munça altyna eýe bolan däldiris. Şu wagtdan başlap biziň işimiz karz bermek, uly halkara kärhanalara kömekleşmek we olaryň işini öňe süýşürmekden ybarat bolup galýar. Biziň bütin dünýäni ep-esli mukdarda serişde bilen üpjün etmegimize we ony öz bildigimizden we islänimizçe dolandyrmaly bolýarys“.

# IV BÖLÜM | YLYM WE MEDENIÝET

## VIII BAP — XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA YLMYŇ WE MEDENIÝETIŇ ÖSÜŞI

### 38- §. Maddy önümçilikde tehnikanyň we ylmyň ösüşi

**Beýik açyşlar**

Bu döwürde öndüriji güýçleriň ösenligi we jemgyýetiň zerurlyklarynyň artanlygy sebäpli transport, elektrik, gurluşyk, metallurgiýa, maşyngurluşyk we başga ugurlarda iri açyşlar edilýär. Dünýä ýurtlarynda demir ýollaryň köpelmegi netijesinde parowoz gurluşygynda iri özgerişler boldy. Sada we güýçsüz bolan bug maşynlarynyň ýerine içinden ýandyrylýan dwigatel we elektrik dwigatelleri döredildi. Elektrik dwigatelden ilki transportda peýdalanyldy. 1895-nji ýyldan Beýik Britaniýanyň we ABŞ-nyň iri şäherlerinde tramwaý ulanylyp başlanýar. Demir ýollary elektrikleşdirmek ugrunda tejribeler geçirilýär. Gämi gurluşygynda polat giň gerimde ulanylyp başlanýar.

**Elektrik**

Elektrik senagaty ýokary derejede ösen ýurtlar tiz ösdi. Senagatyň ösüşi fabrik, zawod, söwda ýerleriniň we edaralaryň emeli yşyklandyryjylara bolan talabyny ýyl saýyn artdyrdy.

1876-njy ýylda rus alymy *P. N. Ýabloçkow* „elektrik şem“ diýlip atlandyrylan lampany oýlap tapdy. Amerikaly oýlap tapyjy *T. Edison* howasy sorup alnan kömür süýümli nakal lampasyny döretdi.

Nýu-Ýorkda Edison guran birinji ýylylyk elektrik stansiýasy ýüzlerçe sarp edijileri energiýa bilen üpjün edip başlapdyr.

Gurluşyk ugrunda uly özgerişler bolup geçdi. Indi metal we aýnalardan giň peýdalanylýan boldy. Şu sebäpli banklar, fabrikler, bazarlar, söwda dükanlary, wokzallar, ýaşaýyş jaýlary, uly myhmanhanalar gurlup başlanýar.

**Gurluşykda metaldan we aýnadan peýdalanmak**

Gurluşyk işinde sement uly ähmiýete eýe bolýar. Bu döwürde täze gurluşyk materialy – demir-beton peýda boldy. Demir-betony fransuz bagbany *Monýe* oýlap

tapan diýlip hasaplanýar. Ol demir-betondan uly güldanlar taýýarlapdyr.


**Tomas Edison.**

Täze materiallar – demir-beton, metal we çüýşeleriň köp ulanylmagy binalaryň arhitekturasyna hem täsir edýär. 1889-njy ýylda Parižkdäki Dünýä sergisi üçin fransuz inženeri *Eýfel* şol döwürde iňňän uly – diňe metaldan ýasalan, beýikligi 300 metr bolan minara gurdy. Mundan soňluk bilen Amerikada beýikligi 400 metre çenli bolan göge direlýän binalar gurluşygynda peýdalandylar.

Demir ýol tunnellerini açmak we demir ýol köprülerini gurmak tehnikasy örän özgerdi. 1880-nji ýylda Alp daglaryndaky meşhur Sen-Gotard geçelgesiniň astynda 15 kilometrlik tunnel guruldy.

Bu döwre gelip gidrogurluşyk tehnikasy hem özgerdi. Atlantik okean bilen Ýuwaş okeany bir-birine utgaşdyrýan Panama kanaly gurlup tamamlandy.

### Metallurgiýa

Elbetde, metallurgiýa senagatyny ösdürmezden ýokarda agzalan gurluşyk materiallaryny taýýarlap bolmazdy. Metal erediji tehnika kämilleşdi. Metallurgiýada awtomatlaşdyrmagy nemes alymy *R. Kirhgof* döretdi. Peçleriň sygymy artdy. Çoýny polada öwürmek meselesi çözüldi. Senagat üçin zerur bolan kükürt kislotasy önümçiliginde täze tehnologiýalar peýda boldy. Emeli soda almagyň ammiak usuly girizildi.

1886-njy ýylda elektrolit ýoly bilen alýuminiý bölünip alyndy. XX asyryň başynda *L. Bakeland* (Belgiýa) plastmassa almagyň ýoluny tapdy.

Bu döwürde maşyngurluşyk giň ösdi. Metal kesmek prosesini ylmy taýdan öwrenmek rus alymy *I. A. Time* esaslandyrýar. Elektrik bilen kebşirleme usulyny ilki amerikaly elektrotehnik *Tomson* ulanypdy.

### Nebiti gaýtadan işlemek

XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda senagatyň möhüm pudaklaryndan biri – nebiti gaýtadan işleýän senagat emele geldi. Içinden ýandyrylýan dwigatelleriň ösdürilmegi bilen benzin almak mese-

lesi peýda boldy. Benzin bilen işleýän ýeňil dwigatelleri döretmek ugrunda nemes alymy *G. Daýmler* uly üstünlik gazanypdyr. Ol awtomobil, motorly gaýyk, motosikle ornaşdyrylýan dwigatelleri döretdi.



**Birinji awtomobil. 1885-nji ýyl**

1897-nji ýylda *R. Dizel* ýangyjy gysylanda öz-özünden ýalynlanyp gidýän täze dwigateli döretdi. Birinji aeroplanlary döretmekde rus oýlap tapyjysy *A. F. Mojaýskiý*, iňlis konstruktory *G. Filipps*, fransuz oýlap tapyjysy *K. Aderler* uly goşant goşdular. 1903-nji ýylda aga-ini *Uilber* we *Orwill Raýtlar* samolýotda uçýarlar. Sifrli hasaplaýyş maşynlaryny *Çarlz Bebbij* (Angliýa), tikin maşynlaryny maksatnamalaşdyrmagy *Jozef Mari Jakkard* (Fransiýa), samolyotlary awtomatik dolandyrmagy *L. Sperri* (ABŞ), raketaplany *N. I. Kibalçiç* (Russiýa) döretdiler.

**Radiotelefon**

Tehnika ugrunda edilen iň beýik açyşlardan biri radionyň oýlanyp tapylmagy bolýar. Nemes alymy *G. Gers* elektromagnit tolkunlarynyň ýaýraýyş faktyny dünýäde birinji bolup tejribe ýoly bilen subut etdi. Rus alymy *A. Popow* simsiz aragatnaşyk üçin elektromagnit tolkunlaryny çykarmak we kabul etmek usulyny tapdy hem-de gerekli abzallary (geçiriji we kabul ediji) döretdi. Şeýlelikde radio esaslandyrylýar. Beýik Britaniýada *G. Markoni* tarapyndan simsiz telegraf oýlanyp tapylýar.



**A. S. Popow**

XIX asyryň ahyrynda tehnikanyň täze pudagy – telefon çalt ösdi. Şotlandiýada doglup, Amerikada ýaşan tehnik *A. Bell* telefon apparatyna birinji bolup ýeňilliknama alýar. Telefon başga ençeme täze oýlap tapmalardan tapawutlylykda, ähli diýen ýaly ýurtlarda tiz ýaýraýar. Ilkinji şäher telefon stansiýasy ABŞ-da işe düşürilýär. Şundan soň Parižde we Berlinde telefon stansiýalary açylýar.

*T. Edison* ses ýazyp almak we ony gaýtalap eşidiji apparat – fonografy döretdi. Fo-

nograf esasynda grammofon we başga mehaniki usulda ses ýazyp almak üçin ulanylýan esbaplar peýda boldy.

**Harby ugur**

XIX asyryň ahyrlaryndan başlap, dünýäni gaýtadan paýlamak üçin göreş başlanmegy sebäpli harby ugur we ykdysadyýetiň arasynda baglanyşyk çuňlaşýar. Maşynlaşdyrylan industriýa birnäçe örän möhüm harby-tehniki täzelikleri amala aşyrmaga mümkinçilik berdi.

Şu döwre gelip ähli ýurtlarda meýdan armiýasynyň we meýdan artilleriýasynyň sany dyngysyz ösüp başlady, bu ýagdaý pyýada we artilleriýa goşunlary üçin gural-ýarag önümçiliginiň san we hil taýdan çalt ösmegine sebäp boldy.

Şol döwürde magazinli (okdanly) tizatýan tüpeň oýlanyp tapylýar. Emma tüsseli porohyň ulanylmagy bu tüpeňiň söweşiji sypatlaryny kemeldýärdi. Magazinli tüpeň den tiz-tiz atyş wagtynda tüsse ýaýrap ýetişmän, atyjylara nyşan gowy görünmeýärdi. Şeýdip, harby iş amalyýeti tüssesiz porohy açyş etmek wezipesini goýdy.

1884-nji ýylda fransuz alymy *Wýelýe* piroksilinli tüssesiz poroh taýýarlamaga miýesser bolýar. Russiýada *D. I. Mendeleyew* fransuzlardan özbaşdak ýagdaýda tüssesiz porohyň syryny tapdy. Köp ýurtlarda tüssesiz poroh öndürmek ýola goýlupdyr.

Tüpeňiň kämilleşmegi we porohyň gowulanmagy bilen birlikde, gowy ýaraglanan, köp sanly goşunlaryň çozuşyna garşylyk görkezýän söweşiji armiýalar emele geldi.

Fransiýada tizatýan göçme toplaryň, şonuň ýaly-da, parçalaýan partlaýjy maddalaryň peýda bolmagy armiýanyň söweşiji sypatyny ýokarlandyrýar.

Täze partlaýjy madda taýýarlamak ugrunda şwesiýaly inžener *A. Nobel* bütindünýä ähmiýetli açyş etdi. Ol 1888-nji ýylda köp ýyllyk gözlegleri netijesinde dinamit döretdi.

Birinji jahan urşunyň öň üsyrasyna gelip okatýan ýaraglar we artilleriýa has-da kämilleşdi. Stanokly pulemýot bilen bir hatarda urşuň dowamynda ep-esli ýeňil el pulemýotlary hem döredildi. Gaty uzaga atýan toplar peýda boldy. Içinden ýandyrylýan dwigateli ornaşdyrylan, zynjyrly, bronly artilleriýa bilen ýaraglanan tank söweş şertinde birinji gezek iňlisler tarapyndan ulanyldy. Tank äpet söweş guralyna öwrülýär.

XX asyryň başlarynda sagadyna 220 km çenli çaltlyk bilen uçýan,

uçuş belentligi 7000 metre çenli, uçuş uzaklygy bolsa 900 km-e çenli bolan samolyotlar guruldy.

Şeýdip, bu döwür ylmy-tehnikanyň çalt ösüşi bilen häsiýetlenýär.

1. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda dünýäniň iri ösen döwletlerinde tehnikanyň ösüş derejesi nämelere esaslandy?
2. Haýsy döwletlerde transport we demir ýollar iň möhüm, strategik ähmiýete eýe pudaklar hökmünde garalýar?
3. Beýik oýlap tapyjylardan kimleri bilýärsiňiz? Olar ylmyň ösüşine nähili goşant goşupdyrlar?
4. Birinji samolýoty kim oýlap tapdy we ilkinji samolýot näçenji ýylda asmana uçupdyr?
5. Uzak aralyklary ýakyn etmek maksadynda telefon apparatlary haçandan başlap işe düşürlipdir?
6. Radiony açyş eden oýlap tapyjy kim? Häzirki günde radionyň orny nähili?

1. Häzir dünýä elektriksiz ýaşap bilermi? Pikir ýörediň.
2. Näme sebäpden Özbegistanda atom elektrik stansiýasy gurulýandygyny faktlaryň kömeginde esaslandyryň.
3. Alfred Nobel barada referat taýýarlaň.

## 39-§. Anyk we tebigy ylymlar ösüşi

**Tebigat ylmynyň ösüşi**

XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlary – häzirki zaman tebigat ylmynyň ösüşindäki iň möhüm döwürlerden biri. Tebigat baradaky ylymlaryň dürli ugurlarynda öwrülişikli açyşlar edilen, älem baradaky köne düşünjeleriň köküne palta urlan döwürdir.

Bu döwürde tebigat ylmynyň ösüşi käbir ýurtlaryň arasynda ykdysady bäsdeşligiň güýçlenmegi we dünýäniň täze çäklerine ykdysady taýdan girip barmaga ymtylmagy bilen baglanyşyklydyr.

Tebigat baradaky anyk ylymlar bu döwürde hem giň gerimdäki tejribe esasynda ösdi we bu amaly tejribäni täze ylmy açyşlar şöhlesi bilen baýlaşdyrdy.

Garalýan döwürden ylym ýene-de ýöriteleşdirildi we ylmyň täzeden täze mahsus ugurlary meýdana geldi. Öňki käbir alnan ylymlar özara birleşdi. Şol sanda, fizika bilen himiýanyň araçäginde özbaşdak fizika-himiýa peýda boldy. Bu döwürde edilen açyşlar

XX asyryň ikinji ýarymyndaky ylmy-tehniki rewolýusiýa (YTR) ýol açyp berdi. Bilimleriň täze pudagy – tehnika ylymlary emele geldi. Olar, esasan, geçen döwrüň ylmy gazananlary esasynda önümçiligi kämilleşdirmek meseleleri bilen meşgullanýardy.

Ylmyň ösüşi älemiň birligi baradaky taglymy öňe sürdi, ikinjiden bolsa älem baradaky bilimlerimiz görälidir, diýen netijä getirdi.

**Matematika, himiýa, fizika**

Matematika ugrunda beýik açyşlar rus alymy *N. I. Lobaçewskiý*, italýan alymy *Ý. Beltrami*, Awstriýa matematigi *D. Gilbert* we başga alymlaryň atlary bilen baglydyr. Rus alymy *N.Ý. Žukowskiý* 1904-nji ýylda şeýle açyş etdi, ýagny bu açyş häzirki zaman aerodinamikasynyň ösmegi üçin esas boldy. Bu ganatyň göteriji güýjüni kesgitlemegiň formulasydy.

Rus alymy A. S. Popowyň barlaglary elektromagnit tolkunlaryndan simsiz aragatnaşyk üçin giň gerimde peýdalanmaga mümkinçilik berdi. *P. N. Lebedew* ylmy işleri netijesinde elektromagnit tolkunlarynyň umumy şkalasyndaky boş ýer – adatdaky radiotolkunlar bilen infragyzyl şöhleleriň arasyndaky boşluk dolduryldy. Lebedew ýagtylygyň elektromagnit nazaryýetini subut etdi.

1870-nji ýylda iňlis alymy *U. Kurks* seýreklendirilen howadaky katod şöhlelerini açyş etdi. 1897-nji ýylda ýene bir iňlis alymy *J. Tomson* katod şöhleleri otrisatel zarýadly bölejikler – elektronlar akymydygyny anyklady.

1888-nji ýylda *W. Galwane* otrisatel zarýadlanan metal plastinka duga lampa şöhlesi bilen ýagtylandyrylanda öz zarýadyny ýitirýändigini subut etdi.

Atom bölejiklerini ýene-de çuň rak öwremegi rus alymy *D. I. Mendeleýew* esaslandyrdy. Ol 1869-njy ýylda ähli himiki elementleriň atom agyrlyklarynyň arasyndaky baglylygyň barlygyny açyş etdi we özüniň ady bilen atlandyrylýan yzygider periodik sistemany döretdi.

Atomyň içki strukturasyna girip barmak şöhlelenmäni öwrenmek bilen baglydy. Fransuz fizigi *A. Bekkerel* bu hadysany öwrenmek bilen, uranyň atomlary ýakyn ýerde duran jisimlerden geçip gidýän şöhleleri öz-özünden çykarýandygyny anyklady. Nobatdaky ädimi Parižde *M. Sklodowskaýa-Kýuri* taşlady. Tejribeler prosesinde ol öz-özünden şöhle çykarmak diňe bir uran atomlaryna mahsus

däl, diýen netijä geldi. Belli bir atomlaryň bu aýratynlygyny ol radioaktiwlik diýip atlandyrdy. Ol äri – görnükli fransuz fizigi *P. Kýuri* bilen bilelikde käbir radioaktiw elementleriň urana garanda intensiwräk şöhle çykarýandygyny subut etmegi başardy. Är-aýal *Kýuriler* iki ine şeýle elementi tapawutlandyrýarlar. Bu elementler poloniý (*M. Sklodowskaýa-Kýuri*niň Watanynyň hormatyna, çünki ol Polşadandy) we radiý (ýagny şöhlelenýän) diýlip atlandyrylýar.



**Albert Eýnşteýn**

Alymlar atom maddanyň iň ownuk bölejigi dälligine göz ýetiripdirler. XX asyryň başlarynda birinji mikrobölejik – elektron açyş edildi. Köp geçmän radioaktiw elementler dargadylan wagtda edil ine şu elektronlaryň bölünip çykýanlygy mälim bolýar. Iňlis fizigi *E. Rezerford* hemme atomlar agyr ýadro eýedigini subut etdi. Ol atomyň planetar modelini ýasaýar, bu modelde ýadronyň („gün“) daşynda elektronlar („planetalar“) aýlanýardy.

Daniýaly fizik *N. Bor* düzediş girizýär, ýagny onuň modelindäki elektronlar bir orbitadan ikinjisine böküp geçip, munda energiýa porsiýasyny (kwant) çykarýar. Bu klassyky Nýutonyň fizikasy bilen aýrylmakdy we klassyky fizikanyň kanunlary mikrodünýä üçin dogry gelmän galandygyny görkezýärdi.

Şol bir wagtda, giňişlik bilen wagtyň özara gatnaşygy baradaky ylmy düşünje hem barha özgerdi. 1905-nji ýylda nemes alymy *A. Eýnşteýn* otnositellik nazaryýetiniň esasy taglymlaryny yglan edýär. Jisimleriň ululygy we wagtyň uzynlygy otnositeldir, diýip subut edýär ol, giňişlik bilen wagtyň aýratynlyklary maddy obýektleriň hereketine baglydyr. Tizlik ýagtylygyň tizligine ýakynlaşanda wagtyň geçişi haýallaşýar, jisimleriň ululygy gysgalýar.

Biologiýada hem düýpli öňe gitmeler bolýardy. *G. Mendeliň* käbir neslegeçijilik kanunlaryny açyş etmegi täze ylym – genetikanyň ösüşine esas boldy. Şu döwürde pikirlenmäniň maddy esaslaryny bildik saýyn ilkinji ädimler ädildi. Rus fiziology *I. P. Pawlow* adamyň hereketiniň esasynda kelle beýniniň gabygynda ýüze çykýan maddy fiziologik prosesler ýatýandygyny subut etdi. Şeýlelikde, pikirlenme prosesi ýokary derejede dörän materiýanyň özboluşly aýratynlygydyr.

Organiki sintez ugrunda iňňän uly üstünlikler gazanyldy. *W. Grinýar* 1900-nji ýylda dürli-dürli organiki maddalary sintez etmek usulyny açyş etdi. *P. Griss*iň diazotlama reaksiýasyny açyş etmegi azotly boýaglar diýlip atlandyrylýan boýaglaryň uly bir synpyny almaga mümkinçilik berdi.

Boýaglary sintez etmek ugrundaky işler däri önümçiliginiň ösüşine kömek berdi. Himiki prosesleri barlamaga termodinamikanyň ulanylmagy netijesinde, himiki termodinamika peýda boldy. 1887-nji ýylda şwed alymy *S. Arrenius* elektrolitik dissosiasiýa nazaryýetini döretdi. 1881-nji ýylda *M. G. Kuçerow* bolsa gidratlanma reaksiýasyny açyş etdi.

**Tebigaty öwreniş**

Nemes alymy *T. Şwan* tarapyndan edilen, ähli organizmleriň öýjükli gurluşy baradaky açyşlar tebigaty öwrenişiň ylmy esasyny berkitmäge hyzmat etdi. Beýik iňlis tebigatşynas alymy *Çarlz Darwin*iň „Görnüşleriň gelip çykyşy“ eseriniň neşir edilmegi ylymda öwrülişik boldy. XIX asyryň soňky çärýegini darwinizmiň ýaýraýyş we emele geliş döwri diýmek mümkin. Dünýä boýunça edilen bäş ýyllyk syýahat döwründe toplanan uly botaniki we zoologik materiallary umumlaşdyrmak esasynda *Ç. Darwin* bütin janly tebigat, şol sanda, adam hem ewolýusiýa (uzak ösüş) prosesiniň önümidir, diýen netijä gelýär.

**Mikrobiologiýa**

Mikrobiologiýa ylmyndaky düýpli özgeriş fransuz mikrobiology we himigi, häzirki zaman mikrobiologiýa we immunologiýa ylmynyň düýbüni tutujysy *Lui Paster*iň ady bilen bagly. Ol ajama prosesini öwrenip, wino, piwo we başga önümleri öndürýän senagaty ylmy esaslandyrýar. Önümleriň ajama prosesi mikroblar getirip çykarýan biologik prosesdigini subut edýär. Pasteriň tejribeleri dürli azyk önümlerini sterillemek we pasterlemek usullaryny döretmek üçin uly ähmiýete eýe bolýar. Beýik alym adamlaryň, haýwanlaryň we öý guşlarynyň ýokanç keselleri – garadalak, guduzlama, mergi we başgalary öwrenip, olaryň (aýratynam, guduzlamanyň) öňüni almak emleme usullaryny döretdi. Onuň gözlegleri immunitet baradaky ylmyň döredilmegi üçin esas bolupdyr.

**Lukmançylyk**

Şol döwürde lukmançylyk ylmy hem uly üstünlikleri gazanypdyr. 1880-nji ýylda nemes alymy *K. Eber* garyn garahassalygy, 1884-nji ýylda *F. Lýofler* bogma döredýän mikroby tapdylar. Nemes alymy *R. Wirhow* häzirki zaman patologik

anatomiýanyň esaslaryny döretdi. 1875-nji ýylda rus alymy *F. A. Leş* amýoba dizenteriýasyny döredýän mikroby anyklady.



**Wilgelm Rentgen**

Fizika ugrundaky açyşlar hem lukmançylyga kömek berdi. Makswelliň elektromagnit tolkunlary baradaky nazaryýetinden gelip çykyp, 1895-nji ýylda nemes fizigi *Wilgelm Konrad Rentgen* dürli önümlerden, zatlardan dürlüçe geçýän görünmeýän şöhleleri açyş etdi. Şöhleleriň gelip çykyşy we nähili peýda bolşy alyma mälim däldi we olary „X şöhleler“ diýip atlandyrýar. Ine şu açyşa esaslanýan we alymyň ady bilen „Rentgen“ diýlip atlandyrylýan apparat döredildi. Indi lukmanlar içki ýaralary, süňk döwülmelerini görmegi mümkindi. Bu açyş üçin fizikleriň arasynda birinji bolup Rentgene Nobel baýragy berildi.

Himiýa ugrundaky açyşlardan hem lukmançylykda önümli peýdalanyldy. Senagatda sabyn almak usulynyň açyş edilmegi, ondan keselhanalarda, aýratynam, hirurglar tarapyndan peýdalanmak operasiýalar wagtynda infeksiýa howpuny kemeltdi.

Ýokanç kesellere garşy göreşmäge inçekesel keselini geltirip çykaryjy basillany açyş eden nemes alymy *Robert Koh* (1843–1910) uly goşant goşupdyr. Ol epidemiýalara garşy profilaktik çäreleri işläp taýýarlaýar we däri-dermanlary döredýär. Rus alymy, Nobel baýragynyň laureaty *I. Meçnikow* bolsa organizmleri mikroblardan goramak barada täze taglymat döretdi.

***Bilim*** – adamyň okamak, öwrenmek we ýaşaýyş tejribesi arkaly alan bilimi.

***Ylym*** – dogrudygy amalda tassyklanan, tebigat we jemgyýet kanunalaýyklyklaryny açyp berýän hem-de daşky gurşawa täsir edýän bilimler ulgamy.

***Sterilizasiýa*** (latynça – arassa) – lukmançylykda we biologiýada dürli maddalary, baglaýjy materiallary, azyk önümlerini zyýanly mikroorganizmlerden bütinleý arassalamak.

***Pasterleme*** (awtor şahs Pasteriň adyndan alnan) – zyýanly mikro-

organizmleri öldürmek üçin suwuklygy 60° – 80°C çenli gyzdyrmak we olary çalt sowatmak.
***Basilla*** – kesel gozgaýjy we ýaýradyjy mikroorganizm (mikrob – taýajyk).

1. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda ylym-bilimiň ösüşine sebäp bolan alymlary aýdyp beriň .
2. Fizika ylmynda nähili açyşlar amala aşyryldy?
3. Himiýa ylmy ugrunda ylmy açyşlary amala aşyran meşhur alymlaryň işleri barada nämeleri bildiňiz?
4. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda haýsy täze ylym ugurlary esaslandyrylypdyr?

1. Jemgyýetçilik durmuşynda ylmyň ähmiýeti nähili? Pikir ýörediň.
2. Genetika häzir nirelerde ulanylýar?
3. Ç. Darwiniň taglymatyna häzir nähili garalýar? Ewolýusiýa näme?
4. „Dünýä taryhy“ dersliginiň şu temasynda alan maglumatlaryňyzy fizika, himiýa we biologiýa derslikleriňizden alan maglumatlar bilen dolduryň. Sizde peýda bolan käbir pikirler we soraglar boýunça mugallymlaryňyza ýüzleniň.
5. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda näme üçin ýurdumyzdan dünýä meşhur käbir tebigatşynas alym ýetişip çykmandyr?

## 40- §. Halk tälimi. Gumanitar ylymlar. Sungat

**Halk tälimi**

Tehnikanyň ösmegi ýokary derejeli hünärmenlere we işçilere bolan zerurlygy güýçlendirip goýberdi. Ösen ýurtlarda 12–13 ýaşa çenli bolan çagalary umumy mejbury we mugt okamak girizilen. Bu faktor ilatyň sowatlylygynyň artmagyna getirdi.

Ýeňillikli okuw mekdepleri pudagy giňeldi. Ýöne halkyň esasy bölegi garyp ýaýanlygy, ýaman ýaşaýyş jaý şertleri, çagalygyndan güzeran üçin pul tapmak zerurlygy köp ýurtlarda ençeme çagalary okuwyny ahyryna ýetirmezden mekdebi taşlap gitmäge mejbur edýärdi.

Şol bir wagtda, tälim ugrundaky erbet taraplary hem görmezlik mümkin däldi. Käbir ýurtlarda ýaşlary milletçilik, jynsparazlyk ruhunda terbiýelemäge üns berlipdi.

Hususan-da, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda halk magaryfy ulgamy jynsparazlyk ruhundady. Gara bedenlileriň çagalary üçin aýratyn mekdepler açylan bolup, bu mekdeplerde ak bedenlileriň çagalary üçin döredilen mekdeplerdäkä garanda kem göwrümde bilim berilýärdi. Ýurtda höküm sürýän jynsparazlyga garşy göreş meselesi *Garriýet Biçer-Stou*nyň „Tom daýynyň külbesi“ eserinde öz beýanyny aýdyň tapypdyr.

Bu döwürde Gündogarda halk bilimi ugrunda Günbataryň gazananlary wagyz edilip başlanýar. Ýewropanyň täsiri güýçlenýär.

XX asyryň başlaryna gelip, jemgyýetiň ösmegi üçin zerur bolan tebigy ylymlaryň çalt ösüşi, tehnikanyň ýene-de çalt ösmegi dini ters pikirlerden azat bolan ylmy dünýägaraýşyň ýagdaýynyň pugtalanmagy üçin şert döretdi. Gumanitar ylymlarda, birinji nobatda, filosofiýa, ykdysadyýet nazaryýeti, edebiýatda we sosiologiýada realistik hakykaty şöhlelendirýän eserler emele geldi. Ençeme alymlar we ýazyjylar adamlaryň gowy ýaşamagy üçin, demokratiýany, deňligi üpjün edýän jemgyýeti gurmak maksadynda şuňa ymtylýan taglymlary aňladýan we beýgeldýän eserleri döretdiler. Ýöne nähili edip bolsa-da baýlyk toplamaga çalyşmagy suratlandyrýan eserler hem peýda boldy.

Bu döwürde medeniýetiň, edebiýatyň we sungatyň demokratik esasda ösmegi üçin şert döredildi. Aýratynam, bu zat edebiýatda aýdyň öz beýanyny tapdy. Şu sebäpli tankydy realizm we naturalizm emele geldi.

### Filosofiýa we kolonial taglymlar

Bu döwürde filosofiýa ylmy hem ösüp, döwre uýgunlaşdy. Öňki medeni aň-bilim güýçli bolsa, indi adam hukuklaryna üns güýçlendi. Ylmyň ösmegi bilen onuň jemgyýetdäki ornuny kesgitlemek, ähli sosial meseleleri çözmekde ylmyň oňyn hadysadygyny esaslandyrmak güýçlendi.

Bu döwrüň meşhur filosoflaryndan biri *Fridrih Nisşe* adam erki meselesine uly üns beripdir. Adam barlygynda mahluklyk we halyklyk birleşip gidendigini esaslandyrmaga çalyşýar. Ol zarduştylygyň täsiri astynda „Zarduşt töwellasy“ eserini ýazýar. Bu eserde güýçli şahslary terbiýelemek taglymy öňe sürülýär.

*O. Şpingler* „Ýewrosentrizme“ garşy çykýar. Her bir medeniýetiň özboluşlylygy, bir-birinden aýrylykda ösüş taglymyny absolýutlaşdyrýar.

Bu pikirler onuň „Ýewropa güneşiniň batyşy“ eserinde öz beýanyny tapypdyr.

*Z. Freýd* – psihoanaliz nazaryýetini esaslandyran, dünýä tanalan alym. Onuň eserleri XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda Ýewropada edebiýatyň we sungatyň ösmegine uly täsir edýär. Freýd eden beýik öwrülişigiň mazmuny şundan ybarat, ýagny ol Dekartyň adam baradaky düşünjelerini inkär edip, fenomenologik (adatdan daşary, seýrek) çemeleşmäniň kömeginde aňsyzlygy derňemek mümkindigini esaslandyryp berdi. Psihoanaliz däplerine görä, aňsyzlyk bilip bolmaýan proses diýlip düşündirilýärdi.

Taryhy ösüşiň döwürleýin modeli, dünýä dinleriniň (buddizm, hristiançylyk, yslam) ähli halklary ýakynlaşdyryjy we jebisleşdiriji baş faktordygy taglymlary öňe sürüldi.

Şeýlelikde, buthana wyždan azatlygy, dini ygtykat azatlygy, ähli dinleriň deňligi prinsiplerine sabyrlylyk bilen öwrenişip başlaýar.

Ençeme ýazyjylar öz eserlerinde deňizleriň we okeanlaryň „eýesi“, „güni hiç haçan sönmeýän“ imperiýa bolan Britaniýa imperiýasyny göge galdyryp öwdi. Olar, „ak bedenli adam“ başgalardan üstün bolup, „reňkli“ halklaryň arasyna medeniýet alyp girmäge taýýar durýar, diýen dogmany öňe sürýärler. Şeýle taglymlar iňlis ýazyjysy *R. Kipling*iň „Ak bedenli adamyň borç gynanjy“ kitabynda hem duşýar.

**Saz**

Saz sungatynda realizm we halkçyllyk dekadentlerçe näziklige we şekil taýdan çylşyrymlylyga garşy göreşde ösdi. Bu döwürde Mýunhende awstriýaly maşgalasynda doglan kompozitor *Rihard Ştraus* „Salomeýa“, „Elektra“, „Güller aşygy“, awstriýaly simfonist *Gustaw Maler* „Aradan çykan çagalar barada aýdym“, „Çaganyň jadyly şatlygy“ we başga eserler bilen şöhrat gazandy.

R. Ştraus mosartça operany gaýtadan dikeltdi. Onuň eserleri durmuşy, adamperwerligi, gözelligi wasp etmegi bilen tapawutlanýar. *Bethowen* däplerini *G. Maler* ösdürdi. Maler saz eserleriniň sosial ähmiýetini ýokary galdyrdy, çylşyrymly sazly temalar bilen ýönekeý halk sazlarynyň uýgunlaşmagyny gazandy.

Russiýaly kompozitor *A. M. Skrýabin* sazda döwrüň taglymlaryny we obrazlaryny janlandyrdy. Kompozitor, pianinoçy we dirižýor *S. W. Rahmaninow* baý sazlar arkaly Watan temasyny romantik pafos we lirika bilen açyp berdi.

## Şekillendiriş sungaty

Suratkeşlikde ençeme täze akymlar emele geldi. Bu täze akymlaryň biri impressionizmdi. Bu akyma giren suratkeşler reallygy, gözegçilikden alnan täsirleri sap halda şöhlelendirýärdi.

*Eduard Mane*, *Klod Mone*, *Ogýust Renuar* we *Kamil Pissaro* impressionizmiň iň zehinli wekilleridiler. Olaryň näzik boýaglaryň uýgunlygy aňladylan eserlerinde durmuşa çäksiz muhabbet şöhlelendirilen. Olar gün şöhlesini, giňişligi we çuňňur manyny şöhlelendirmegiň täze tehniki serişdelerini tapdylar. Ýöne olar adamyň içki dünýäsini, onuň gündelik durmuşdaky ornuny görkezip bermegi öz öňlerine maksat edip goýmandylar.

Suratkeşlikde real durmuşy tutuş barlygyça şöhlelendirmek akymy hem bardy. Bu babatda *Pol Sezann*, *Pol Gogen* we *Winsent wan Gog* zähmetkeşleri aýratyn orunlarda şekillendirmegi başarypdyrlar. Çünki olar işçileriň azap-sütemlerinden gaty täsirlenipdiler.

Meşhur hytaýly suratkeş *Jen Bonýan* ýüpek mata surat çekmegiň amatly usulyny döretdi. Beýik fransuz heýkeltaraşy *O. Roden*iň „Akyldar“ atly eserine garap hiç kim adamyň, dekadentler ynandyrmakçy bolşy ýaly, „ýokary“ güýçleriň elinde gurjakdygyna ynanmaýar.

Umuman, netije çykaryp aýdanda, gumanitar ylymlar, edebiýat we sungat döwrüň zerurlygyna öwrüldi hem-de dürli aňyýetiň şekillenmegine hyzmat etdi.

***Gumanitar*** (fransuzça – adamyň tebigaty, bilimlilik) – adam şahsyna, adam hukugyna we bähbitlerine degişliligi aňladýan düşünje.

***Gumanitar ylym*** – adam we onuň durmuşyny, medeniýetini öwrenýän ylymlar (meselem, taryh, filosofiýa, dilşynaslyk, edebiýat we başg).

***Ýewrosentrizm*** – ähli medeniýetleri ýewropalaşdyrmak taglymy.

***Indiwid*** – aýratyn adam, şahs.

***Psihoanaliz*** – awstriýaly lukman we psiholog alym Z. Freýd tarapyndan öňe sürlen herw kesellerini bejeriş usuly.

Freýdiň taglymatyna görä, adamyň psihik durmuşy dogabitdi, aňsyz meýillere bagly. Adamdaky dürli ruhy başdan geçirmeler, amala aşmadyk islegler ýitip gitmeýär. Olar aň çäginden çykyp, aňsyzlyk halatyna geçýär we adamyň ruhy durmuşyna işjeň täsir edýär. Bu ýagdaý gaharlananda ýüze çykýar. Ony bejermegiň esasy usuly –

meýilleri tebigy däl ýol bilen kanagatlandyrmak ýa-da olary başga iş ugruna (meselem, döredijilik, syýasat, zähmet we ş.m.) göçürmek. ***Filosofiýa*** – tebigat, jemgyýet we aňyň ösüşiniň umumy kanunalaýyklyklary baradaky ylym.

1. Halk täliminiň ösüşine gowy täsir eden faktory aýdyp beriň .
2. Z. Freýdiň taglymatynda nähili taglym ileri tutulan?
3. Kolonializmi aklaýan ýazyjylar öz pikirlerini nähili taglymlar bilen esaslandyrypdyrlar?
4. Şekillendiriş sungatynyň beýik wekilleri barada aýdyp beriň.

1. Şol döwürdäki halk tälimi bilen häzirki döwürdäki halk tälimini deňeşdiriň.
2. Näme üçin Gündogarda Günbatardaky ýaly anyk ylymlar ösmedi? Bu ugurda diniň roly nähili? Düşündiriň.
3. Häzirki musulman äleminden nähili beýik alymlar çykandygy barada maglumatlar toplaň.

## 41-§. Edebiýat

**Tankydy realizm**

XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Ýewropa ýurtlarynyň medeni durmuşynda realistik akym bilen dekadentlik akymynyň arasynda göreş güýjeýär. Halk dekadentlik ruhunda ýazylan eserleri kabul etmedi. Netijede, durmuşy anyk aňladýan eserlere zerurlyk artdy. Realistik ýazyjylar daş töwerekdäki reallygy aýgytly we hakyky şöhlelendirmäge ymtyldylar. Şonuň üçin bu döwür realizm ýa-da „tankydy realizm“ adyny alýar. Bu döwürde rus edebiýatynyň görnükli wekilleri *F. M. Dostoýewskiý*, *L. N. Tolstoý*, *A.P. Çehow* daşary ýurtlardaky döwürdeşleri üçin realistik döredijiligiň täze mümkinçiliklerini açyp berdiler.

*Gi de Mopassan* özüniň „Durmuş“, „Ezizim“, „Mont-Oriol“ we başga eserleri bilen fransuz çeper dünýäsinde ençeme sosial meseleleri ussatlyk bilen reňbe-reň boýaglarda suratlandyran döredijidir.

Amerikan ýazyjysy *J. London*yň döredijiligi radikal ymtylyşlar bilen tapawutlanýardy. Onuň „Demir daban“ romanynda adamzadyň öňünde duran heläkçilik ýa-da gorkuly azaplar öňünden aýdyp berildi. Awtobiografik terzdäki „Marten Iden“ romanynda ýazyjy halal döredijileriň galp medeniýet bilen pajygaly çaknyşmasyny açyp berdi.

Bu döwürde satira uly ähmiýete eýe bolýar. Nemes ýazyjysy, ýumorist *G. Man*yň „Sadyk raýat“ romany hem-de „Imperiýa“ trilogiýasyna giren başga eserleri örän uly paş ediji güýç hökmünde ýüze çykýar. Onuň sahypalarynda ençeme korollar we kanslerleri, aristokratlary we emeldarlary, halka hyýanat edenleri hem-de welaýatlardan çykan aristokratlary, hatda imperator Wilgelm II-ni görmek mümkin.



**F. M. Dostoýewskiý**

Bar düzümi tankyt etmegiň uly ussasy, görnükli fransuz ýazyjysy *A. Frans*dy. Onuň „Silwester Bonnaryň jenaýaty“ eserinde „Üçünji Respublika“nyň nogsanlary, hökümdar toparlaryň ruhy bozuklygy, syýasat işgärleriniň dönükligi, monarhlaryň pitneleri ýiti, aç-açan gülki asyna alnypdyr. Görnükli amerikan satirik ýazyjy *M. Twen*iň romanlary, hekaýalary, makalalary ajy we gazaply satira baýdyr. „Sudsuz temmi berýän Birleşen ştatlar“ makalasynyň ady ýa-da „Senator türmede oturmadyk wagtlarynda kanun çykaryjy adam“, „Halk hyzmatkärleri – parany paýlamak üçin öz wezipelerine saýlanan şahslar“ atly ýiti taryplamalaryň özi örän gymmatlydyr.

Hindi gumanist ýazyjysy *R. Tagor* filisofiki çuňňur manylygy we çeper taýdan kämilligi bilen tapawutlanýan romanlary, pýesalary, hekaýalary we goşgulary bilen bütin dünýä meşhur bolýar. Onuň bütin döredijiligi milli garaşsyzlyga hyjuwly çagyryşdan ybaratdy. Aýratynam, „Heläkçilik“ romany meşhur bolýar. Hytaýly *Lu Sin*iň döredijiligi garyplaryň agyr ýagdaýyna çuňňur duýgudaşlyk ruhy bilen ýugrulypdy.

**Demokratik edebiýat**

Demokratik edebiýatyň döredijileri deňlik we adalat prinsipleriniň ýeňiş gazanmagyna, adamyň döredijilikli güýçlerine, onuň dünýäni özgerdip biljegine ynanýardylar. Onuň görnükli wekillerinden biri amerikan edebiýatçy aýal *G. Biçer-Stou* bolupdyr. Onuň „Tom daýynyň külbesi“ romany dünýä edebiýatynyň seýrek eserlerinden hasaplanýar. Romanda XIX asyr Amerika gullarynyň we gul eýeleriniň durmuşy, olaryň arasyndaky gapma-garşylyklar, gul eýeçiligine garşy gara bedenlileriň



**Rabindranat Tagor**

pitnesi hakyky açyp görkezilen. Onuň „Men we meniň aýalym“, „Biz we goňşularymyz“ eserlerinde-de Amerikanyň durmuşy gönümel suratlandyrylýar.

*Jek London*yň tebigaty boýun egdiren gahryman baradaky „Durmuşa muhabbet“, işçileriň we daýhanlaryň durmuşyna bagyşlanan „Bir parça et“, „Deňiz möjegi“ we başga eserleri meşhurdyr.

Iňlis dramaturgy *Bernard Şou* öz eserlerinde ekspluatasiýany, meşşanlyk ahlagyny, ikiýüzlüligi, galplygy garalapdyr. „Garrylar öýünde“, „Korol we adam“, „Şeýtanyň şägirdi“, „Maýor Barbara“ ýaly eserlerinde jemgyýetdäki nogsanlary tankyt etmek bilen birlikde, sosial ösüşe, adalata hyzmat edýän güýçleri zulumkärlige garşy goýmak taglymlary öňe sürülýär.

Fransuz edebiýatçysy *Wiktor Gýugo* özüniň „Gorkuly ýyl“, „Horlananlar“, „Togsan üçünji ýyl“ ýaly eserlerinde zulma, tümlüge we adalatsyzlyga garşy närazylyk, basybalyjylyga ýigrenç, göreşiji halka duýgudaşlyk bildirýär we kemsidilen zähmetkeş adamyň pajygaly durmuşyny we göreşini suratlandyrýar.

Fransuz ýazyjysy *Jýul Wern* – ylmy-fantastik romançylygyň iri wekili. Ýazyjy „Howa şarynda bäş hepde“, „Ýeriň merkezine syýahat“, „Kapitan Grantyň çagalary“, „On bäş ýaşly kapitan“ eserleriniň gahrymanlary edermen, batyrgaý, göreşiji adamlardyr.

Rus ýazyjysy *L. N. Tolstoý* ömrüniň soňky ýyllarynda patyşa Russiýasynyň döwlet, buthana, ykdysady we sosial düzgünlerini, ahlaksyz esaslaryny tankyt etmegi dowam etdirýär. *A. P. Çehow* „Üç dogan-jigi“, „Alçazar bag“ pýesalarynda örän uly güýç bilen sosial meseleleri umumylaşdyrmaga çalyşýar.

Bu döwürde meşhur ýapon ýazyjy *Roka Tokutomi*niň „Kurosiwo“, „Ýaşamadyk ýagşy“, *Naoe Kinosito*nyň „Ýalynly sütün“ romanlary feodal galyndylara garşy, milli gymmatlyklary aýawly saklamaga, daşary ýurduň ruhy täsirine garşy gönükdirilendi.

**Naturalizm**

Naturalizm edebiýaty çeper täzelemekde öwrülişik ýasady. Şol döwrüň durmuşyny ýiti çeper boýaglar-

da suratlandyran bir topar sungat işgärleri özlerini naturalistler diýip atlandyrýarlar. Olaryň iri wekillerinden biri fransuz ýazyjysy *Emil Zolýa* Fransiýadaky ähli synplaryň we sosial toparlaryň ýagdaýyny, durmuş ýörelgesini we psihologiýasyny görkezmegi öňüne maksat edip goýýar. Emil Zolýanyň 20 jiltlik „Rugon-Makkarlar“ eseri Ikinji imperiýa döwründäki bir maşgalanyň durmuşyna we jemgyýetçilik taryhyna bagyşlanýar. „Jerminal“ we „Derbi-dagyn“ romanlary ýazyjynyň döredijiliginiň çür depesidir.

Italiýada naturalizmiň görnükli wekillerinden *Luiji Kapuana* we *Jowanni Wega*lary görkezmek mümkin. Olar öz eserlerinde Günorta Italiýadaky garyplygy, oňa garşy göreşijileri çeper ussatlyk bilen şöhlelendirdiler. Amerikan naturalistlerinden *Stiwen Kreýn* „Edermenligiň ganly alamaty“, *Frenk Norris* „Girdap“ eserlerinde örän uly sosial meseleleri göterip çykypdyrlar.

Bu döwürde dekadentlik akymy hem ep-esli ösdi. Ýewropa döwletlerinde halklaryň ruhyýetinde peseliş alamatlaryny, umytsyzlygy galama alan ýazyjylaryň eserleri peýda boldy we terbiýäni gowulandyrmak taglymlaryny öňe sürdi. Olaryň wekilleri *P. Werlen, A. Relebo, S. Mallorme* we başgalardy.

***Demokratik edebiýat*** – hökümdar gatlaklaryň bähbidine däl, halk bähbitleri we gelejegine hyzmat edýän, adamlary gelejege ynam ruhunda terbiýeleýän, reallygy dogry şöhlelendirýän edebiýat.

***Messşan*** – Russiýada rewolýusiýa çenli şäher ilatynyň dürli taýpalary – ownuk söwdagärler, hünärmentler we şular ýalylar.

***Dekadentlik*** (latynça – krizis) – Ýewropa medeniýetindäki krizis ýagdaýyny umumy terzde beýan edýän düşünje. Krizise duçar bolmak, umytsyzlyk keýpi, durmuşdan irmegi özünde şöhlelendirýän akym.

1. Tankydy realizm edebiýaty nädip emele geldi?
2. Demokratik edebiýatyň özboluşly aýratynlyklaryny aýdyp beriň .
3. Edebiýatdaky naturalizm we dekadentlik, tankydy realizm akymlaryny deňeşdiriň.
4. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlary dünýä edebiýatynyň iri wekilleriniň döredijiligi barada nämeleri bildiňiz?

1. Ýokarda atlary agzalan ýazyjylaryň haýsy eserlerini okadyňyz? Şu barada düzme ýazyň.

*Goşmaça*

(Kartalar kiçeldilen surat halatynda berlen.)




**XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Latyn Amerikasy döwletleri**




**Rus–ýapon urşy**


XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA
HYTAÝ WE ÝAPONIÝA
Imperialistik döwletleriň Hytaýdaky
agressiýasynyň ugurlary
Angliýa
Fransiýa
Ýaponiýa
Germaniýa
Russiýa
ABŞ
1914-ýyldaky täsir ediş araçakleri
Angliýa
Fransiýa
Ýaponiýa
Germaniýa
Russiýa
Ninbo Daşary ýurt söwdasy üçin şäherler
1914-nji ýylda daşary ýurt kapitalyna degişli bolan möhüm kärhanalar we demirýollar
Milli kapitala degişli bolan möhüm kärhanalar
„Lhetuan" halk gozgalaňy (1899–1901) bolup geçen raýon
Ýaponiýadaky XIX asyryň ahyry XX asyryň başlaryndaky iň möhüm senagat merkezleri
Ýapon-Hytaý (1894–1895) we Rus-Ýapon (1904–1905) uruşlaryň aýgytlaýjy söweşleri bolup geçen ýerleri we seneleri
Ýaponiýa garşy gozgalar we Taýwan adasynda respublikanyň yglan edilmegi. Maý 1895-nji ýyl
Koreýada ýapon basybalyjylaryna garşy azatlyk göresi (1905–1906) we 1910–1911-nji ýyllar
XIX asyryň ahyrynda Ýaponiýadaky işçiler hereketiniň merkezleri
Hytaýda we Ýaponiýada 1905–1907 nji ýyllaryň rus ynkulaby täsirinde çykyşlar bolan raýonlar
RUS IMPERIÝASY
MONGOLIÝA
HYTAÝ
HINDISTAN
Nepal
Siam
HINDIHYTAÝ
FILIPPIN
ÝAPONIÝA
Sahalin a.
ÝAPON DEŇZI
SARY DEŇIZ
GÜNORTA HYTAÝ DEŇZI
ÝUWAŞ OKEAN
Amur
Sungari
Hanka k.
Harbin
Haýlar
Çugurçak
Gulja
Urumçi
Turfan
Hami
Lobnor k.
Dunhan
Kaşgar
Tarim
Hind
Ganga
Brahmaputra
Lhasa
Mekong
Huanhe
Lançžou
Sian
Szýaoiszo
Szinan
PEKIN
Şenýan (Mukden)
Fuşun
Lýuýsun
Çemulpo
Pusan
Sindao (Germ.)
Nankin
Şanhaý
Ninbo
Hančžou
Uçan
Içan
Ýanszy
Çunsin
Pinsýan
Fuçžou
Taýçžun
Taýwan a.
Kunmin
Minszi
Guančžou
Silszýan
Sýangan (Gonkong) (Brit.)
Haýnan a.
Horanaý
Aomori
Asio
TOKIO
Iokogama
Ikuno
Osaka
Bessiýama
Kagosima
1894
1904
1905
40°
100°
120°
140°

## MAZMUNY

Giriş ........................................................................................................ 3

*I bölüm*

**DÜNÝÄ XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA**

*I bap.* **DÜNÝÄNIŇ SOSIAL-YKDYSADY WE SYÝASY KEŞBI**

1- §. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda kapitalizm ösüşinde bolup geçen düýpli özgerişler ........................................ 4
2- §. Industrial siwilizasiýa ........................................ 11

*II bölüm*

**ÝEWROPA WE AMERIKA DÖWLETLERI**

*II bap.* **GÜNBATAR ÝEWROPA DÖWLETLERI XIX ASYRYŇ AHYRNDA WE XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA**

3- §. Fransiýa – Prussiýa urşy we onuň jemleri ........................................ 16
4- §. Fransiýada Üçünji Respublika we 1871-nji ýylyň 18-nji mart döwlet agdarylyşygy ............ 18
5- §. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Fransiýadaky ykdysady we syýasy durmuş ...... 21
6- §. Fransiýanyň içki syýasaty ........................................ 23
7- §. Fransiýanyň daşary syýasaty ........................................ 27
8- §. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Germaniýa. Imperiýanyň döremegi ........................................ 30
9- §. Imperiýanyň içki syýasaty ........................................ 33
10- §. Imperiýanyň daşary syýasaty ........................................ 35
11- §. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Beýik Britaniýanyň syýasy we ykdysady ýagdaýy ........................................ 39
12- §. Beýik Britaniýanyň içki syýasaty ........................................ 42
13- §. Beýik Britaniýanyň daşary syýasaty ........................................ 45

*III bap.* **XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA AMERIKA DÖWLETLERI**

14- §. Amerikanyň Birleşen Ştatlary ........................................ 49
15- §. ABŞ-nyň içki syýasaty ........................................ 52
16- §. ABŞ-nyň daşary syýasaty ........................................ 55
17- §. XIX asyryň ahyrynda we XX asyryň başlarynda Latyn Amerikasy döwletleri .................... 59
18- §. Latyn Amerikasynyň başga döwletleri........................................ 63

*IV bap.* **XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA RUS IMPERIÝASY, MERKEZI WE GÜNORTA-GÜNDOGAR ÝEWROPA DÖWLETLERI**

19- §. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Rus imperiýasynyň sosial-syýasy we ykdysady ýagdaýy ........................................ 66
20- §. Rus imperiýasynyň daşary syýasaty ........................................ 69

21-§. Russiýada Döwlet dumasynyň döredilmegi ........................................................................ 73
22-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Awstro-Wengriýa imperiýasy ........................... 76
23-§. Awstro-Wengriýa imperiýasynyň daşary syýasaty .................................................... 80
24-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Italiýa .................................................... 83
25-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Balkan döwletleri ....................................... 86

## *III bölüm*

## AZIÝA WE AFRIKA DÖWLETLERI

### *V bap.* **XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA AZIÝA DÖWLETLERI**

26-§. XIX asyryň ahyry we XX asyryň başlarynda Ýaponiýa ................................................... 90
27-§. XIX asyryň ahyrynda Hytaý ............................................................................... 94
28-§. XX asyryň başlarynda Hytaýyň sosial-ykdysady we syýasy ýagdaýy ............................... 97
29-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Hindistan ................................................... 101
30-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Eýran ....................................................... 105
31-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Owganystan ................................................ 108
32-§. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda Osmanly döwleti.......................................... 112

### *VI bap.* **XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA AFRIKA ÝURTLARY**

33-§. Demirgazyk Afrika ýurtlary .............................................................................116
34-§. Tropik we Günorta Afrika ýurtlary ......................................................................120

### *VII bap.* **1914 – 1918-nji ýyllardaky Birinji jahan urşy**

35-§. Birinji jahan urşunyň başlanyşy we gidişi ..............................................................125
36-§. 1916–1917-nji ýyllardaky uruş hereketleri ............................................................. 130
37-§. Birinji jahan urşunyň jemleri we netijeleri ..................................................... ...........132

## *IV bölüm*

## YLYM WE MEDENIÝET

### *VIII bap.* **XIX ASYRYŇ AHYRY – XX ASYRYŇ BAŞLARYNDA YLMYŇ WE MEDENIÝEDEŇ ÖSÜŞI**

38-§. Maddy önümçilikde tehnikanyň we ylmyň ösüşi ......................................................... 137
39-§. Anyk we tebigy ylymlaryň ösüşi ........................................................................ 141
40-§. Halk tälimi. Gumanitar ylymlar. Sungat ................................................................ 146
41-§. Edebiýat ................................................................................................ 156
Goşmaçalar ............................................................................................... 154

63.3(0)ya72
J 26

**Lafasow M. we başgalar.**
**Dünýä taryhy. 9:** Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 9-njy synpy üçin derslik / M. Lafasow we başg. Gaýtadan işlenen we doldurylan 4-nji neşir. – Daşkent: „O‘qituvchi“ NÇDÖ, 2019. – 160 s.

ISBN 978-9943-22-400-1

UO‘K: 94(100)(075.3)
KBK 63.3(0)ya72

**MOYLI FOZILOVICH LAFASOV**
**USMON TOSHPO‘LATOVICH JO‘RAYEV**
**ESHQOBIL XOLIQOVICH XOLIQOV**
**DILOROM QODIROVA**

# JAHON TARIXI

**Ta'lim turkman tilida olib boriladigan maktablarning 9-sinfi uchun darslik**

Qayta ishlangan va to‘ldirilgan 4-nashri

*„O‘qituvchi“ nashriyot-matbaa ijodiy uyi*
*Toshkent – 2019*

Terjime eden *K. Hallyýew*
Redaktor *J. Metýakubow*
Çeper redaktor *O. Sawa*
Tehniki redaktor *N. Niýazmuhamedowa*
Korrektor *J. Metýakubow*
Kompýuterde sahaplaýjy *Ş. Ahrarowa*

Neşirýat lisenziýasy AI № 012. 20.07.2018. Original-maketden çap etmäge 2019-njy ýylyň 04-nji iýulynda rugsat edildi. Möçberi 70×90 $^{1}/_{16}$. Kegli 11, 12 şponly. „Tayms“ garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Ofset kagyzy. Şertli çap listi 11,70. Hasap-neşirýat listi 9,7. 1030 nusgada çap edildi. Buýurma №

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Administrasiýasynyň ýanyndaky Habar we köpçülikleýin kommunikasiýalar agentliginiň „O‘qituvchi“ neşirýat-çaphana döredijilik öýi. Daşkent – 206, Ýunusabat tümeni, Ýangişäher köçesi, 1. Şertnama № 31-19

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | | | | | | |
| **2** | | | | | | |
| **3** | | | | | | |
| **4** | | | | | | |
| **5** | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |